TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ÝANYNDAKY
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI AZIÝA WE GÜNDOGAR
HALKLARYNYŇ MEDENI MIRASY DÖWLET INSTITUTY

# SADRANÇ KITABY

**(Adlynyň, Sulynyň we beýlekileriň
ýazgylaryndan düzülen küşt kitaby)**

# كتاب الشطرنج

**Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Şaman Baýrammyradow**

**AŞGABAT «MIRAS» 2006**

**UOK 894.361**
**S29**

**S29** **Sadranç kitaby.** A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 – 304 s.

**REDAKTOR**

**H. Ataýew,** *fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap küştüň taryhyna hem nazaryúetine degişli arap dilinde ýazylan eserleriň iň gadymysydyr. Kitap meşhur türkmen küştçüleri Adlynyň (IX asyr) we Abu Bekr Muhammet ibn Ýahýa Sulynyň (X asyr) eserlerinden göçürilip düzülipdir. XII asyrda ýazylan bu eserde küştüň döreýşi baradaky rowaýatlar, küşt mallarynyň oýunda tutýan orny, küştüň iň bir maksadalaýyk başlangyçlary, küşt meseleleriniň çözgütleri we başga-da küşte degişli gyzykly maglumatlar berilýär.*

**TMMMM №65**

**TDKP №000** **2006** **KBK 84.35(5)**

© Türkmenistanyň Milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 ý.
Sadranç kitaby, 2006 ý.
Baýrammyradow Ş., çapa taýýarlama, sözsoňy, 2006 ý.
Ataýew H., sözsoňy, 2006 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY – GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri – ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras – bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*»**. Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## MÄHIRLI WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN

Biz bu kitapda Adlynyň we Sulynyň düzen meşhur küşt düzümlerini getirdik we bu meşhur küştçüleriň küştüň döreýşi we oýnalyşy barada aýdan pähimlerini beýan etdik. Munda Sulynyň küşt baradaky aýdan sözleri Adlynyň aýdanlaryna jogap hökmünde berilýär hem-de ol Adlynyň düzümlerini has kämilleşdirýär. Mundan başga-da bu kitapda Sulynyň kitabyndaky küşt düzümlerinden hem birnäçesini goşduk. Şeýle-de «Ruhsa fiş-Şatranj», ýagny «Küşt oýnuna giriş» diýen kitabyndan küşt barada beren maglumatlaryny getirdik. Alla hemmelere rowaçlyk bersin.

## KÜŞT OÝNUNYŇ DÖREÝŞINIŇ SEBÄPLERI

### *Birinji sebäp*

Adlynyň ýazmagyna görä, bir adalatly hem dindar patyşanyň döwründe diniň gerek däldigi barada güýçli deliller tapan adamlar ýüze çykypdyr. Patyşanyň raýatlarynyň dini berk tutýanlaryndan başgalary ol adamlaryň ýaňky pikirine goşulmaga meýil bildiripdirler. Adamlar bu ýagdaýy aýdyňlaşdyrmak üçin bir dana hem ylmyň kämilligine ýeten akyldara ýüz tutupdyrlar. Patyşada bu ýagdaýlar sebäpli dinini hem-de hökmürowanlygyny saklamak barada gorky peýda bolupdyr. Sebäbi din bolmasa höküm, höküm bolmasa hem din boljak däldi. Patyşa diniň garşysyna dörän delili tersine subut edip biljek bir adamyň küşt atly oýny oýlap tapandygyny habar berýärler. Küşti oýlap tapan adam patyşa oýnuň kada-kanunlaryny düşündirýär.

«Küşt» sözi pars dilinden arap diline geçendir. Parsça küşte «heştreňk» diýilýär. «Heşt» – sekiz, «reňk» – reňk, ýagny «sekiz reňk» diýmekdir. Küşt tagtasy 64 öýden ybarat bolup, her tarapynda sekiz öý bardyr we her sekiziň öz reňki bar. 64-di ikä bölseň her tarapda 32 öý bolýar, her tarapda mallaryň sany we görnüşi deňdir, biri-birine gabat gelýändir.

Küşti synlap otyrka, patyşanyň göz öňüne söweş sahnasy, wakalary we tilsimleri gelipdir. Patyşa şeýle oýa batypdyr: «Bu dünýäde söweş alyp barmakdan beýik zat ýokdur. Çünki söweşde goýberlen ýalňyşlyk bagyşlanylmaýar, küştde goýberlen

ýalňyşlyk hem bagyşlanylmaýar. Sebäbi söweş hem, küşt hem akylyň, islegiň hem ygtyýaryň bilen ýöredilýär. Netijede, dogry hereket eden utýar, ýalňyşan bolsa utulýar. Küşt ynsanyň jogapkärdiginiň, bu dünýäniň, ahyretiň synagydygynyň mysalydyr».

Küştüň bu dünýä we ol dünýä synag mysaldygyna göz ýetiren patyşa örän begendi. Patyşa adamlary köşge jemlemegi buýurdy. Adamlar üýşensoňlar, patyşa aýtdy:

– Hakykatdan hem, Alla öz bendelerine rehimlidir. Ol dinine uýýanlary we halkyň baştutanlaryny gözden salmaýar. Şol sebäpli hem Ol ynsanlary haýwanlar dek düzgünsiz ýaratmandyr. Alla bu hakykaty hökümdarlygyň üsti bilen aýan etdi.

Adamlar küştüň mazmunyna düşünenden soň, küşti oýlap tapan akyldar ýerinden turup, şeýle diýdi:

Eger kimdir biri: «Ýaradan adamlary hiç bir zada borçly etmedi» ýa-da «Ol bendeleriniň işine mätäç däl. Bu dünýä ýardam bererden kiçi, işini ýörerden ejiz. Şonuň üçin dünýäni ýöredýän asmanyň ýyldyzlar topary we saýýaralarydyr» diýse, munuň özi «Parasatly Ýaradan biderek, manysyz zatlary ýaradýar» diýmekdir. Şeýlelikde, bu älem jisimdir. Onuň içinde ýaradylan jisimler bar. Ol jisimler hereketdedir. Olar ösüş ýoly boýunça hereket edýärler. Jisimler öz-özlerinden hereketlerini ne güýçlendirip, ne-de gowşadyp bilýärler. Bu älemde Ýaradany we Onuň ýaradan zatlaryny adamlardan başga ýekeje jandar hem aňlap, düşünip bilmez. Bu sebäpden adamlar Ýaradanyň iň beýik ýaradan zadydyr. Şeýlelikde, bu älem içinde ýaradylan zatlar, şonuň bilen birlikde haýwanlar hem adam üçin ýaradyldy. Bir rowaýatda aýdylşyna görä, bir perişde bilen bir şeýtan duşuşar eken. Olar öz aralarynda uzak söhbetler edip, hersi gören zatlaryndan habar berer eken. Bir gezek duşanlarynda, perişde adam barada habar berýär we şeýtana adamy görkezýär. Şeýtan adamy görüp geň galýar. Şeýtan adamyň

ýagdaýyny anyklamak üçin ýere düşýär we adamy synlap gelensoň, perişdä şeýle habar berýär: «Adam diýen zat beýleki zatlary üç bölege bölüpdir: ol zatlaryň bir bölegini iýýär, beýleki böleginden peýdalanýar, üçünji bölegini bolsa iýip hem, peýdalanyp hem bilmän öldürýär. Ol guşlardan, balyklardan we mallardan islänini iýýär, sygyr, düýe we başga mallardan peýdalanýar we münýär. Emma ol wagşy haýwanlary hem mör-möjekleri öldürýär. Tebigatyň dört düzümi[1] hem oňa tabyn. Ol ýeri gazyp suw goýberýär, ekinler ekýär, suwy islän tarapyna ugrukdyrýar, howadan dem alyp, lezzet alýar. Ody isleýşi ýaly ulanýar. Bu älem şu bar zatlara gap bolup dur». Bu rowaýata görä, Alla älemi içindäki ähli zady bilen bile adam üçin ýaradypdyr. Adam şu zatlary ýaradan Alla tagat etmäge borçludyr. Ähli ýaradylan zatlara eýe edendigi, akyl we düşünje berendigi üçin, Alla adamy özüne şükür we ybadat etmäge borçly edipdir. Alla adama kämil göwräni bagyş edipdir. Ol göwresinde iň nepis agzanyň kalpdygyna, kellesinde hem ýüzdügine göz ýetiripdir we Ýaradana sežde kylyp, şükür we ybadat edipdir. Emma parasatly Ýaradanyň razy bolmajak ýoly bilen ybadat etmek bolmaz. Bu sebäpden Alla adamlaryň hemmesine Özüne ybadat etmegi parz diýip kellesine guýýar, bolýan hem bolmaýan zatlary düşündirýär. Alla buýruk beren zatlarynyň içinde adama nebsi bilen bagly zatlary terk etmekligi buýurdy. Olar: zulum, sütem ýa-da men-menlik, garyndaşlaryň, dost-ýarlaryň bilen gatnaşmazlygy we şuňa meňzeş zatlar. Munuň üstesine Ol adamyň nebsiniň islemeýän zatlaryny hem buýrupdyr. Olar: namaz, agyz beklemek, gaharyňy saklamak we ş.m. Bu soňky agzanlarymyzy Allanyň parz edendiginiň sebäbi ol zatlar adamy synag etmek üçindir. Eger adam

[1] Dört düzüm — dört başlangyç bolan suw, toprak, ot, howa.

bulara boýun bolsa sogabyny, garşy çyksa jezasyny berýär. Şeýlelikde, adam synagdadyr, jogapkärdir we borçludyr.

Küşt oýlap tapan adam sözüni tamamlady. Patyşa ol adamy örän hormatlady, islän haýyşyny ýerine ýetirdi we beýik mertebä galdyrdy.

### *Ikinji sebäp*

Alymlar şeýle aýdypdyrlar:

Bir patyşanyň bir aýaly bar eken. Onuň adamsy garrapdyr, ýöne bularyň perzendi ýok eken. Adamsy ölüm ýassygynda ýatyrka, aýaly hamyla bolupdyr. Şonda patyşa täji aýalynyň garnyna goýmagy buýrup, şeýle wesúet edipdir: «Eger ogul bolsa tagta eýe çyksyn». Ol aýal hem örän akylly hem pähimli eken. Wagty gelende ol ogul dogrupdyr. Ejesi şazada gowy terbiýe berip ýetişdiripdir. Başga ýurtlaryň patyşalary aýala we onuň patyşalygyna göz gyzdyrmaga başlapdyrlar. Aýal gorka düşüp, öz ogluna: «Seniň öz diniňi, mülküňi we halkyňy goramaly wagtyň gelip ýetdi» diýipdir.

Şazada goşun jemläpdir. Gowy harby taýýarlyk görüp, daştöwerekdäki ülkelere ýöriş edipdir. Ol bu söweşlerde üstün çykyp, sag-aman gaýdyp gelipdir. Beýleki patyşalar şazadadan gorkar ekenler. Çünki, şazada her ýylda iki gezek – güýzde hem ýazda ýöriş edýän eken, her gezek hem ýeňiş gazanyp, sag-aman gaýdyp gelýär eken.

Günleriň birinde şazada duşmanyny äsgermändir. Duşman onuň biperwaýlygyny aňyp, üstüne ýöriş edipdir. Şazada bu gezekki söweşde wepat bolupdyr. Onuň ejesi hasrata batyp, köp gözýaş döküpdir. Aýal uzak wagtyň dowamynda gam-gussa içre galypdyr. Beýle ýagdaý ony halys tapdan düşürip, heläk ederli görnüpdir. Ol hiç bir zatdan teselli tapmandyr. Adamlar oňa teselli boljak zat gözläpdirler. Aýal hem öz gezeginde

teselli berip biljek zady oýlap tapan adama şalygy bagyş etjekdigini aýdypdyr. Ahyry bir akyldar küşt oýlap tapyp, onuň ýanyna gelipdir we: «Men saňa ogluň arzuw eden söweş meýdanyny görkezeýin» diýipdir. Şonda aýal ol oýunda söweş şekilini görüp, oýna düşünmäge hem öwrenmäge çalşypdyr. Soň ol oýnuň çyn aşygy bolup, häli-şindi oýnar eken. Aýal oýnuň şekillerini içgin synlar eken. Şeýdip, ogly üçin gama-hasrata batan aýalyň köňli teselli tapypdyr we küşti oýlap tapana şalygyny bermegi buýrupdyr.

### *Üçünji sebäp*

Aýdylşyna görä, bir gaýratly patyşa bar eken. Ol başga patyşalardan paç almasa, kanagatlanmaz eken. Bu patyşa urşy örän gowy görüp, köp uruş eder eken. Soňra ol patyşa hemişe uruş etmäge endik edipdir. Gitdigiçe onuň goşuny hem hökümi güýjäpdir. Netijede, uruş-söweş ylmynda uly tejribe gazanypdyr. Patyşa urşuň hemme tilsimlerine düşünipdir. Günlerde bir gün patyşa şeýle diýipdir: «Meniň bir islegim bar. Men söweşe gatnaşýan goşunlaryň ýerleşişini, biri-birine hüjüm edişini, çaknyşanyny we yza çekilşini, tä biri-biriniň üstünden ýeňiş gazanýança bolup geçýän ýagdaýlar şekillendirlen bir oýny oýlap tapmagyňyzy isleýärin».

Hiç kim olar ýaly zady oýlap tapyp bilmändir. Patyşa bu ýagdaýdan närazy bolup, akyldarlarynyň baş akyldaryna kä gyjyt berip, kä igenipdir, kä höweslendirip, käte-de gorkuzypdyr. Onda ol akyldar möhlet diläpdir. Patyşa akyldaryň hemme isleglериniň ýerine ýetirilmegini buýrupdyr. Özüniň rehimliligini görkezip, hemme dilän zatlaryny şol wagtyň özünde ýerine ýetirdipdir. Ol adam ýeke özi çola ýere çykyp, buýrugy berjaý etmäge meşgullanyp başlapdyr. Soňra möhletinden öň patyşanyň dergähine gelip, küştüň düzümini düzüpdir. Patyşa ol oý-

ny synlanyndan we düşüneninden soň, haýran galyp: «Meniň hemme bilýän zatlarymdan iň ajaýyby şu zatdyr. Islän zadyňy dile, islegiňi ýerine ýetireýin» diýipdir. Küşti oýlap tapan adamynyň ady Sassa ibn Dahyr Hindi eken. Ol: «Meniň bir haýyşym bar. Şony berjaý etseň ýeterlik, başga zat islemeýärin» diýipdir. Patyşa «Bütin mal-mülküm sarp edilse-de dile» diýipdir. Sassa: «Küştüň birinji öýüne bir dirhem goý, ikinji öýünde ony iki esse köpelt, şeýdip tä öýleriň soňuna çenli hasabyňy dowam ediber» diýipdir. Patyşa: «Eý, Sassa! Küşt oýlap tapanyňda seni akylly hem kämil adam hasap edipdim. Senden özüňe gelişjek hem peýdaly boljak bir haýyşa garaşypdym» diýipdir. Sassa: «Eger şu haýyşym ýerine ýetmese, onda men başga zat islemeýärin» diýipdir. Onda patyşa: «Sassanyň haýyşyny ýerine ýetiriň» diýip buýrupdyr.

Birnäçe wagtdan soň baş wezir gelip: «Patyşam, seniň bar mülküň hem baýlygyň onuň soraýan zadyna ýetenok. Sanap görsek, çykan san biziň eşiden hasabymyzyň çeni-çaky däl eken» diýipdir. Ol san şeýledir: 818. 000. 000. 000. 000. 000. 446. 000. 000. 000. 000. 000. 744. 000. 000. 000. 000. 700. 000. 000. 9. 000. 000. 551. 000. 616.

Ýunan pelsepeçileri: «Küşt tebipçilige dahylly zatdyr» diýipdirler. Aýdylşyna görä, ýunan şalarynyň biri içgeçme keseline sezewar bolupdyr. Şa tebiplere derdini bejermegi buýrupdyr. Bukrat[1] syrkawa seredip, ondaky içgeçmäniň wagtal-wagtal gaýtalanýandygyna göz ýetiripdir. Bukrat küştçüleri çagyryp, şanyň öňünde küşt oýnamaklaryny tabşyrypdyr. Şa olaryň oýnuna dykgatly garap, bu oýnuň we oýunçylaryň sözleriniň ajaýypdygyny bilipdir. Soňra şa küşt oýnuny içgin synlamagy höwes edip, küştçüleriň ýanyna baryp oturypdyr. Bukrat oýunçylara küşti gyzyşdyrmagy haýyş edipdir. Şa hem

[1] Bukrat — Gippokrat.

küşte gyzygyp gidipdir we içagyrysyny unudypdyr. Küştüň tebipçilige dahyllydygy, ine, şu ýerden gelip çykýar.

Ýunan pelsepeçileriniň rowaýatlaryna görä, Jalinyus[1] lukman: «Küşt ýaly ajaýyp güýmenje ýok, ol boş wagtyňy dolduryan zatlaryň iň gyzyklysydyr» diýipdir.

Bir gezek Jalinyus akyldar adamlaryň küşt oýnap oturanyny görüpdir. Olaryň içinde onuň gowy tanaýan adamy hem bar eken. Jalinyus ony köp wagtlap görmän eken. Jalinyus dostundan halyny sorapdyr. Şol wagt ol adam şeýle jogap beripdir: «Men küşt oýnap, on müň dinar utdum. Ol pullara bir ajaýyp ýerden owadan mülk aldym. Men şol mülkümde rahatlykda ýaşaýaryn». Onda Jalinyus: «Küşt ne gözel oýun we ne gözel gazanç eken» diýipdir.

Şeýdip, küşt käbir ylymlaryň bölümlerine we şahamçalaryna giripdir. Küşti käbir adamlar tebipçilikde hem peýdalanypdyrlar. Şeýlelikde, küşt tebipçilige serişde hökmünde kabul edilipdir. «Eminnama» atly kitapda ýazylşyna görä, öňki döwürde patyşalar küşti we nardy halaýan hem gowy görýän adamlary bilen oýnar ekenler.

Suly özüniň küşt hakyndaky kitabyny Alla we Onuň pygamberine taryp we hamdy-sena aýtmakdan soň şeýle sözler bilen başlaýar: «Bu kitapda iň saýlama küşt döwlerini beýan etdim. Olar ökde küştçüleriň arasynda bolup geçen, owadan gutarýan küşt döwleridir. Ol döwleri kämillik derejesi ýeterlik däl küştçüler üçin saýladym. Sebäbi kämillik derejesi ýeterlik däl küştçüler ol döwlerden peýdalanyp, öz küşt derejesini ýokarlandyryp bilerler.

Ol saýlama döwlerde oýunçylar öz ökdeligi bilen biri-birlerini utýarlar. Şol döwler bilen tanyş bolmadyk derejesi pes küştçüleriň ýokary derejede oýnamagy asla mümkin däl. Ökde

[1] Jalinyus — Galen.

küştçüleriň sada döwleri bilmezliginiň hem zyýany köpdür. Şeýle-de orta derejeli küştçüler hem sada döwleri bilmäge mätäçdirler. Sebäbi käwagt ýokary derejä girýän küştçüler orta derejelileri ýigrimi gezek utsa, özleri üç-dört gezek utulýarlar. Hiç bir döwürde, hiç bir zamanda ýokary derejeli küştçüleriň üçüsi bolmandyr. Olar bir ýa iki bolupdyr. Iki bolanda hem olar hemişe bir-biri bilen bäsleşipdirler. Razy öz döwrüniň iň güýçli küştçüsi bolup, öz derejesindäki küştçä hergiz gabat gelmändir. Adly özünden öň özüne mynasyp küştçi görmändir. Bu ikisi ýokary derejeli küştçüleriň hataryna girýärler. Ýokary derejedäki küştçüler uzak wagtyň dowamynda köp döwleri synlap, köp döwlerde üstün çykyp, orta derejelilerden tapawutlanypdyrlar. Bu kitapda küşt oýunlarynyň başlangyçlary hem saýlama döwler berilýär. Olar oýnuň başynda mallaryň iň gowy göçümlerini görkezýär. Olary öwrenmek zerur».

Adly öz kitabynda küştdäki käbir başlangyç göçümleri düşündirýär. Ol: «Käbir oýunçylar şu başlangyç göçümler bilen oýna başlapdyrlar» diýýär. Şeýle hem, ol oýunçylaryň atlaryny agzap geçýär. Ol başlangyç göçümleriň birnäçesi maňa tanyş däl, ýöne: «Biziň bilmeýän zatlarymyzy könelerden bilýänler bar eken» diýsek, nädogry bolar. Öňküleriň oýunlaryny soňkular bilýär. Köplenç soňkular könelerden ýadygär galan, görmedik zatlaryna höwesjeň bolýarlar. Çünki geçmişiň paýhasy güýçli. Bu jähetden Abulaswat Duwaly[1]: «Eger beýgeljek bolsaň ölüp git» diýipdir. Ol başlangyç göçümleriň arasynda gowulary hem bar. Biz, eger Alla islese, olary öz ýerinde görkezeris we öz ýerinde beýan ederis.

Adly küştüň döreýşiniň sebäpleri barada birnäçe maglumatlary hem rowaýatlary ýazypdyr. Olaryň hakykatdygy belli däl

[1] Abulaswat Zalym ibn Amr ibn Sufýan Duwaly — tabygynlardan, arap diliniň grammatikasyny birinji düzen adam hökmünde meşhur bolan, 688-nji ýylda wepat bolupdyr.

we subutnamalary ýok. Ol: «Küşti oýlap tapanyň ady Sassa ibn Dahyr Hindidir» diýýär. Ýöne bu maglumatlar esasan toslanan zatlardyr. Olar rowaýatlarda ýatlanylýar. Küştüň döreýşi baradaky habarlaryň iň dogrusy şeýledir. Birnäçe adamlar Reýýaşydan, ol hem Abu Omardan, ol atasyndan, ol Abu Asym Dahhak ibn Muhallat Şeýbanydan[1], ol Mygtamyr ibn Süleýman Teýmiden[2], Teými atasyndan şeýle rowaýat edýärler: «Küşt düýpli bir sebäp bilen döräpdir». Bu habar kabul edilmäge mynasypdyr. Süleýman Teými[3] «Halala» diýen kitabynda şeýle sözleri getirýär: «Maňa Aly ibn Ahmet, oňa Yshak ibn Ybraýym ibn Muhallat Medaýyny, oňa Ybraýym ibn Hamat ibn Zyýat, oňa hem Kagp şeýle diýipdir: «Birinji bolup küşt oýnan Ýuşakus we Kälib ibn Ýuhannadyr. Küşti birinji oýlap tapan Karundyr[4], parslar bu oýny Ýuşakusdan öwrenipdirler».

Allatagalanyň Gurhany Kerimiň aýatlarynda: «Alladan gorkan we Onuň ynam-merhemetine miýesser bolan iki kişi…»[5] diýip beýan edýän iki kişisiniň biri Ýuşakusdyr, beýlekisi ibn Nun.

Bize Muhammet ibn Kasymdan, oňa Asmagydan, oňa agasyndan, oňa Abu Raja Kelbiden, oňa Ýahýa ibn Sagytdan, oňa Sagyt ibn Müseýepden[6] şeýle habar geldi: Omar ibn Hattapdan[7] (goý, Alla ondan razy bolsun!) küştüň halal ýa haramdygy barada soralypdyr. Omar: «Küşt näme?» diýip sorapdyr. Oma-

---

[1] Abu Asym Dahhak ibn Muhallat Şeýbany — din alymy 827-nji ýylda wepat bolupdyr.

[2] Mygtamyr ibn Süleýman Teými — tabygynlardan 802-nji ýylda wepat bolupdyr.

[3] Süleýman Teými — tabygynlardan 760-njy ýylda wepat bolupdyr.

[4] Karun — rowaýatlara görä gaty baý adam. Gadymy döwürde ýaşap geçen.

[5] Gurhanyň 5-nji («Supra») süresiniň 23-nji aýaty.

[6] Sagyt ibn Müseýep — tabygynlardan, 712-nji ýylda wepat bolupdyr.

[7] Omar ibn Hattap ibn Nufeýl Adawi, Abu Hafs — dört çaryýaryň ikinjisi, 643-nji ýylda öldürilen.

ra ogly ölen aýalyň küştden teselli tapyşy baradaky rowaýaty aýdyp beripdirler we küşti düzüp görkezipdirler. Omar muny görüp: «Küştüň çöpleri harby ýagdaýlary aňladýan bolsa, onda ol erbet zat däl eken» diýipdir. Ol aýalyň rowaýaty şeýle ýagdaýda Omar bilen baglanyşykly ýatlanan eken. Ýogsa onuň ýaly rowaýaty hiç bir ýerde hasaba-da aljak däl ekenler.

Adly «Küşt oýnuna giriş» atly kitabynda asly näbelli we nädogry maglumatlardan doly habarlary, rowaýatlary we hadyslary habar berijilerden we başgalardan alnan hekaýatlary berýär.

Biz pygamberiň sahabalarynyň (goý, Alla olara rehim etsin!) we tabygynlaryň küşt barada aýdan sözlerini getireris. Şeýle hem, küştüň haýsy şert bilen halal bolýandygyny hem-de ol adamlaryň küşte degişli halamadyk zatlaryny aýdarys.

Gepiň gysgasy, küştden daş duran adamlar hem bolupdyr. Olar küşti aýyplap, ony salyhatlylykdan daşlaşdyrýan oýun hasaplapdyrlar. Şeýle hem, olar küştüň, eger ol Allanyň buýruklaryndan ünsi bölmese, iň bir özüne çekiji zatdygyny we lezzet berýän zatlaryň iň beýigidigini tassyklapdyrlar.

Alla söwdany halal edipdir. Eger süýthorluk aralaşsa, söwda haram bolýar. Alla degişmäni rugsatly edipdir. Eger-de degişmä ýalan sözler goşulsa, onda ol haram bolýar. Küşt barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Küşt oýnaýan adam ýatlanan zatlardan daş dursa, onda ony oýnamak dürsdir. Üstesine-de, küşt akylyňy ýiteldýär we gylyk-häsiýetleriňi taplaýar. Sebäbi küşti ýöredýän hem, bir tarapy ýeňşe eltýän hem pikirdir. Küştüň halal bolmagyny üpjün edýän zat, biziň ýatlap geçen zatlarymyzdan (karam, ýalan, süýthorluk, şer ...) daş durmakdyr.

Abu Yshak Ybraýym ibn Faht Sajy bize, oňa Ubeýdylla ibn Magaz, oňa kakasy, oňa Osman ibn Musa şeýle habar berýär:

«Men Hasana[1] bir kitap berdim. Ol kitapda küşt meselesiniň beýany bardy. Bu kitapda Hasanyň şeýle sözleri bar: «Eger namazdan goýmasa, küşt erbet zat däldir». Usama ibn Züheýr aýdypdyr: «Ýüreklere dynç beriň, zikire düşünersiňiz».

Hasan aýdypdyr: «Kalplara dynç beriň. Çünki kalplar basym ýukalýandyr». Aly ibn Abu Talypdan[2] (goý, Alla onuň ruhuny beýgeltsin!) gelen şeýle bir söz bar: «Kalp mejbur edilse, kör bolar».

Ibn Mesgut (goý, Alla oňa rehim etsin!) aýtdy: «Ýürekler hem bedenler ýaly tukat bolýar, onuň üçin akylyňy rahatlandyrýan üýtgeşik zatlary gözläň».

Ibn Apbas (goý, Alla oňa rehim etsin!) Gurhany we sünneti köp okap, ýadan wagty şygyrlary we kyssalary okar eken.

Dawut pygamber şeýle parasatly söz aýdypdyr: «Akylly adam özüni dört sany zatdan boş goýmaly däldir: 1) ahyrete taýýarlyk; 2) dirilikde ýagşylyk etmek; 3) bozuklyga salýan zatlary düzetmek barada pikir etmek; 4) haram däl zatlardan lezzet almak.

Erdeşir ibn Bäbek aýdypdyr: «Gulaklaryň halanmaýan zatlary diňlemezligi üçin ýürekleri hem takatlylyk bilen güýmäň».

Anuşirwan: «Bedenleriň iýmite mätäç boluşlary ýaly, ýürekler hem parasatlylyga mätäçdir» diýipdir.

Akyldarlaryň şeýle sözleri örän kän, ýöne biz olary gysgaltdyk. Ökde ýazyjylar kitap ýazanlarynda okyja täsirli bolar ýaly we okyjy erjel ýapyşyp okary ýaly arasyna degişmeler goşýarlar. Ýürek bedeniň iň möhüm agzasydyr. Onuň ýadawlygy hem iň güýçli ýadawlykdyr. Şeýlelikde, ýürek özüne rahatlyk beriji hem güýmeýji zada mätäçdir. Ol güýmenjeleriň

[1] Hasan ibn Aly ibn Abu Talyp, Abu Muhammet — Aly ibn Aby Talybyň Patmadan bolan ogly. Muhammet pygamberiň agtygy, 669-njy ýylda öldürilen.

[2] Aly ibn Abu Talyp ibn Abdulmuttalyp — dört çaryýaryň dördünjisi, 669-njy ýylda öldürilen.

iň gowusy we lezzetlisi küştdür. Patyşalar öz perzentlerine beýleki ylymlar bilen bile küşti hem öwredýärler. Küşt oýnap bilmeýän çagany öz deň-duşlaryndan yza galak diýip hasaplar ekenler.

Maňa Muhammet ibn Kasymdan, oňa Muhammet ibn Jahmdan, oňa Aly ibn Musadan, oňa Japar ibn Muhammetden (goý, Alla olaryň hemmesinden razy bolsun!) küştüň artyk tarapy barada şeýle sözler gelip ýetipdir: «Küşt biziň adamlarymyzy meý-şerap içmekden saklaýar».

Bize Gyllaby[1], oňa Ýakup ibn Japar ibn Süleýman, oňa öz kakasy, oňa bolsa Süleýman ibn Aly şeýle gürrüň beripdir: «Ümewi neberesiniň hökümdarlyk süren döwründe biziň adamlarymyz diňe küştden teselli tapýardylar».

Bize Abu Aly Hüseýin ibn Fähm şeýle gürrüň berdi: «Abu Müslim küşt oýnamagy döwletiň işi hasap eder eken. Ol bir gezek küşt oýnanda döw Abu Müslim üçin gaty kyn düşüpdir. Ol birbada gorkupdyr, soň döw onuň peýdasyna bolupdyr. Şonda ol şeýle diýipdir: «Alladan kasam içýärin! Men öň munuň ýaly gorkmandym. Ýöne şu oýnuň üsti bilen döwletiň işini ýorsaň, biziň işimiz uly kynçylyklardan soň ahyry gowy gutarjak eken diýen pikire geldim».

Apbas ibn Hüseýin ibn Abdylla ibn Apbas ibn Ala ibn Abu Talyp (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle aýtdy: «Han-begler ýogalanda olaryň mirasynda küşti hem hasaba alar ekenler».

Bize Abu Sagyt Sukry, oňa Abu Abdylla Muhammet Aly ibn Hemze ibn Hasan ibn Ubeýdylla ibn Apbas ibn Aly, oňa kakasy, onuň kakasyna bolsa kakasy şeýle gürrüň beripdir: «Biziň ýanymyza Hasan ibn Zeýt eşekli gelip durdy. Biz bolsa küşt oýnap otyrdyk. Ol aýagyny eşeginiň üstünde oturan ýerinden aşagyna ýygnap, küşti gyzyklanma bilen synlap: «Muny

[1] Muhammet ibn Zekeriýa Gyllaby — din alymy, 902-nji ýylda wepat bolan.

bärik göç, ony aňryk göç» diýip, häli-şindi nesihat berip durdy».

Küşt hakda ýene şeýle rowaýat aýdylýar:

Aly (goý, Alla ondan razy bolsun!) küşt oýnap oturan adamlaryň ýanyndan geçip barýan eken. Aly küştçüleri görüp:

— Bu gyzyşyp, meşgul bolup oturan heýkelleriňiz näme? — diýdi.

Olar:

— Küşt — diýip jogap berdiler. Bu rowaýaty Hasan ibn Arrafa, oňa Bahluk ibn Ubeýda, oňa Abu Yshak, oňa Asym ibn Damra gürrüň berýär. Bu ýerde Alynyň hiç zat aýtman ýöräp gitmegi küştüň dürsdügine delildir. Sebäbi küşt Ümewileriň döwründe heýkel görnüşinde bolupdyr. Pyýadalar pyýada goşun şekilinde, atlar, piller hem öz şekilinde edil arap däl milletleriň oýnaýşy ýaly, şol şekillendirilen görnüşinde oýnalypdyr. Biziň döwrümizde ol küşt şekillerini az adamlar bilýär. Arap däl milletlerde beýle küşt bu wagt oýnalmaýar. Alynyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) döwründe küşt şekillendirilen görnüşde eken. Şonuň üçin Aly küşti halamandyr. Ýöne ol «heýkeller» diýse hem, küşti oýnamagy gadagan etmändir we käýinmändir. Bu ýerden küştüň oýun hökmünde rugsatly we halaldygy aýan bolýar.

Küştüň öňki döwürde şekillendirilen görnüşde bolandygyna delil hökmünde Abu Bekrden[1] şeýle rowaýat getirilýär, ýagny Hemze ibn Abu Hemze Jezeri, Sabyt ibn Ubeýdylla ibn Abu Bekrden şeýle aýdýar: Abu Bekr oglunyň küşt oýnap oturanyny görüp: «Bu siziň gyzyşyp, meşgul bolup oturan heýkelleriňiz näme?» diýipdir. Ýöne şol diýenine başga hiç bir söz goşmandyr.

[1] Abu Bekr Syddyk, Abdylla ibn Osman — dört çaryýaryň birinjisi, 634-nji ýylda wepat bolupdyr.

Aby Bekr hem küştüň heýkellerden düzülendigini halamasa-da, onuň başga zadyny inkär etmändir we närazylyk bildirmändir. Bu sözler biziň aýdanlarymyzy subut edýär.

Maňa Abu Bekr ibn Fazl Mawla Aswat, oňa Omar ibn Şabba, oňa Abdyleziz ibn Abu Selme Amry, oňa dogany, oňa kakasy şeýle aýdypdyr: «Ýanymyzdan Kasym ibn Muhammet geçip barýarka, biz küşt oýnap otyrdyk. Küştüň käbir mallary heýkel görnüşinde şekillendirilendi. Ol bize: «Size heýkel şekillendirmegi gadagan edýärin» diýdi. Ýöne ol küştüň özüni aýyplamandyr we gadagan etmändir. Biziň aýdanlarymyzy subut edýän ýene bir zat, sahabalardan soň gelen birinji nesil tabygynlar küşt oýnapdyrlar. Olar hem Alynyň aýdan sözünden habarly we oňa has golaý bolupdyr. Eger-de Alynyň sözleri biziň düşündirişimiz ýaly bolmasady, onda olar küşt oýnamazdylar.

Indi sahabalardan, tabygynlardan we olardan soňky gelenlerden küşt oýnanlary, küşti görüp, ony gadagan etmedik we küşt barada soralyp, ony inkär etmedik kişileri ýatlap geçeliň.

## Omar ibn Hattap

Muhammet ibn Kasym bize, oňa Asmagy, oňa agasy, oňa Abu Raja Kelbi, oňa Ýahýa Sagyt ibn Müseýep şeýle aýdypdyr: «Omardan (goý, Alla oňa rehim etsin!) küşt barada soralypdyr. Omar: «Küşt näme?» diýip sorapdyr. Omara ogluny ýitiren aýalyň hekaýatyny aýdyp beripdirler. Onda Omar: «Söweşe degişli bolsa, küştüň zyýany ýok» diýipdir».

Bize Yshak ibn Ybraýym Kazzar, oňa Muhammet ibn Musa, oňa Abu Asym, oňa Awn, oňa Muhammet ibn Sezeýin, oňa Helal ibn Hadyp Mawla Süleýman ibn Ýasar şeýle gürrüň beripdir: «Omar ibn Hattap küşt oýnap oturan wagtymyz, ýanymyzdan geçdi. Ol bize salam berdi. Ýöne küşti gadagan

etmedi». Bize Abu Omar we Muhammet ibn Apbas ibn Fazaj, oňa kakasy, oňa Abu Asym Omaryň hekaýatyny aýtdy. Ýöne «Omar ibn Hattap däl-de, Amr ibn Asdy» diýdi.

## Abu Sir

Bize Ybraýym ibn Faht Sajy, oňa Musa ibn Ybraýym Tebuzeki[1], oňa Abdyleziz Majysunyň doganoglany, oňa Müslim Nader şeýle aýdypdyr: «Biz küşt oýnap otyran wagtymyzda, ýanymyzdan Abu Sir geçdi we bize küşt oýnamagy gadagan etmedi».

## Abu Hüreýre[2]

Bize Abu Hasan Nakýad, oňa Abu Bekr Muhammet ibn Bassam Marystany, oňa Fazl ibn Hasan Samy, oňa Abu Abdylla Muhammet Abdyrahman Abdy, oňa Umaýa ibn Hamt, oňa Bakkar ibn Ýahýa, oňa Abu Ruşdeýin ýa-da käbiriniň aýdyşyna görä, Abu Reşit şeýle aýdypdyr: «Men Abu Hüreýräniň bir oglanjygy çagyryp, onuň bilen küşt oýnanyny görüpdim».

## Aly ibn Hüseýin[3]

Bize Muhammet ibn Ýezit Muhallaby we başgalar, olara Abu Eýýup Medeni, oňa Abu Huzafa, oňa Darawardy, oňa Muhammet ibn Abdylla Zahry, oňa agasy (kakasynyň dogany) ibn Şyhap şeýle aýdypdyr: «Aly ibn Hüseýin (goý, Alla oňa

---

[1] Musa ibn Ybraýym Tebuzeki — din alymy, 837-nji ýylda wepat bolupdyr.

[2] Abu Hüreýre — tabygynlardan, 678-nji ýylda wepat bolupdyr.

[3] Aly ibn Hüseýin, Zeýnul Abidin — tabygynlardan, Muhammet pygamberiň neberesinden, hijriniň 712-nji ýylynda wepat bolan.

rehim etsin!) öz golaý-garyndaşlary (maşgalasy) bilen küşt oý-nar eken».

## Muhammet Ibn Sirin[1]

Bize Ybraýym ibn Faht, oňa Muhammet ibn Merwan, oňa Mahbup ibn Hasan, oňa Halyt Hazzad şeýle aýdypdyr: «Men Muhammet ibn Sirin bilen iki sany kureýşliniň küşt oýnap oturanyny gördüm. Şonda Muhammet olaryň birine: «Şuny bäri göç, ony aňry göç» diýerdi».

Bize Fazl ibn Habap, oňa Süleýman ibn Harp, oňa Hammat ibn Zeýt, oňa Hyşam ibn Hassan, oňa Muhammet ibn Sirin şeýle aýdypdyr: «Eger pula oýnalmasa, küşt oýnamakda erbet zady görmeýärin».

Bize Muhammet ibn Ýunus Kudeými, oňa Ruh ibn Ubada, oňa Hyşam ibn Hassan, oňa Muhammet ibn Sirin küştüň erbet zat däldigi barada aýdypdyr. Başga habarlara görä, Muhammet ibn Sirin zyndanda wagty küşt oýnap oturan adamlary görüp, olaryň küşt döwüne gyzyklanma bilen gatnaşypdyr.

## Sagyt ibn Müseýep

Köp habarlara görä, ol küştde erbetlik görmändir. Şeýle hem, başga beýik alymlar Hasan Basry, Urwa, Hyşam ibn Urwa, Şagby, Saýyt ibn Jübeýr, Kasym ibn Muhammet, Muhammet ibn Munkadyr, Abu Weýl Agmaş, Süleýman Beşşar, Najyýa ibn Kagp, Abu Kallaba, Akrama, Abu Mujalaj, Abu Yshak Hemedany, Zuhry, Abu Awn, Rabyg ibn Abu Abdyrahman, Abu Zyýat, Abu Mälik, Ybraýym ibn Sagt, Ybraýym Talha ibn Abdylla ibn Mugym, Ubeýdylla ibn Hasan Anbary Kazy,

[1] Muhammet ibn Sirin — tabygynlardan, 728-nji ýylda wepat bolan.

Süleýman ibn Mugyra, Abdylmälik ibn Merwan, Aly ibn Hemze Kesaýy – hemmesi küşt oýnalýan wagtyna gabat gelenlerinde, küşt oýnamagy gadagan etmändirler. Olar dymyp geçipdirler, ýa-da oýna gatnaşypdyrlar, ýa-da: «Akylyňyzy gaty gidirmäň. Küşt namazdan we Allanyň beýleki buýruklaryndan galdyraýmasyn» diýipdirler, pula küşt oýnamagy gadagan edipdirler.

Razy şeýle diýipdir: «Küşt oýnan wagtynda küştçüniň kellesiniň başga pikir bilen ýa-da gam bilen meşgul bolmazlygy gerek. Oýunçy küşti gaýgysyz halda, işiň az wagty, nahardan gaty dok däl wagty oýnamalydyr. Küştçi mallarynyň göçümlerini göçende öz şasyny we garşydaşynyň şasyny göz öňüne getirmelidir. Ol mal almaga howlukmaly däldir. Mugt bolan ýagdaýda-da, soňunda has köp aljagyna we ýeňşe barjagyna göz ýetirmese, howlukmaçlyga ýol bermeli däldir».

Suly şeýle diýipdir: «Oýunçy nebisjeňlikden daş durmalydyr. Ol mejbury bolmasa ýa-da utjagyna gözi ýetmese, piliň göçümlerinden seresap bolmaly, ruhy göçmeli däldir. Iki pilini goramalydyr. Esasanam, deňme-deň oýunda pili aýamalydyr. Sebäbi pili gidermek iň uly ýalňyşlyklaryň biridir. Oýunçy husytlykdan hem saklanmalydyr. Sebäbi ahyrky netijede, onuň has köp ýitgi çekäýmegi mümkin. Ýöne käwagt maly bermeklik bilen utuş we ýeňiş nesip etmegi mümkin. Iň gowy küşt döwi – her bir zady öz wagtynda göçmekdir. Husytlyk, geçirimlilik, batyrlyk, töwekgelçilik, gorkaklyk, seresaplylyk, alymberim, howlukmaçlyk – bularyň hemmesi öz ýerinde we dogry ulanylan halatynda peýdasy köpdür. Oýnuň hakykatyna aň ýetirmek üçin oýny uzak synlap, ýokarda aýdylan zatlaryň eltýän netijelerini öňünden görmegi gerek. Küşt bilen meşgullanýan adamyň sabyrly bolmagy, uzak synlamagy başarmagy, howlukmazlygy we dürs pikir etmekligi zerurdyr».

Adly kitabynda küşt düzümlerini we döwlerini ýatlap geçýär. Olaryň arasynda düşnüksiz döwler hem bar. Adlynyň beýle döwleri nireden alandygy näbelli. Oýunçylaryň arasynda ýasama döwler hem bar. Mysal üçin, bir döwde on sekiz göçümden soň oýun gutarýar. Emma biz ol oýnuň sekiz göçümden soň gutarýandygyny görüpdik. Emma Adly ol döwüň sekiz göçümden gutarýandygyny görmändir. Adlydan soňky oýunçylar hem, meniň muny aýdan wagtyma çenli, beýle göçümi görmändirler.

Adly bir küşt döwünde dokuz perzini üç perziniň[1] garşysynda goýýar. Beýle ýagdaý hiç haçan boljak hem akyla sygjak zat däl. Ol köp küşt döwleriniň ahyrlaryny berýär. Onuň beren käbir küşt döwlerinde biziň üýtgeden, goşan ýa-da aýran zatlarymyz bar. Çünki käbir adamlar küşte kän üns bermeýärler, küşt bilen az meşgullanýarlar, küşti orta derejede oýnaýarlar ýa-da öň bolup geçen göçümler bilen täze göçümleri tapawutlandyryp bilmeýärler. Bilmeýän adam üçin «Pylany gowy oýnaýar eken» diýen gürrüňi köp gezek eşitmekden, ol adamyň oýnuny bir gezek görmekligi peýdalydyr. Biz şu kitabymyzda Adlynyň kitabyndan düzedip boljak zatlary berýäris. Şeýle hem, Adlynyň nireden alandygy belli bolmadyk nämälim zatlaryny aýryp, diňe onuň özüne degişli zatlary goýduk.

## KÜŞTDE ILKI BELLEMELI ZAT, DEREJELERIŇ TAPAWUDY WE MALLARYŇ GYMMATLYGYDYR. DEREJELERIŇ JEMI SANY BÄŞDIR.

Olaryň birinjisi iň kämil derejedir. Bu derejä az sanly küştçüler degişlidir. Beýle derejeli küştçüler: Şarara, Jabyr, Zabzap,

[1] Birden köp perzi hakynda gürrüň gidende, perzi çykan pyýadalar göz öňünde tutulýar.

Abu Nagam, Adly, Razy we başgalardyr. Olaryň iň güýçlüleri Zabzap bilen Razydyr. Bir wagtda beýik küştçüleriň üçüsi ýüze çykmandyr. Bir wagtda olaryň biri ýa-da ikisi döräpdir.

Soňra ikinji dereje gelýär. Bu kämil dereje diýlip atlandyrylýar. Kämil derejäniň wekilleri iň kämil derejäniň küştçüleri bilen on döw küşt oýnasalar, on oýundan dört oýna çenli utuş gazanýarlar.

Soň üçünji dereje gelýär. Ol ussatlyk derejesidir. Ussatlyk derejesiniň oýunçylary ikinji kämil derejäniň oýunçylarynyň birinji iň kämil derejäniň oýunçylaryny az utuşlary ýaly, ikinji derejäniň oýunçylaryny azda-kände utmagy başarýarlar.

Soň dördünji ökdelik derejesi, soňra hem bäşinji höwesjeňlik derejesi gelýär.

## *Küşt mallarynyň gymmaty*[1]

Küştde şa özüniň gymmaty jähetinden baş mal hökmünde garalýar.

Şadan soň gymmatlylygy beýik bolan mal hökmünde ruh gelýär. Onuň gymmaty bir dirheme barabardyr.

Atyň bahasy dirhemiň üçden iki bölegine deňdir. Perziniň bahasy dirhemiň üçden bir bölegine deňdir. Käbir küştçüler: «Perziniň bahasy altydan bir dirheme barabardyr» diýip hem aýdýarlar.

Piliň bahasy dirhemiň dörtden bir bölegine deňdir. Perzi bilen duşuşýan[1] piliň bahasynda artykmaçlyk bar, ýagny öýjük-

---

[1] Ol döwrüň küştünde ruhuň we atyň göçüşleri häzirki zaman küşt oýnuna meňzeş bolup, şu döwre çenli üýtgemän gelipdir, ýagny häzirki göçülipdir. Pyýadalar bir öý öňe göçýär. Perziler gytaklaýyn bir öý göçýär. Piller gytaklaýyn bir öýüň üstaşyry ikinji öýe göçýär we öňünde duran malyň ýa-da pyýadanyň üstünden böküp geçip bilýär. Pyýadalar garşydaş tarapyň iň soňky setirine baranda diňe perzi çykýar, başga mala öwrülmeýär.

leriniň reňki gabat gelse, ikisi duşup bilýär. Sebäbi gara we gyzyl pil bolýar, şeýle hem gara we gyzyl perzi bardyr.

Şanyň we perziniň pyýadalarynyň, ýagny şanyň we perziniň öýlerinde duran pyýadalaryň her biriniň bahasy dirhemiň dörtden bir bölegine barabardyr. Şanyň pyýadasynyň bahasy hem pilleriň bahasy ýalydyr. Hemme oýunçylaryň pikirine görä, piliň bahasy has ýokarydyr. Ýöne meniň pikirimçe, ikisiniň bahasy biri-birine golaýdyr. Käbir oýunçylaryň pikirine görä, perziniň pyýadasynyň bahasy şanyň pyýadasynyň bahasyndan gowudyr. Ýokarda biz: «Perzi bilen duşuşýan piliň artykmaçlygy bardyr» diýipdik. Perzi bilen duşmaýan piliň bahasy perziniň pyýadasynyň bahasyndan gowudyr.

Piliň we atyň pyýadalary, ýagny şolaryň öýlerinde duran pyýadalaryň her biri dirhemiň altydan bir bölegine deňdir. «Pyýada bäşden bir dirheme deňdir» diýýän oýunçylar hem bar. Oýunçylar piliň pyýadasyny atyňkydan gowy hasaplaýarlar. Oýunçylaryň pikirine görä, piliň pyýadasy atyň pyýadasyndan orta golaýdygy sebäpli gowudyr. Pilleriň ortada duran pyýadalarynyň gymmatyna görä gyrada duran pyýadalaryň bahalary has azdyr. Sebäbi hemme pyýadalar iki tarapdan alyp bilýärler. Olar bolsa bir tarapdan alýarlar. Meniň pikirime görä, şa golaý duran pyýadalar pyýadalaryň gowusydyr.

Men: «Şa golaý duran atyň pyýadasy[2] ortada duran pyýadalardan soň iň gowy pyýadalardyr. Munuň özi her bir ortada duran pyýadanyň perziden gowudygyny aňladýar» diýýärin. Zabzap bilen Abu Nagam şeýle diýipdir: «Biz iki gyraky pyýadany perzi bilen çalyşmakçy bolup synanyşmaýarys. Sebäbi

---

[1] Perziler gytaklaýyn bir öý göçmegi sebäpli duşup ýa-da duşuşman biler. Oýnuň başynda iki perzi duşmaýar, ýöne pyýadalar perzi çyksa arasynda duşýany we duşmaýany bolýar.

[2] Atyň pyýadasy ýa-da piliň pyýadasy — atyň ýa-da piliň öýlerinde duran pyýada.

pyýadalar wagty gelse perzi çykýar». Mallaryň bahalary oýnuň başynda olaryň mallary alşyna görä kesgitlenýär. Çünki artykmaçlyk mallaryň alnyşyna görä döreýär. Ýöne döwüň dowamynda malyň gymmaty tagtada ýerleşişine we garşydaşyň mallaryna garşylyk görkezişine görä artyp hem, kemelip hem biler. Käbir döwlerde pil atdan gowudyr. Sebäbi dört duşuşýan perzi (bir reňkdäki) atyň garşysyna durup, döwi utýar. Ýöne reňki olaryňkydan tapawutly piliň garşysyna oýun deň halda gutarýar. Eger bir döwde duşuşýan, ýagny perziler köpelse, olar bilen duşuşmaýan pil ruhdan artykmaç bolýar. Şeýlelikde, döwe görä mallaryň gymmatlyklary üýtgeýär.

Käbir döwde ruh bilen atda baha bolmaýar. Sebäbi ruh bilen at ruhuň garşysyna deň oýun oýnaýar. Şeýlelikde, at bilen üç perziniň, ruh bilen üç perziniň garşysyna ne atyň, ne ruhuň güýji bardyr. Eger şol perziler tagtanyň öýleriniň birinde duşuşmaýan bolsa, beýle döw deň halda gutarýar. Bu atlary her hili döwlerde küşt düzümleri görnüşinde düşündireris. Eger Hudaý halasa, kitabymyzda deň oýunlary we utuş bilen gutarýan oýunlary beýan ederis. Olar barada oýunçylaryň pikirleriniň deň gelýänleri hem, ters gelýänleri hem bar.

## *Ruhlar*

«Magluba» sözi arap dilinde küşt adalgasy bolup, ol: «Oýun utuşly ýagdaýdadyr» diýmekligi, «kaýyma» sözi bolsa «oýun deňme-deň ýagdaýdadyr» diýmekligi aňladýar.

Iki ruhuň bir ruhuň garşysyna ýeňişli (maglubaly) oýnajakdygy şübhesizdir[1]. Iki at bir atyň garşysyna deňme-deň (kaýyma) oýnaýar. Köp oýunçylaryň pikirine görä, iki at şany ýaty-

[1] Bu ýerde küşt tagtasynyň üstünde galan mallaryň ýagdaýyna görä mallaryň güýjüniň artykdygy ýa-da deňeçerdigi beýan edilýär. Ýöne mallaryň güýjüniň artyk ýagdaýynda hem netijäniň oýunçynyň ukybyna baglydygy aýdylýar.

ryp bilenok, iki ruh bolsa şany ýatyryp bilýär. Onuň üçin birinji deňme-deň, ikinji bolsa ýeňişlidir. Eger iki at bir atyň garşysyna «ýeňildi» diýen ýere gabat gelinse, onda beýle ýagdaý: «Iki at beýleki aty gysyp, onuň öýlerini eýeleýär» diýmekdir.

Iki ruh — ruh bilen atyň garşysyna deňme-deň oýnaýar. Her döw ýeňişli ýa-da deňme-deň diýlip kesgitlenen wagtynda, oýun tagtanyň ortasynda bolmaly, şa bolsa gysylan halda bolmaly däl. Şa gysylan halynda oýun ýeňişli ýa-da deňme-deň gutardy diýlip hasap edilmeýär. Şeýlelikde, köp mal gysylan bolsa, garşydaşyň az malynyň güýji has artykmaç bolýar.

Ruh bilen iki pil — ruhuň garşysyna deňme-deňdir. Ruh, perzi we ol perzi bilen duşmaýan pil ruhuň garşysyna ýeňişli ýagdaýda durandyr. Eger pil perzi bilen duşuşsa haýal ýeňýändir. Birnäçe adamlar maňa Razynyň haýal ýeňişli oýnuny oýnap, ertirden agşama çenli utup bilmändigini aýtdylar. Ahyry Razy gaharlanyp, oýny taşlapdyr. Hakykatdan bolsa, ol ýeňişli oýun, ýöne gaty haýal gidýär.

Ruh, perzi we pil biri-biri bilen duşýan ýa-da duşmaýan halatynda ruh bilen perziniň garşysyna deňme-deň bolýar. Şeýlelikde, ruh bilen piliň garşysyna perzi bilen pil duşsa ýa duşmasa, oýun deňme-deň gutarýar.

Ruh, perzi we pil — ruhuň we garşydaşynyň perzisi bilen duşýan piliň garşysyna oýnasa, gowşak deňme-deňdir.

Ruh, perzi we iki pil – ruhuň we garşydaşynyň perzisi bilen duşýan perziniň garşysyna oýnasa hem oýun deňme-deňdir, duşmaýan perzisiniň garşysyna oýnasa hem deňme-deňdir.

Ruh, perzi we iki pil – ruhuň we duşmaýan piliň garşysyna oýnasa, oýunçylaryň köpüsi oňa deňme-deň, käbirleri ýeňişli diýýärler, eger-de perzi pil bilen duşýan bolsa, hemmesiniň pikiri boýunça oýun ýeňişlidir. Sebäbi artykmaç mally oýunçy pili mugt alýar ýa-da daňýar we üç bolup, bir malyň garşysyna çykýar.

Ruh — ruh bilen atyň garşysyna oýnasa, oýunçynyň biri gowşak bolmasa, arassa deňme-deňdir. Bu ýerde ýalňyş oýnalsa hem oýun deň gutarýar. Hemme oýunçylaryň pikirine görä, ruh, iki at we perzi — iki ruhuň garşysyna oýnasa ýeňýändir.

Iki ruh – ruhuň, atyň, piliň we iki duşýan perziniň garşysyna oýnasa, deňme-deňdir.

Ruh we üç perzi – iki ruhuň garşysyna oýnasa hem oýun deňme-deňdir, eger dört perzi bolsa, biri beýleki üçüsi bilen duşmaýan oýun deňme-deň ýagdaýdadyr. Oýunçylaryň käbiri muny «ýeňişli ýagdaý» diýip atlandyrýar.

Ruh – iki piliň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Eger pilleriň biri perzi bilen oýnasa, duşsa-duşmasa deňme-deňdir.

Ruh – iki atyň we bir perziniň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Hemme oýunçylaryň pikirine görä, bu oýna ýene bir pil goşulsa ýeňişli ýagdaýdadyr. Meniň pikirimçe, ruhuň ýanynda pil bolsa ýa iki pil bolsa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Oýunçylaryň käbiri muňa «deňme-deň» diýýärler.

Ruh – atyň, iki duşýan perziniň we iki piliň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Iki perzi duşmaýan bolsa, onda ol ýeňişli ýagdaýdadyr. Bir pil bolsa deňme-deňdir.

Pyýada bilen ruh perziniň garşysyna oýnasa ýeňişli ýagdaýdadyr. Şeýle hem, iki duşýan perzi şadan daş bolsalar, ýeňişli ýagdaýdadyr.

Ruh we iki pil – iki duşýan perziniň garşysyna oýnasa ýeňişlidir. Perziler duşmaýan bolsa, deňme-deňdir. Bu ýagdaýy Adly şekilleriniň birinde görkezýär. Biz hem ony düzüm görnüşinde, Hudaý halasa, görkezip geçeris.

Ruh we pil – at bilen piliň garşysyna oýnasa ýeňişlidir. Ruh we perzi at bilen duşýan perziniň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Eger perziler duşmaýan bolsa, onda ýeňişli ýagdaýdadyr. Ruh we iki pil – at bilen perziniň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Ruh atyň garşysyna deňme-deňdir.

Iki ruh – iki atyň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Atlaryň oýunçysynda pil bolsa hem ýeňişli ýagdaýdadyr.

Iki ruh – at we iki duşýan ýa-da duşmaýan perzileriň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Oýunda ruhlar bilen pil bar bolsa, ýeňiş tiz gazanylýar.

Pil, at we iki perzi – iki ruhuň garşysyna oýnaýan bolsa, onda oýun deňme-deňdir.

Ruh, perzi we pil – iki atyň garşysyna oýnasa ýeňişli ýagdaýdadyr. Käbir oýunçylaryň pikirine görä, atlar bilen pil oýnaýan bolsa deňme-deňdir.

Iki ruh we pil – ruh, at we piliň garşysyna oýnasa, soňy mälim däl oýundyr.

Ruh we pil – atyň we iki piliň garşysyna oýnasa, şübheli bolsa hem köplenç deň oýundyr.

Iki ruh — dört perziniň garşysyna oýnasa deňme-deňdir.

Şunuň bilen ruhlar bölümi tamam boldy.

## *Atlar*

Oýunçylaryň hemmesiniň pikirine görä, iki at – bir atyň garşysyna deňme-deňdir. Ýöne men bu oýny gowy öwrenenimden soň, ony ýeňişli ýagdaýda ýaly gördüm. Eger men öz pikirimiň we güýjümiň artyklygyna şübhelenmedik we iki atyň eýesine ýykgyn etmedik bolsam, onda: «Hemme oýunçylar deňme-deň diýmek bilen hata goýberýärler» diýerdim. Men iki ruhuň bir ruhuň garşysyna näme üçin şübhesiz ýeňişli ýagdaýda bolýandygyny şeýle düşündirýärin: sebäbi iki ruh şa bilen galsa, olar şany ýatyrýarlar, iki at bilen şa galsa, olar ony ýatyrmaýarlar. Ýöne bir atyň gysylmagy sebäpli ýeňiş bar ýaly bolup görünýär. Şübhäniň döremegi hem şu ýerden gelip çykýar, at atyň garşysyna, ruh ruhuň garşysyna ýaly bolup görünýär.

At – üç duşýan perziniň garşysyna deňme-deňdir. Duşýan perziler bilen iki pil oýnaýan bolsa hem deňme-deňdir.

At – iki perziniň we iki piliň garşysyna oýnasa, oýun deňme-deňdir. Pilleriň ýerine ýekeje perzi oýnaýan bolsa, ýeňişli ýagdaýdadyr.

At – piliň garşysyna oýnasa deňme-deňdir.

At we iki pil – iki piliň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Muny Adly ýatlap geçýär. Biz hem ony, Hudaý halasa, düzüm hökmünde görkezeris.

Iki at – iki perziniň garşysyna oýnasa deň oýundyr. Sebäbi at perziden güýçli bolsa-da, onuň güýji ýeterlik däl. Ýöne iki at oýnaýan bolsa, onda olaryň artykmaçlygy hakykatdan-da aýan bolýar. Iki at – üç perziniň garşysyna oýnasa, oýun deňme-deňdir. Iki at – iki piliň we bir perziniň garşysyna oýnasa, köplenç deňme-deň gutarýar. Ýöne gaty uly kynçylyk bilen utup bolýar. Şonuň üçin muňa «kyn ýeňiş» diýsek hem bolýar.

At we perzi – atyň perzisi bilen duşmaýan iki perziniň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Eger olar duşsalar ýa-da olaryň biri duşsa deňme-deňdir. At we perzi – perzi bilen piliň garşysyna duşsalar hem, duşmasalar hem ýeňişli ýagdaýdadyr. Piliň eýesinde ýene bir pil bar bolsa deňme-deňdir. Şunuň bilen atlar baradaky bölüm tamam boldy.

### *Piller, pyýadalar we perziler*

Iki duşýan perzi – dört perziniň garşysyna oýnasa, ol dört perzileriň biri garşydaşynyň perzileri bilen duşýan bolsa hem deňme-deňdir. Iki perzi – bir perziniň garşysyna oýnasa, iki perzi bilen ýa-da biri bilen duşsa hem ýeňişli ýagdaýdadyr. Iki perzi – iki piliň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Perzi bilen pil duşsa-da, duşmasa-da piliň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Iki perzi we pil – iki perziniň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaý-

dadyr, pil ýok bolsa deňme-deňdir. Pil – pyýadanyň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Iki pil – pyýadanyň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Ony biz düzümlerimizde düşündireris. Iki perzi we iki pil – iki piliň garşysyna oýnasa, ýeňişli ýagdaýdadyr. Eger perziler bilen bir pil bolaýsa-da ýeňişli ýagdaýdadyr. Sebäbi piller perzilerden gowşakdyr. Bu sebäpden iki perzi we pil iki perziniň garşysyna oýnasa deňme-deňdir. Ýöne iki pil oýnaýan bolsa ýeňişli ýagdaýdadyr.

Iki perzi — bir pyýadanyň garşysyna oýnanda käbir ýagdaýlarda deňme-deň, beýleki bir ýagdaýlarda bolsa ýeňişli ýagdaýdadyr. Biz bu ýagdaýlary düzümlerimizde görkezdik. Bu sebäpden bu ýerde olary düşündirip durmadyk. Käwagt pyýada – pyýadanyň garşysyna oýnasa, ýeňiş bilen gutarýar. Şeýle hem, perzi — perziniň garşysyna oýnan ýagdaýlary düzümlerde beýan edildi.

### *Küşt mallarynyň ýerleşiş tertibi*

Şa – «patyşa», perzi – «wezir» diýmekdir. Sebäbi perzi şany goraýar, onuň daşyny ýapýar, töwereginde goşuny bilen durýar we onuň öňünden barýar.

Muhammet ibn Abdylmälik Zeýýat küşti gowy görer eken. Ol: «Küştde piliň orny mürzäniň salgyt ýygnamakdaky orny ýalydyr. Ol salgyt ýygnaýar we hilegärlik edýär. Onuň söweşde orny az. Ýöne pil söweşde bir meşhur iş edýär. Onuň işi hile bilen bagly. Gerek ýerinde şa bilen ruha ýa-da şa bilen ata şarama[1] edip bilýär. Şa oýnuň soňunda birnäçe malyň garşysyna oýnap, oýny deň gutaryp bilýär. Eger oňa duşýan mal bolmasa,

[1] Küşt berlende şa bilen bilelikde ruha, perzä ýa-da beýleki mallara hüjüm bolsa şoňa «şarama» diýilýär.

perzi hem şeýledir. Bu ýagdaýda pil atdan gowudyr. Eger perziler köpelse, olar ruhdan güýçli bolýar».

At barada başgalar şeýle diýýärler: «At küştde atlynyň ornunadyr, ruh goşun ýolbaşçysy ýalydyr». Şeýlelikde, ruhda ýolbaşçylygyň artykmaçlygy bar. Tagtada mallar köp bolsa onuň güýji peselýär, mal az bolsa we döw giňelse güýji artýar.

Pyýadalar pyýada esgerler ýaly öňden ýöreýärler. Olar atlara we ruhlara päsgel berýärler. Eger ruh pyýadanyň arkasyna geçse, onda ol pyýadalaryň arkasyndaky atlara öwrülýär. Suly şeýle diýýär: «Bir gezek men bir döwde utdum. Mende perzi, pil we ruh bardy. Onuň şasy gabaldy. Men garşydaşyma öz mallarymy berdim. Ol mallary alyp, örän buýsanýardy. Ýöne men onuň şasyny gysyp utdum. Onuň mallary kändi. Utulandan soň meniň ýeňşimi aýyplady. Käbir hökümdarlar onuň tarapyny tutdular-da, ol döwde meniň garşydaşymyň utmagyny has dogry hasap etdiler. Şonda men oňa şeýle diýdim: «Men saňa aýan bolar ýaly bir mysal getireýin. Biziň aramyzda bolup geçen döw iki goşun. Diýeli, iki goşun duşupdyr. Aralarynda söweş uzaga çekipdir. Bir tarapyň söweşijileriniň biri beýleki patyşanyň ýeke galanyny görüp, garşydaş şanyň duran tarapyna gidýär we öz ýoldaşlaryny taşlaýar. Onuň ýoldaşlarynyň köpüsi ölýär. Ýöne şonda-da ol patyşanyň yzyndan ýetip, ony öldürýär. Şeýdip, ol ýeňiş gazanýar». Bu sözlerimi ol adam makul bildi we dogry hasaplady. Bu hasap dogry hasap. Özi hem ol köplenç döwlerde bolýan zatdyr.

**Adly aýdypdyr: Bu şekil küştüň matematika dahyllydygyny aňladýar:**

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| sekiz | **dört müň müň** | alty | **alty müň müň** | dört | **sekiz müň müň** | iki | **on müň müň** |
| **dört ýüz müň** | altmyş | **alty ýüz müň** | kyrk | **sekiz ýüz müň** | ýigrimi | **müň müň** | dokuz |
| alty ýüz | **altmyş müň** | dört ýüz | **segsen müň** | iki ýüz | **ýüz müň** | togsan | **üç ýüz müň** |
| **alty müň** | dört müň | **sekiz müň** | iki müň | **on müň** | dokuz ýüz | **otuz müň** | ýedi ýüz |
| kyrk müň | **sekiz ýüz** | ýigrimi müň | **müň** | dokuz müň | **üç müň** | ýedi müň | **bäş müň** |
| **segsen** | iki ýüz müň | **ýüz** | togsan müň | **üç ýüz** | ýetmiş müň | **bäş ýüz** | elli müň |
| iki müň müň | **on** | dokuz ýüz müň | **otuz** | ýedi ýüz müň | **elli** | bäş ýüz müň | **ýetmiş** |
| **bir** | dokuz müň müň | **üç** | ýedi müň müň | **bäş** | bäş müň müň | **ýedi** | üç müň müň |

Kim şu ýol bilen on müň müňe çenli elini (barmaklaryny), ýatkeşligini we ýazgyny ulanman sanajak bolsa, on sany daşy alyp, her daşy bir sanyň (sifriň) üstüne goýsun (ýagny birden ona çenli).

Şeýdip küşt matematika hem dahylly bolupdyr.

# GADYMY KÜŞTLERIŇ GÖRNÜŞI

Bu küştüň şekili her tarapdan on öý bolup, 100 öýden ybaratdyr

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh[1] | at | pil | dabbaba[2] | şa | perzi | dabbaba | pil | at | ruh |
| | | | | | | | | | |
| pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** |
| | | | | | | | | | |
| **ruh** | **at** | **pil** | **dabbaba** | **şa** | **perzi** | **dabbaba** | **pil** | **at** | **ruh** |

[1] Adaty harplar bilen gara mallar bellenildi. Goýy gara harplar bilen gyzyl mallar bellenildi.

[2] Dabbaba — 1) küştüň maly; 2) gadymy harby gabaw guraly. Oňa «pyşdyl» hem diýlipdir.

Dabbabanyň gymmaty at bilen ruhuň arasyndadyr we ol dirhemiň bäşden ikisine barabardyr. Onuň göçüşi şanyň göçüşi ýaly, ýöne mertebesi şanyňky ýaly däl. Küştüň beýleki mallary ýaly ol hem alýar ýa-da alynýar. Şa bolsa alýar, ýöne alynmaýar. Oýnuň şertleriniň käbiri: küşt tagtasynyň üstünde perzi barka, pyýadany perzi çykarmak bolmaýar, şanyň ýanynda ýekeje mal galmasa-da, ol oýnaýar. Bu şertler sogdylaryň küştüniň şertleridir.

Ýokardaky küşt düzümi bolsa, hindileriň we sogdylaryň küştünden alnyp düzülendir:



Bu Rum[1] küşti. Rum küşti öý we mallarynyň göçümleri we atlary babatda hindi küştüniňki ýaly. Ýöne hindi küştünde pyýada perzi çykýar. Sebäbi tagtanyň soňy bar, rumlularyňkyda bolsa, ol perzi çykmaýar. Sebäbi rumlularyň küşt tagtasynyň soňy ýok.[2] Rum ruhunyň öýleri hindi ruhunyňkydan köp. Hindi atynyň öýleri rum atynyňkydan köp. Hindi döwleri rumlularyňkydan has uzak dowam edýär. Aralarynda onçakly parhy ýok. Diňe hindi küşti inedördül, rum küşti tegelekdir. Rumlularda piller duşýar, hindileriňkide bolsa piller duşmaýar. Aýdylşyna görä, rumlularyň küşti hindileriňkiden alnandyr. Adamlaryň umumy kabul eden düýp küşti hindileriňkidir. Rumlularyň küştüniň ýene bir düzgüni oýunçylaryň birinde iki pyýadasy duşsa, beýleki oýunçy olaryň ikisini-de mugt alyp bilýär.

**Gönibürçluk şekilli küşt tagtasy**

| | | | |
|---|---|---|---|
| pil | şa | perzi | pil |
| | at | at | |
| ruh | | | ruh |
| | | | |

[1] Rum diýlip Wizantiýa göz öňünde tutulýar.

[2] Çünki Rum küşti şol döwürlerde tegelek tagtanyň üstünde oýnalypdyr.

| | | | |
|---|---|---|---|
| руýа<br>da | руýа<br>da | руýа<br>da | руýа<br>da |
| | | | |
| руýа<br>da | руýа<br>da | руýа<br>da | руýа<br>da |
| | | | |
| | | | |
| **руýа<br>da** | **руýа<br>da** | **руýа<br>da** | **руýа<br>da** |
| | | | |
| **руýа<br>da** | **руýа<br>da** | **руýа<br>da** | **руýа<br>da** |
| | | | |
| **ruh** | | | **ruh** |
| | **at** | **at** | |
| **pil** | **perzi** | **şa** | **pil** |

**Düzülişi.** Bu küşt hindi küştünden nusga edilip çykarylandyr we ol boýy 16 öý, ini hem 4 öý edilip üýtgedilipdir. Bu küşt nardyň oýun çöpi bilen oýnalýar. Onuň bir şerti, küştüň çöpleri her oýunçynyň sagynda ýerleşmeli, piller hem çüňkde bolmaly. Ýöne bu küştde nardyň oýun çöplerindäki 6-lyk şa, 5-lik perzä, 4-lük pile, 3-lük ata, 2-lik ruha, 1-lik pyýada gabat gelýär. Eger şalaryň birine küşt düşüp, ol ýöremeli bolsa, oýun çöpi 6 belgi bermese ol göçüm edip bilmeýär. Käbiri du şekilli küştüň iki tarapyny hem ulanypdyr, bir tarapy küşt, arka tarapy bolsa nard, islese küşt oýnaýar, islese beýlesine öwrüp, nard oýnaýar.

## KÜŞT ÖÝLERINIŇ ATLARY[1]

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| sag ruhuň öýi | sag atyň öýi | sag piliň öýi | şanyň öýi | perziniň öýi | çep piliň öýi | çep atyň öýi | çep ruhuň öýi |
| sag ruhuň ikinji öýi | sag atyň ikinji öýi | sag piliň ikinji öýi | şanyň ikinji öýi | perziniň ikinji öýi | çep piliň ikinji öýi | çep atyň ikinji öýi | çep ruhuň ikinji öýi |
| sag ruhuň üçünji öýi | sag atyň üçünji öýi | sag piliň üçünji öýi | şanyň üçünji öýi | perziniň üçünji öýi | çep pil iň üçünji öýi | çep atyň üçünji öýi | çep ruhuň üçünji öýi |
| sag ruhuň dördünji öýi | sag atyň dördünji öýi | sag piliň dördünji öýi | şanyň dördünji öýi | perziniň dördünji öýi | çep piliň dördünji öýi | çep atyň dördünji öýi | çep ruhuň dördünji öýi |

[1] Ol döwürde küşt tagtasynyň öýjükleri reňklenilmändir. Mallar gara we gyzyl reňkde bolupdyr. Bu kitapda getirilýän küşt düzümlerini häzirki zaman küşt tagtasynda düzmek üçin ýazaryň beren tablisasyndan ugur almaly. Ýazar beren küşt düzümlerinde käwagt gyzyllar aşakdan oýnaýan edýär, käwagt ýokardan. Gyzyllar tarapdan oýna seretseň, şanyň öýi çep tarapdan dördünji öý bolmaly, garalar tarapdan seretseň, şanyň öýi sag tarapdan dördünji öý bolmaly.

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| çep ruhuň dördünji öýi | çep atyň dördünji öýi | çep piliň dördünji öýi | şanyň dördünji öýi | perziniň dördünji öýi | sag piliň dördünji öýi | sag atyň dördünji öýi | sag ruhuň dördünji öýi |
| çep ruhuň üçünji öýi | çep atyň üçünji öýi | çep piliň üçünji öýi | şanyň üçünji öýi | perziniň üçünji öýi | sag piliň üçünji öýi | sag atyň üçünji öýi | sag ruhuň üçünji öýi |
| çep ruhuň ikinj öýii | çep atyň ikinji öýi | çep piliň ikinji öýi | şanyň ikinji öýi | perziniň ikinji öýi | sag piliň ikinji öýi | sag atyň ikinji öýi | sag ruhuň ikinji öýi |
| çep ruhuň öýi | çep atyň öýi | çep piliň öýi | şanyň öýi | perziniň öýi | sag piliň öýi | sag atyň öýi | sag ruhuň öýi |

Şu ýokardaky suratda biz küşt tagtasynyň öýjüklerini atlandyrdyk. Öňde geljek küşt düzümlerinde mallary şol atlary ulanyp göçeris. Her göçümiň adyny aýdyp, pylan öýjükden pylan öýjüge diýsek, siz nämäniň nireden we nirä göçülendigini bilersiňiz.

Küştüň bu şekilini parslar hindilerden alypdyrlar. Biz hem ony parslardan aldyk. Parslar küştüň käbir düzgünlerini üýtgedipdirler. Adamlar hem parslaryň üýtgeden şol küştüni kabul edipdirler.

Adamlar: «Hindistanda üç sany zat döredi» diýen söz bilen ylalaşýarlar. Şol üç zadyň öňüne geçjek zat ýok. Şol zatlara başga hiç bir meňzeş zat ýok. Olar: «Kalila we Dimna» atly kitap, tükeniksizlige ornap gidýän dokuz sany san we küştdir. «Hindiler ýyldyzlar ylmyna, tebipçilige we maldarçylyga hem ussat» diýýärler. Ýöne parslar bilen rumlular bu ylymlarda olardan yza galanok. Hyjazyň halky küşti hindi küştüniň düzgüni boýunça oýnaýarlar we ony «Medinäniň oýny» diýip atlandyrýarlar. Ol oýnuň düzgünleriniň biri, meselem, her tarapda şa bilen bir mal galsa we şalaryň biri beýlekiniň malyny

birinji alyp gutarsa, beýleki şa ýeke galsa, utuldy diýlip hasap edilýär. Küşti şeýle düzgün bilen Medinäniň halky we hindiler oýnaýar. Hindileriň düzgünleriniň ýene biri – şa gitmäge öý tapmasa we garşydaşynda oňa küşt bermäge mal bolmasa, ol şa ýatdy hasap edilýär. Pars küştüniň düzgüni beýle däl. Hindi küştünde pil çüňkde goýulýar we ol gyýtak çyzyk boýunça dälde, göni bir öý geçip ikinji öýe göçýär, islän tarapyna, tagtanyň baryp bilen ýerine. Her pil on alty öýe baryp bilýär. Şeýdip, dört pil tagtanyň hemme öýlerine göçýär, emma biri-biri bilen duşmaýar. Emma parslardan alnan küşt biziň şu günki oýnaýan küştümizdir. Onda dört pil diňe otuz iki öe baryp bilýär, her pil sekiz öe, ýagny tagtanyň ýarsyna çenli baryp bilýär. Piliň öýüniň azalmagy onuň gyýtak çyzyk boýunça bir öý geçip ikinji öýe ýöremegi sebäplidir. Hindilerden: «Näme üçin siziň pilleriňiz çüňkde durýar?» diýip soralypdyr. Olar muňa: «Pilli esgerleriň ýolbaşçysy sag ganat hökmünde we çep ganat hökmünde bolýar. Çünki, piliň güýji we gymmatlyklary köp. Atlaryň bolsa şanyň ýanynda bolmagyny has dogry hasap edýärler. Çünki, at kowmak hem gaçmak üçindir» diýip, jogap beripdirler.

Bir pelsepeçi alym aty öwüp şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem, iň beýik zat adamdyr, soň at, soň laçyn, soň iň gözel zat eli laçynly atly adamdyr». Ýene-de şeýle diýipdirler: «Iň asylly patyşa atly patyşadyr. Şol asylly patyşa bolsa, Babylyň patyşasydyr. Oňa «Şahynşa», ýagny «Patyşalaryň patyşasy» diýilýär. Ikinji ýerde pilli patyşa, ýagny Hindistanyň patyşasy durýar, üçünji ýerde Hytaýyň patyşasy, ol bolsa pyýada esgerleriň patyşasydyr». «Emin» atly kitapda: «Patyşalar dört sanydyr» diýilýär. Hindileriň patyşasy agzalmaýar. Çünki, Hindistanda tire-taýpalar patyşalary hökümdarlyk edýär. Bu sebäpden Hindistanyň patyşasy bar diýip hasap edilmeýär. Şeýlelikde, patyşalar dörtdür. Babylyň patyşasy, türkileriň patyşasy, Rumuň patyşasy we Hytaýyň patyşasy. Hindileriň piliniň güýji perzisiniň güýji ýalydyr.

## BAŞLANGYÇLAR

**Şu küşt başlangyçlaryny Adly we Suly ikisi ýatlap geçipdir.**

Gyzyllaryň başlangyjynyň adyna «Watid Amr» diýilýär («Amryň myhy»).

Garalaryň başlangyjynyň adyna «muraddad», ýagny «gaýtalanan» ýa-da «goşalanan» diýilýär. Bu başlangyç bilen Jabyr, soň Zabzap başlar eken. Bu başlangyç gowy başlangyçdyr. Beýle usul bilen başlamak üçin ökdelik gerek we ony berk ýat tutmaly. Bu başlangyç garşydaşyň her oýnuna görä çala üýtgäp biler.

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **ruh**[1] | **pil** | **şa** | | | | **ruh** |
| | | **at** | | | **at** | | |
| **pyýa da** | | **pyýa da** | **pil** | **perzi** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** |
| | **pyýa da** | pyýa da | **pyýa da** | **pyýa da** | | | |
| | pyýa da | | | | | | |
| pyýa da | | | pyýa da | pyýa da | pyýa da | pyýa da | pyýa da |
| | | ruh | at | at | | | |
| | ruh | pil | perzi | şa | pil | | |

Gyzyllaryň bu başlangyjynyň ady «as-Sif» («Kenar») atlandyrylýar. Beýle başlangyç bilen Nagym al-Hadym başlaýan eken. Garalaryň bu başlangyjy «al-Ajaýyz» («Garrylar») atlandyrylýar. Beýle başlangyç bilen Ukda başlaýan eken.

[1] Jedweliň içinde goýy gara bilen ýazylan sözler «gyzyllar», adaty ýazgy bilen ýazylan sözler bolsa «garalardyr».

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | | | ruh |
| | | | şa | at | | | |
| pil | pyýa da | at | perzi | pyýa da | pyýa da | pyýa da | pil |
| pyýa da | | pyýa da | pyýa da | | | | pyýa da |
| | | | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | | |
| **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **perzi** | **pil** | | **pyýa da** | **pyýa da** |
| | | **ruh** | **at** | **at** | **ruh** | | |
| | | | | **şa** | **pil** | | |

Garalaryň bu başlangyjy «Mahih» («Kelle») atlandyrylýar. Onuň bilen Şaky başlar eken

Gyzyllaryň bu başlangyjy «Saýýala» («Akym») atlandyrylýar. Onuň bilen Abu Sarara Ekber başlar eken. Suly şeýle diýýär: «Adlynyň ýatlap geçýän başlangyçlarynyň içinde şu görkezilen iki başlangyçdan — «Mahihden» we «Saýýaladan» dogrusy ýok».

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | | | ruh |
| | | şa | at | at | | pyýa da | pyýa da |
| pyýa da | pyýa da | pyýa da | pyýa da | perzi | pyýa da | | pil |
| | | | | pyýa da | | | pyýa da |
| | **pyýa da** | | | | | | |
| **pyýa da** | | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** |
| | | **ruh** | **at** | | | | |
| | **ruh** | **pil** | **şa** | **perzi** | **pil** | **at** | |

Garalaryň bu başlangyjy «Maşaýyhy» («Köne») atlandyrylýar. Onuň bilen Nagym başlar eken.

Gyzyllar «Mugakrap» («Gyşyk») başlangyjy bilen başlaýar.

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | ruh | | |
| | | şa | pyýa da | pyýa da | | | |
| | pyýa da | at | perzi | pil | at | pyýa da | pil |
| pyýa da | | pyýa da | | | pyýa da | | pyýa da |
| **pyýa da** | | | | **pyýa da** | | | **pyýa da** |
| **pil** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **perzi** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pil** |
| | | | **şa** | **at** | | | |
| **ruh** | **at** | | | | | | **ruh** |

Biziň bu ýerde ýatlamadyk başlangyçlarymyzy Adly kitabynda berýär.

**Aşakdaky başlangyçlar Sulynyň ýatlap geçen başlangyçlary bolup, olary Adly ýatlamaýar.**

Garalaryň bu başlangyjy «Husaý Pyrgawn» atlandyrylýar. Onuň bilen Abu Ýemin oýnapdyr.

Gyzyllar «Band Hadam» başlangyjy bilen başlaýar

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | ruh | | |
| | | şa | pyýa da | pyýa da | | | |
| | pyýa da | at | perzi | pil | at | pyýa da | pil |
| pyýa da | | pyýa da | | | pyýa da | | pyýa da |
| | | | **pyýa da** | **pyýa da** | | | **pyýa da** |
| **pil** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pil** | **perzi** | **at** | **pyýa da** | |
| | | **at** | **şa** | | **pyýa da** | | |
| **ruh** | | | | | | | **ruh** |

Garalar «Jeýş»[1] göçümi bilen başlaýar.

Gyzyllaryň başlangyjynyň ady «Ruku», şeýdip Jadaf başlar eken.

[1] Jeýş — bu sözüň «goşun» diýen manysy bolup, ol göçümleriň biridir.

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | | | ruh |
| | at | şa | | | | | |
| | pyýa da | pyýa da | perzi | pil | at | pyýa da | pil |
| pyýa da | | | pyýa da | pyýa da | pyýa da | | pyýa da |
| **pyýa da** | | | | | | | **pyýa da** |
| | | **at** | **pil** | **pil** | **at** | | |
| | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | |
| **ruh** | | | **perzi** | **şa** | | | **ruh** |

Garalaryň şu başlangyjy «Muwaşşah» diýlip atlandyrylýar.

Men gyzyllaryň başlangyjyny saýlaýaryn we ony «Mutalahyk» diýip atlandyrýaryn. «Mutalahyk» sözi «biri-biriniň yzyndan barmaklyk» diýmekdir. Sebäbi mallar biri-biriniň yzynda ýerleşýär we bir ýere toplanýarlar. Mallary düzgüne salmak gerek. Beýle başlaýan oýunçy özüniň çep tarapyny äsgermezçilik etmeli däl, çep tarapy barlap durmaly we oýny şol tarapdan açmajak bolmaly

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ruh | pil | şa | | pil | ruh | |
| pyýada | | | | at | | | |
| | | at | pyýada | perzi | pyýada | pyýada | pyýada |
| | pyýada | | | pyýada | | | |
| | | pyýada | | | **pyýada** | **pyýada** | |
| **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **perzi** | | |
| | | | **at** | **at** | **ruh** | | **pyýada** |
| | | **pil** | | **şa** | **pil** | **ruh** | |

Suly şeýle diýýär: «Biz ýokarda käbir başlangyçlary görkezip geçdik. Olar ýeterlikdir. Şol başlangyçlaryň suratynyň çekilmeginiň sebäbi köplenç küştde döwi başlaýan öz garşydaşynyň oýun başlaýşyna üns bermeýär we öz göçümlerine gözüni dikip, garşydaşynyň oýny alyp barşyny göz öňünden gidirip utulýar. Sebäbi başda öz bähbidine ulanyp boljak zatlary taşlap gidýär, oýun bolsa giňeýär.

**Aşakda Adlynyň ýatlap geçen we Sulynyň ýatlamadyk başlangyjyny berýäris.**

Garalaryň başlangyjynyň ady «Ibt» («Goltuk»). Bu düzümi Abu Şarara Asgar oýnapdyr.

Gyzyllaryň başlangyjynyň ady «Karmaý», ony Amr Tagun oýnapdyr.

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | at | | şa | perzi | pil | | ruh |
| | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | pyýada | |
| | | | | pil | at | ruh | |
| pyýada | | | | | | | pyýada |
| | | | | | | | **pyýada** |
| **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pyýada** | **pil** | **perzi** | **at** | **pil** |
| | | | **at** | | **şa** | **pyýada** | |
| **ruh** | | | | | | | **ruh** |

## KÜŞT DÜZÜMLERI

Suly şeýle diýýär: «Aşakdaky küşt düzümleri Adlynyň kitabynda berilýär. Adly düzümlerde ýalňyşlyk goýberýär. Biz bu kitapda Adlynyň galdyryp giden düzümlerine ýörite ýer bereris. Soň onuň öz kitabynda berýän düzümlerinden biziň düzedenlerimizi bereris we ol düzümleri çykaranlary (düzenleri) agzarys. Eger Alla halasa, biz başda onuň ýazan zatlaryny beýan ederis. Soň öz sözümizi aýdyp geçeris».

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | **perzi** |
| | | | | şa | | | |
| | | | | | | | perzi |
| | | | | | | | |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Adly şeýle diýýär: «Garalar şany gyzyllaryň şasynyň tarapyna bir öý göçýär. Gyzyllar şasyny piliň dördünji öýüne göçmeli bolýar. Garalar şasyny gyzyllaryň şasyna tarap, piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany ruhuň dördünji öýüne göçýär. Garalar perzisi bilen küşt berýär, soň ony piliň üçünji öýüne gaýtarýar. Gyzyllar nämäni göçende-de, garalar şany öz piliniň ikinji öýüne göçýär. Garalar perzisini şanyň ikinji öýüne gaýtarýar, soň ony piliniň öýüne göçýär, soň atynyň öýüne göçýär. Şeýdip, garalar on sekiz

göçümden soň utýar. Ýöne biz bu döwüň sekiz göçümden soň gutarýandygyny anykladyk. Garalar şany piliň öýüne göçýär. Gyzyllar bolsa şany gara piliň dördünji öýüne göçmeli bolýar. Garalar şany öz piliniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar bolsa şany atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar gyzyllaryň perzisini alansoň şasyny atyň öýüne göçýär. Gyzyllar şany gara ruhuň dördünji öýüne – perziniň üstüne göçýär. Garalar şany ruhuň ikinji öýüne göçüp, döwi utýarlar».

Şu utuşy Adly görmändir. Soňky adamlar hem ony şu wagta çenli görmändirler. Biz bu meseläni anykladyk.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | perzi | şa | | pyýa da | | **pil** |
| | | | | | | pil | **pyýa da** |
| | | | | | | **ruh** | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | ruh | |

*garalar*

Adly öz kitabynda bu oýny kimiň oýlap çykarandygyny aýtmaýar. Emma bu oýun Zabzabyň oýunlarynyň biridir. Adly şeýle diýýär: «Garalar şasy bilen gyzyl piliň ikinji öýüne göçýär we ruhuny gyzyllara mugt berýär. Eger ol ruh alynsa, garalar perzisi bilen küşt berýär, soň pili yzyna gaýdýar we mat wajyp bolýar. Bu owadan oýun. Garalar ruhy berse oýny utýar, bermese oýun deňme-deň gutarýan ýaly, emma garalar her halda hem utýar. Sebäbi garalaryň özi hem gyzyllaryň ruhuny alyp bilýär. Gyzyllar garalaryň ruhuny pyýada bilen alansoň, garalar şa, perzi we pil bilen gyzyllary ýatyrýar.

Adly öz kitabynda «Bu oýun Zabzabyňky» we «Ruh alynsa, oýun utulýar» diýip hem aýdanok.

**Adly aýdýar: «Oýny gyzyllar başlaýar we utýar»**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| perzi | | | | | | | |
| | perzi | | | **perzi** | | | |
| | | perzi | **perzi** | | **şa** | | |
| | | | perzi | **perzi** | | | |
| | | perzi | | perzi | | | |
| | | | şa | | perzi | | |
| | | | | | | perzi | |
| | | | | | | | perzi |

*garalar*

Adly «Bu oýun deňme-deň oýun» diýýär.

Hakykatdan hem, men Adlyny şeýle küşt düzümini düzmegine we ony kitabyna ýerleşdirmegine nämäniň mejbur edendigini bilmeýärin. Ol hemme pyýadalaryň bir oýunda perzi çykandygyny haçan we nirede görüpdir?! Bu Adlynyň pyýadalaryň hemmesiniň perzi çykaryny isläp, düzen düzümi bolsa gerek. Ýöne aslynda beýle zat bolup bilmez. Üstesine-de, Adly perzileriň hemmesini düşýän edip görkezipdir.

**Adly aýdýar: «Oýny gyzyllar başlaýar we utýar»**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | şa | at | | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | perzi | **pyýa da** | **pyýa da** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | at | | | | |
| | ruh | | | | ruh | | |
| | | | **şa** | | | | |

*gyzyllar*

«Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar ony almaly bolýar. Gyzyllar pyýadany göçüp utýar».

Beýle oýnuň bolmagynyň ähtimallygy örän az, sebäbi bir ruhly we bir atly artykmaçlyk, oýunçyny utuşa eltýär. Bu oýunda bolsa artykmaçlyk iki at bilen bir ruh. Beýle ýagdaýda oýny gyzyllar utdy diýmeklik hakykatdan hem bolup bilmejek zatdyr.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | şa |
| ruh | | | | **at** | **şa** | | **perzi** |
| | | | | | | | |
| | | | | | **pil** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

«Gyzyllar perzini birnäçe gezek göçüp, iň soňy onuň bilen piliň daşyndan aýlanyp, öz atynyň öňüni ýapýar. Soň aty bilen garalaryň şasyny ýatyrýar».

Küşt mallarynyň göçümini bilýän adam ýaňky zady bilmeýändir diýip hasap edip biljek däl. Belki, Adly bu düzümi küşt oýnap bilýän, ýöne ýaňky kemçiligi görmeýän adam üçin düzendir?! Adlynyň beýle düzümi öz kitabynda ýerleşdirmäge nämäniň sebäp bolandygyny men bilmeýärin.

Men zehini kütek, şol bir wagtyň özünde-de küşti gowy oýnaýan bir oýunçyny gördüm. Şeýle oýunçylaryň gowy oýnamagyna küşti köp gaýtalamagy we köp tejribe toplamagy täsir edýär. Muny gamçynyň mala täsir edişi bilen deňeşdirse bolar. Sebäbi mal ilki gorkýar, soňra öwrenişýär-de özünden nämäniň islenilýändigini bilýär. Men bu kitaby Adlynyň küştde goýberen kemçiliklerini görkezmek üçin ýazmadym. Ýöne köp adamlar küşti kän bir gowy bilmeýärler. Şonuň üçin men Adlynyň ýazanlaryndan bolup biljek we bolup bilmejek zatlary adamlaryň tapawutlandyrmagy üçin ýazdym, täze nesliň öňki nesilden has ökde oýnaýandygyny düşündirmek üçin beýan etdim. Muknafy (goý, Alla ondan razy bolsun!) maňa bir kagyz berdi. Ol kagyzda Razynyň düzen iki sany küşt düzümi bardy. Razy düzümleriň birindäki oýny «deň» diýse-de, ol oýun ýeňiş bilen gutarýan eken. Razy ikinji oýny ýeňişli diýse-de, ol oýun deňme-deň eken. Men bu iki düzümi öňki küştçüler bilen täze küştçüler baradaky sözlerimiň dogrudygyny tassyk etmek üçin getirdim. Ýöne maksadym küştüň gowy düzümlerini beýan etmekden ybaratdyr.

Suly: «Biz indi Adlynyň kitabyndan gowy düzümleri agzap geçeris, emma beýle düzümler kän däl» diýip belleýär.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **at** | **şa** | | at | | |
| | | | **pyýa da** | | ruh | | |
| | | **perzi** | | | pyýa da | pyýa da | perzi |
| | | at | | | | pil | pyýa da |
| | **at** | | | | | **pil** | |
| | **pyýa da** | ruh | | | | | |
| **ruh** | | | | | | | **ruh** |
| | | şa | | | | | |

*garalar*

Garalar piliň öýünde duran at bilen küşt berýär. Gyzyllar ony pili bilen ýa-da pyýadasy bilen alýar. Garalar ruh bilen şanyň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar ony perzisi bilen alýar. Garalar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany perzisiniň öýüne göçýär, garalar pyýadasyny göçüp, küşt berýär. Gyzyllar şany piliniň öýüne göçýär. Garalar atyň öýünde duran pyýadasyny göçüp, küşt berýär. Gyzyllar garalaryň piliniň öýünde duran pyýadasyny alýar. Garalar piliniň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger-de gyzyllar perzisiniň

öýüne göçse, garalar piliniň öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar, eger-de gyzyllar atynyň öýüne göçse, garalar piliň öýünden ruh bilen, soň ruhuň öýünden ýene-de ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | ruh | |
| **ruh** | | | | | **ruh** | | |
| pil | | pyýa da | **at** | şa | | | |
| | pyýa da | | | **pyýa da** | pyýa da | | |
| pyýa da | | | | | **pyýa da** | | |
| **pyýa da** | | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | at | | |
| | | | | | | | ruh |
| | | **pil** | | | **şa** | | |

*gyzyllar*

Adly şeýle diýýär:

Bu oýunda gyzyllaryň iki hili oýnaýyş usuly bar. Ol iki usulyň haýsysy bilen oýnasa-da gyzyllar utýar.

Birinj usul: Gyzyllar gara piliň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar şany şanyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perziniň üçünji öýünde duran pyýada bilen küşt berýär. Garalar şany pilniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar şany atynyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar şany ruhuň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýadany alyp, soň atyň ikinji öýünden at bilen garalaryň şasyny küşt berip ýatyrýar.

Ikinji usul: Gyzyllar ruhy piliň ikinji öýünden perziniň ikinji öýüne göçüp, küşt berýär. Eger-de garalaryň şasy aşak gaçsa, onda gyzyllar pyýada bilen küşt berýär. Soňra gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar atynyň üçünji öýüne girensoň, gyzyllar piliň öýünden at bilen küşt berýär. Eger-de garalar ony pil bilen alsa, gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger-de garalar şany ruhuň dördünji öýüne göçse, gyzyllar pili ruh bilen alýar we küşt berýär, soň beýleki ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **ruh** | | | **şa** | | |
| | | | | ruh | | | |
| | | | | perzi | | şa | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar öz perzisini gyzyllaryň ruhuna tarap göçýär. Bu ýagdaýda gyzyllar ruhuny ruhuň öz öýüne göçýär. Şonda garalar şasyny öz ruhuna golaýladýar. Gyzyllar üçin iň gowusy öz perzisiniň öýünden öz ruhy bilen gara perziniň üstüne barmakdyr. Şonda garalar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Soň atyň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany yzyna gaýtarmaly bolýar. Şeýtmese, bir göçümden soň utulýarlar. Garalar öz ruhuny öňki ýerine – şanyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuny getirýär. Garalar öz ruhuny gyzyllaryň şasynyň

üçünji öýüne göçýär. Eger-de gyzyllar öz ruhuny öz setirinden üýtgetse, garalar ruhuny sagdaky gyzyl piliň üçünji öýüne göçürýär, şeýdip, garalar ýeňiş gazanýar. Eger-de gyzyllar ýalňyşan bolsady, onda garalar ýeňşi has tiz gazanyp bilerdi.

### Deňme-deň oýun, oýny garalar başlaýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | | |
| | | | | | | | |
| | | | şa | | | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | pyýa da | **perzi** | **şa** | | | | |
| | **pyýa da** | | **pil** | **pil** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar öz pilini garalaryň çep gyrasyna göçýär. Soňra piliň dördünji öýüne göçýär. Soň garalar şasyny perzisiniň öýüne göçürýär. Şeýdip, pyýadanyň öňe süýşmegine päsgel berýärler. Şa pyýada golaýladygyça, ony gyzyl perziniň ikinji öýünden

pil bilen goraýar. Eger pyýadany aljak diýse, onda şa bilen güýçlendirýär. Eger gyzyllar şany gabasa we perziniň öýünde duran pyýadany gara perziniň üçünji öýüne göçse, soňra şany gara piliň üçünji öýüne göçse, garalar pilini piliň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar gara pyýadany alsa, garalar perziniň öýünde duran pyýadany pil bilen alyp, küşt berýär. Soň garalar şany atynyň öýüne göçýär we beýleki pyýada perzi çykmaga päsgel berýär. Şeýdip, oýun deňleşýär.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

Bu oýun Zabzap bilen Nagym Hadymyň arasynda bolup geçipdir. Gyzyl mallar Zabzabyňky.

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| şa | at | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | **şa** | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | **ruh** |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuny gara ruhuň dördünji öýüne, şasynyň gabadyna göçýär. Garalar şasyny atyň öýüne göçýär. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany atyň ýanyna göçýär. Garalar aty atyň ikinji öýüne gaýtarýar. Gyzyllar ruhuny atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar şany burça aýyrýar. Gyzyllar atyň üstüne şany göçüp, ony alýar. Şeýdip, oýny utýar. Adamlar Zabzabyň şu göçümi iň owadan göçümdir diýip hasap edýärler. Bu göçümi utuşa eltýän iň golaý ýoldur diýip hasap edýärler. Ýöne adamlar başga birnäçe ýoluň bardygyny bilmändirler. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar şany aýyrýar. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany atyň düýbüne göçýär. Garalar aty yzyna gaýtarýar. Gyzyllar ruhuny ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar piliň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar aty şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuny gara ruhuň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar perziniň öýünden at bilen küşt berse, gyzyllar hüjüm edip, aty alýar. Şonuň üçin garalar atyny piliniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuny gara şanyň dördünji öýüne göçýär. Garalar atyny ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar küşt berýär. Şeýdip, gyzyllar oýny utýar. Garalar aýdyşymyz ýaly göçüm etmeseler, has basym utulýar. Ol göçümleriň hemmesini düşündirip oturmagyň zerurlygy ýok. Munuň düşündirişi uzak bolup, birinji görkezen utuşymyza meňzeşdir. Garalar ruhuny gyzyl ruhuň öýüne göçse-de, şonuň ýalydyr. Bularyň hemmesi meňzeş, ýogsa birin-birin düşündirerdim. Utuş gazanmagyň başga-da birnäçe ýollary bar. Ol döwleriň arasynda Zabzabyň döwi iň gowusy hasaplanýar.

**Oýun deňme-deň, oýny gyzyllar başlaýar**[1]

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | şa | | | | | |
| pyýa da | | | | | | | |
| | | | **şa** | | | | |
| | pil | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | pyýa da | at | pil | | | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | **ruh** | |

*garalar*

Gyzyllar ruh bilen küşt berýär we garalar şany aýransoň garalaryň ruhuny alýar. Eger garalar çüňke giren ruhy almasa, gyzyllar ruhy çüňkden çykarýar we oýun deňme-deň tamamlanýar. Eger garalar ruhy alsa, gyzyllaryň şasy piliniň ikinji öýüne girýär we pyýadasyny göçýär. Eger garalar oňa at bilen küşt berse, gyzyllar şany piliniň öýüne göçýär. Eger garalar aty göçse, gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Eger garalar aty

[1] Kitaby düzen iki döwe hem deňme-deň diýýär. Ýöne bu döwi her halda garalar utýar.

aýyrman ýanynda dursa, gyzyllar pyýadasyny göçýär. Eger pyýada perzi çyksa, gyzyllar bir mal güýçlenýär. Elbetde, bu gudratly we Beýik Alla islese şeýle bolar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | **at** | |
| | at | | | | | | |
| | | | | | | | pyýa da |
| | | | | | | | pyýa da |
| | | | | şa | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Bu oýun Zabzap bilen Nagymyň arasynda bolup geçipdir. Gara mallar Zabzabyňkydyr.

Garalar pyýadasyny gyzyllaryň atyna tarap sürýär. Gyzyllar aty bilen küşt berýär. Garalar şany sag piliniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň aty iki pyýadanyň birini alýar. Eger gyzyllar öň-

de barýan pyýadany alsa, garalar at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany aýyrýar. Garalar aty gyzyl şanyň öýüne göçýär. Gyzyllaryň atyna öý galmaýar. Eger-de yzda barýan pyýadany alsa, garalar at bilen küşt berýär. Eger-de gyzyllar şany aýyrsa, garalar atyny gyzyl şanyň üçünji öýüne göçýär. Eger-de gyzyllar atyň öýünden küşt berse, garalar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllaryň atyna diňe gyra göçäýmek galýar. Şeýdip, garalar şany onuň tarapyna baryp, oýny utýar. Eger gyzyllar pyýadalaryň birini almasa, olar perzi çykyp, garalar her halda utýarlar.

**Bu döw Zabzap bilen Abu Naggamyň arasynda bolup geçendir. Gyzyl mallar Zabzabyňky. Oýny garalar başlaýar, gyzyllar utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | şa | | | | | | |
| | | | | | **pyýa da** | | |
| | | | | | | | |
| | **şa** | **at** | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **ruh** | | | | |
| | | | | | ruh | | |

*gyzyllar*

Garalar üçin gyzyl piliň öýünde duran gyzyl pyýadany almakdan gowy göçüm ýokdur. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany atynyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen alyşmak üçin ruhuny piliň öýüne göçýär. Eger garalar ruhuny aýyrsa, gyzyllar ruhuny piliň ikinji öýüne, ýagny gara ruhuň öňki duran ýerine göçýär. Garalar ruhy almaly bolýar. Gyzyllar at bilen küşt berip, ruhy şarama bilen alyp, döwi utýar.

**Bu oýun Ýusup Türkmeniň oýnan meşhur oýnudyr. Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | | | | | **ruh** | |
| | | | | | | **ruh** | |
| | | at | perzi | | | | ruh |
| **pyýa da** | ruh | pyýa da | **pyýa da** | | | | |
| pyýa da | | | | **pyýa da** | | | |
| | | | | **per zi** | **pyýa da** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | şa | | | |

*garalar*

Garalar ruhuň üçünji öýünde duran ruhuny atyň üçünji öýüne – iki gyzyl ruhuň öňüne ruhy mugt alyň diýen ýaly edip göçýär. Eger gyzyllar ruhy almasa, onda garalar ruhy alýar-da, oýny utýar. Eger-de gyzyllar gara ruhy alsa, garalar beýleki ruhy bilen ruhuň dördünji öýünde duran gyzyl pyýadany alýar-da, küşt berýär. Gyzyllar şany atyň ikinji öýüne göçýär. Soň garalar ruhuň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar şany piliň öýüne göçýär. Garalar ruh bilen piliň ikinji öýünden gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

**Bu oýun Nasrany Aly Hyşamyň meşhur oýunlarynyň biridir. Nasrany oýny gara mallarda oýnapdyr. Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **ruh** | **perzi** | |
| **ruh** | **pyýada** | | **pyýada** | | | **pyýada** | **pyýada** |
| | | **at** | **pil** | | **pyýada** | **şa** | **pyýada** |
| | | pyýada | | | at | pil | |
| | pyýada | **pil** | | pyýada | pyýada | | pyýada |
| pyýada | | | | | ruh | | |
| | pyýada | şa | | perzi | | **pyýada** | |
| | at | | | | | | ruh |

*garalar*

Garalar pyýadasy bilen gyzyllara küşt berýär. Şa açyk ýere göçýär. Soň garalar aty bilen pili alyp, küşt berýär. Gyzyllar şany perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Garalar piliniň pyýadasyny öňe göçüp, küşt berýär. Gyzyllar bolsa şany diňe perzisiniň dördünji öýüne göçüp bilýär. Garalar aty bilen gyzyl pili alyp, küşt berýär. Eger gyzyllar gara pyýadany alsa, garalar öz öýünde oturan aty bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Soňra ruh bilen ruhuň dördünji öýünden küşt berip ýatyrýar.

Eger-de gyzyllar perziniň dördünji öýüne göçse, onda garalar perzisiniň öýünden sagdaky ruh bilen küşt berýär. Onda gyzyllar aty alýar. Garalar ilki pyýada bilen, soň at bilen küşt berýär. Gyzyllar ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar pyýadany göçüp, küşt berýär. Gyzyl şa bir öý aşak göçýär. Garalar beýleki pyýadany göçüp, küşt berýär. Gyzyllar pyýadany aty bilen alýar. Garalar ony gyraky pyýadasy bilen alýar. Gyzyllar ony şasy bilen alýar. Garalar tagtanyň ortasyndan at bilen küşt berýär. Eger gyzyllar şany gyzyl ruhuň dördünji öýüne göçse, garalar piliň üçünji öýünde duran ruh bilen ruhuň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllara bu ýagdaýda diňe pyýadany alaýmak galýar. Garalar ýene ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar bolsa ýene-de beýleki pyýadany almaly bolýar. Garalar hem ýene ruh bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar boş öe göçýär. Garalar atyny perziniň ikinji öýüne göçüp, ruh bilen küşt berýär. Gyzyllara göçmek üçin diňe perzisiniň dördünji öýi galýar. Garalar ýene-de at bilen küşt berýär. Gyzyllar gara şanyň pyýadasyny alýar. Garalar piliň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar piliň öýünde duran pyýadany alýar. Garalar perziniň öýünde duran ruh bilen şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Garalar piliň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany piliniň ikinji öýüne göçýär. Garalar ruhuň öýünde duran pyýadasyny alyp, küşt berýär. Soňra gyzyllar perziniň ikinji öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar.

Oýnuň garalaryň at bilen tagtanyň ortasyndan küşt berýän ýerine gaýdyp geleli. Eger gyzyllar atyň dördünji öýünden garalaryň pyýadasyny alsa, garalar sag piliň üçünji öýünde duran ruh bilen çep atyň üçünji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllar gyzyl piliň dördünji öýünde duran pyýadany alsa, onda garalar oýny utýar. Beýle oýny biz eýýäm beýan edip geçdik. Eger gyzyllar piliniň üçünji öýüne göçse, garalar küşt berýär. Bu halda gyzyllara pyýadany almak galýar. Garalar şanyň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllar bolsa, şany piliň dördünji öýüne göçmeli bolýar. Garalar ruh bilen şany ýatyrýar.

Razynyň pikirine görä, oýun takmynan ýaňky ýatlanymyza meňzeş bolupdyr, ýagny oňa biraz göçümler goşulyp, biraz göçümler hem aýrylyp, ýaňky ýaly ýeňil görnüşe gelipdir.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | ruh | | | şa |
| | | | | | | | |
| | | pyýa da | pil | pil | | **pyýa da** | **pyýa da** |
| | pyýa da | | perzi | **at** | | | **şa** |
| pyýa da | | | | ruh | | | |
| | | | | | at | | **pil** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | **ruh** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar atyň öýünde duran pyýadany göçüp, küşt berýär. Garalar şany atynyň öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň öýünde duran pyýadany itýär. Gara şa ony alýar. Gyzyllar atyň öýünde duran pyýadasyny perzi çykarýar we küşt berýär. Garalar bolsa ony ruh bilen ýa-da pil bilen alýar. Soňra gyzyllar pil bilen küşt berýär. Soňra at bilen küşt berip ýatyrýär.

**Bu oýny Ýusup Türkmen oýnapdyr. Gara mallar Ýusup Türkmeniňki. Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | | | | **pil** | **şa** | |
| | **ruh** | | | | | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | pil | | at | **pyýa da** | pyýa da | | |
| | | **pil** | **pyýa da** | pyýa da | | | |
| | | **perz i** | perzi | pil | | | |
| | | şa | **at** | ruh | | | |
| | | | | | | | ruh |

*garalar*

Garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyl şa piliň ikinji öýüne göçse, garalar ruh bilen küşt berýärde, gyzyllaryň ruhuny mugt alyp, döwi utýar. Eger gyzyllar

şanyň öňüni ruh bilen ýapsa, garalar beýleki ruhuny gyzyl ruhuň ikinji öýüne göçüp, mugt berýär. Eger gyzyl şa ony alsa, garalar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Soň ruhuň ikinji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar şasy bilen ony almasa we beýleki ruhuny çykaryp ruhuny gorasa, garalar aty bilen küşt berýär. Eger gyzyl şa aşak göçse, garalar ruh bilen ruhy alýar. Soň atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | şa | | at | | |
| | | | | **ruh** | | | |
| | | **pyýa da** | **pyýa da** | pyýa da | **ruh** | | pil |
| | | **pil** | pyýa da | | **pil** | **at** | |
| | | pil | | | **at** | **pyýa da** | |
| | pyýa da | at | | | | | |
| ruh | | | | | | | ruh |
| | | **şa** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar aty ruh bilen alyp, küşt berýär. Eger garalar ony pil bilen alsa, gyzyllar perzisiniň öýünden ruh bilen küşt

berýär. Gara şa ony alýar. Gyzyllar pyýadany itip, küşt berýär. Garalar öz öýüne göçýär. Gyzyllar aty bilen gara perziniň üçünji öýünde duran pyýadany alyp, küşt berýär. Garalar ony pil bilen alýar. Gyzyllar ony beýleki aty bilen alyp, garalaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | at | at | şa | | pil | pil | ruh |
| pyýa da | pyýa da | | perzi | | | | pyýa da |
| | | pyýa da | | pyýa da | pyýa da | pyýa da | |
| **at** | **at** | **pil** | | | | | |
| | | | **ruh** | | | | |
| | | | **pil** | | **pyýa da** | | |
| | | | | | | **pyýa da** | **pyýa da** |
| | | | | | | **şa** | |

*gyzyllar*

Suly şeýle diýýär:

Bu oýny Heddädi oýnapdyr. Gyzyllar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär we pyýadany alýar. Garalar şany perzisiniň

öýüne göçýär. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar piliň ikinji öýüne düşýär. Gyzyllar perzini ruh bilen alyp, küşt berýär. Garalar ruhy at bilen alýar. Gyzyllar ilki şanyň öýünden at bilen küşt berýär, soň beýleki aty bilen perziniň öýünden küşt berýär. Garalar şany ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany ruhuň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany gyzyl ruhuň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň pyýadasyny itip, küşt berýär. Garalar şany ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pili öz öýüne gaýtaryp, ýatyrýar.

## SULY ŞEÝLE DIÝIPDIR: «BU BIZIŇ ADLYNYŇ KITABYNDAN SAÝLAP ALAN IŇ SOŇKY DÜZÜMIMIZ. INDI ŞUNDAN SOŇ NESIP BOLSA, BIZ ÖZ DÜZÜMLERIMIZDEN GETIRERIS»

Indi biz Adlynyň öz kitabynda ýatlap geçen, emma Sulynyň agzamadyk küşt düzümlerini ýatlaly. Ol düzümleri beýan edip gutaranymyzdan soň, Sulynyň getiren düzümlerini we başgalary görkezeris.

**Adly aýdýar: «Oýny gyzyllar başlaýar we utýar».**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | **at** | |
| pil | | pyýa da | şa | pyýa da | | | |
| | | **pil** | pyýa da | **at** | pyýa da | | |
| | | | | | | | |
| | **pyýa da** | **perzi** | | **şa** | **pyýa da** | | |
| ruh | | | | at | | | |
| | | | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar perziniň öýünden at bilen küşt berýär. Garalara diňe pili alaýmak galýar. Sebäbi garalar tagtanyň ortasyndaky aty alsa, gyzyllar perzi bilen küşt berýär. Eger garalar ony at bilen alsa, gyzyllar pyýada bilen ýatyrýar. Eger garalar pili alsa, gyzyllar şanyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalara diňe atyň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar şanyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalara diňe ruhuň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalara diňe atyň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar pil bilen küşt berip, garalary ýatyrýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | | | | | | |
| | | şa | | | | | |
| pil | | pyýa da | pil | pyýa da | **at** | | **ruh** |
| | | **pil** | pyýa da | **at** | pyýa da | pyýa da | |
| | | | | | | | |
| | | **perzi** | | **şa** | **pyýa da** | **pyýa da** | |
| ruh | | | | at | **pyýa da** | | |
| | | | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Garalar çep tarapky piliniň pyýadasy bilen küşt berýär. Eger gyzyllar ony alsa, onda garalar pyýada bilen alyp, küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy üçünji öýüne göçse, garalar çep piliň öýünden at bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy dördünji öýüne girse, garalar çep gyzyl atyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy bolsa üçünji öýüne gaýdyp gelýär. Garalar gyzyl pili at bilen alyp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy dördünji öýüne gaýdýar. Garalar gyzyl atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy üçünji öýüne gaýdýar. Soňra garalar piliň öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy dördünji

öýüne gaýdýar. Soňra garalar sagdaky gara piliň öýünde duran, şanyň öňündäki pyýadany piliň üçünji öýünden piliň dördünji öýüne göçýär we küşt berýär. Gyzyllar ony almaly bolýar. Soňra garalar çepki gyzyl atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna gara atyň dördünji öýüne barmak galýar. Garalar ruh bilen dördünji öýünden küşt berýär we ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | ruh | | | | |
| **pyýa da** | şa | | **perzi** | | | **at** | |
| | **pyýa da** | | perzi | | | pyýa da | |
| | **şa** | | | pyýa da | pyýa da | | pyýa da |
| | | | | | pil | pil | |
| | | | | | | | |
| | | | | at | | | |
| | | **ruh** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar garalaryň sagdaky piliniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalar şasyny burça göçse, gyzyllar şany sag

ruhuň üçünji öýünden garalaryň şasynyň garşysyna göçýär. Gyzyllar garalary pyýada bilen ýatyrýar. Eger-de garalar ruhy perzisi bilen alsa, gyzyllar oňa perzi bilen küşt berýär. Eger-de garalaryň şasy piliň öýüne girse, gyzyllar ony pyýada bilen ýatyrýar. Eger-de gara şa burça girse, gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne girýär we garalaryň şasyny perzi bilen ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | at | | | | pil | | |
| | | | | pyýa da | at | ruh | |
| pyýa da | pyýa da | pyýa da | pyýa da | perzi | şa | pyýa da | |
| | | | | | pyýa da | | pyýa da |
| | | | | | **at** | pil | **pyýa da** |
| **pyýa da** | | **perzi** | **pyýa da** | | **şa** | | |
| | **pyýa da** | | | | | **ruh** | |
| | **at** | **pil** | | **ruh** | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar garalaryň perzisini ruh bilen alyp, küşt berýär. Garalar ruhy pil bilen alýar. Gyzyllar pyýadany ruh bilen alyp,

küşt berýär. Eger garalar şany aşak düşürse, gyzyllar pyýada bilen küşt berip ýatyrýar. Eger-de ruhy alsa, onda gyzyllar gyraky pyýadany at bilen alyp küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe tagtanyň ortasyna göçmek galýar. Gyzyllar pyýada bilen küşt berýär. Şa bir öý aşak düşýär. Gyzyllar at bilen küşt berýär we ruha şarama bolýar. Şa mejbur bolup, piliň dördünji öýüne gelýär. Gyzyllar hereket etmedik aty bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe atynyň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Şa üçin diňe gyra göçäýmek galýar. Eger garalaryň şasy ruhuň dördünji öýüne girse, gyzyllar pyýada bilen küşt berýär. Soň gyzyllar perzisi bilen küşt berýär we oýny utýar. Eger garalaryň aty ruhuň dördünji öýüne girse, onda gyzyllar perzi bilen, soň pyýada bilen küşt berýär we utýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | ruh | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | şa | | |
| | | | | | perzi | | |
| | **ruh** | | | | | | |
| | | | | | | **pil** | **şa** |

*gyzyllar*

Garalar ruhuň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllara diňe ruhy bilen şanyň öňüni ýapmak galýar. Garalar öz şasy bilen gyzyl ruhuň ýanyna süýşýär. Gyzyllaryň şasy garalaryň ruhuny almaly bolýar we garalar perzi bilen küşt berip utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| şa | | | | | | | |
| | **ruh** | **şa** | | | | | |
| **perzi** | | | | | | | |
| | | **perzi** | | | | | |
| | | | | | | | |
| | at | | | | | | ruh |
| | | | | | | | |
| ruh | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar şasyny ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony mugt alýar. Soň gyzyllar perzisi bilen küşt berýär. Garalaryň şasy aşak göçýär. Gyzyllar beýleki perzi bilen küşt berip utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | | | | pil | | |
| | | | | | **pyýa da** | şa | |
| | | | | | | **pyýa da** | |
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | | **perzi** | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | ruh |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruh bilen pili alýar. Garalara ruhy almak galýar. Eger garalar ruhy alsa, gyzyl şa garalaryň piliniň üçünji öýüne girýär. Garalar ruh bilen küşt berýär, gyzyllar perzisi bilen şanyň öňüni ýapýar. Garalar ruhy sagdaky atyň öýüne goçýar. Gyzyllar pyýadany öňe itýär we küşt berýär. Garalar pyýadany ruhy bilen alýar, gyzyllar perzisini atyň üçünji öýüne göçýär we ýeňiş gazanýarlar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we garalar utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | şa | | | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | | | | **at** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **perzi** | | |
| | pyýa da | | at | | | **pyýa da** | |
| | ruh | perzi | | | | | |
| **şa** | | | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar haýsy öýe gidende-de, gyzyllar şanyň dördünji öýünden at bilen oňa küşt berýär. Garalaryň şasy göçenden soň, gyzyllar atyny çep pilиniň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhy bilen gyzyllaryň ruhunyň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar aty bilen ruhy alýar, garalar pyýadasyny itip, küşt berýär we utýarlar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | şa | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | ruh | | **perzi** | **at** | **pyýa da** | |
| | | | | | | | |
| | at | | ruh | | pil | pil | |
| **pil** | | | **pyýa da** | pyýa da | | | |
| | pyýa da | | | | | | |
| | | **at** | **şa** | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Garalar ruh bilen aty alyp, küşt berýär. Eger gyzyllar ony pil bilen alsa, garalar pyýadany ruh bilen alýar we küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy öz öýüne barsa, garalar at bilen küşt berip utýar. Eger-de gyzyllar ruhy alsa, garalar pyýadany göçüp, küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy öz öýüne gaýtsa, garalar perzisiniň üçünji öýünden at bilen küşt berýär we utýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | şa | | |
| | | | **ruh** | | | | **ruh** |
| | | | | **perzi** | **at** | **pyýa da** | |
| | | | | | **pyýa da** | | |
| | pyýa da | | | | | | |
| **pil** | | | | | | ruh | |
| **şa** | **pyýa da** | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllara diňe atyň öýüne göçmek galýar. Garalar sagdaky gyzyl atyň üçünji öýünde duran ruh bilen sagdaky gyzyl atyň öýünden küşt berýär. Eger gyzyllar pil bilen onuň öňüni ýapsa, onda garalar öz öýünde duran sagdaky ruhy bilen gyzyllaryň çepdäki ruhunyň öýünden küşt berýär. Eger gyzyllar ruhy alsa, garalar pili alyp, küşt berýär we utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | ruh | | ruh | | | |
| | | | | | | | |
| pil | | | | | | pyýa da | |
| | | **pil** | at | | pyýa da | **pyýa da** | pyýa da |
| at | | | **pyýa da** | | **pyýa da** | | **pyýa da** |
| **perzi** | **ruh** | | **şa** | | **ruh** | | **pil** |
| | | | **at** | | | | |
| | | | şa | | | | |

*gyzyllar*

Garalar perzisiniň öýünde duran ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar ruh bilen ruhy alsa, garalar gyzyl piliň dördünji öýünde duran pyýadany at bilen alýar we utýar. Eger gyzyllar ruhy pil bilen alsa, onda garalar gyzyllaryň çepki piliniň üçünji öýünden piliň öýünde duran ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar ruh bilen ruhy alsa, onda garalar çep atyň dördünji öýünden küşt berýär. Eger-de ony perzi bilen alsa, atyň ikinji öýünden at bilen küşt berip utýar.

**Oýny garalar başlaýar, gyzyllar bolsa utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | | | | şa | **perzi** |
| | | | | **perzi** | pyýa da | **pyýa da** | |
| | | | pil | | **pyýa da** | | |
| | | | | **at** | **şa** | **at** | perzi |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | ruh | |

*gyzyllar*

Garalar üçin, iň dogrusy, gara atyň üçünji öýünden perzi bilen küşt bermekdir. Gyzyllar ony aty bilen alýar. Garalar pyýadasy bilen ol aty alýar. Gyzyllar ony şasy bilen alýar. Garalar ruhy bilen aty alýar. Gyzyllar ony şasy bilen alýar. Gara şa piliniň ikinji öýüne süýşýär. Gyzyllar pyýadasyny itýär we küşt berýär. Eger garalaryň şasy ony alsa, gyzyllaryň şasy gara atyň üçünji öýüne göçýär, küşt berýär we garalary ýeňýär. Eger pyýadany almasa, perziler yza gaýdýar we iki pili alýar. Islendik ýagdaýda hem ýeňiş gazanylýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | şa | | ruh | | |
| | | | | | | **at** | ruh |
| pyýa da | at | | pyýa da | | at | pyýa da | pyýa da |
| | perzi | | pyýa da | **at** | **pil** | **pil** | |
| | | | | | pyýa da | | |
| | | | | | **şa** | | |
| | | | pyýa da | | | | |
| | | **ruh** | | **ruh** | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar gara perziniň dördünji öýünde duran at bilen çep hatardaky gara piliň ikinji öýünden küşt berýär. Eger garalar ony at bilen alsa, gyzyllar garalaryň sag hatardaky pilini ruh bilen alyp, küşt berýär we utýar. Eger garalar ony ruh bilen alsa, gyzyllar pili alyp, küşt berýär. Eger garalar ony at bilen alsa, gyzyllar perzisiniň öýünden beýleki ruh bilen küşt berýär. Garalar ruhy at bilen alýar. Gyzyllar perziniň üçünji öýünden at bilen küşt berip, garalaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | | | |
| | | | | | **ruh** | **şa** | **pil** |
| | | | | | | | |
| | | | | perzi | | şa | |
| | | pil | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar gyzyllara perzi bilen küşt berýär. Eger gyzyllar ruh bilen perzini alsa, garalar öz öýünde duran sag hatardaky ruh bilen çep hatardaky atyň öýünden küşt berýär. Eger gyzyllar ony şasy bilen alsa, garalar gyzyllaryň ruhuny alýar. Soňra garalar şasyny piliň ýanyna göçýär. Eger gyzyllar ruhy alman, şasyny garalaryň çepki piliniň ikinji öýüne göçse, garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar gara ruhy alsa, garalar gyzyl ruhy şa bilen alýar. Eger gyzyllar şasyny atyň

öýüne göçse, garalar şasyny sag hatardaky atynyň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar şasyny gara ruhuň öýüne göçse, garalar pili bilen garalaryň şasynyň üçünji öýüne göçýär we oýun ýeňiş bilen gutarýar.

**Oýny garalar başlaýar, gyzyllar bolsa utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| şa | pyýa da | | | | | | |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | | **pil** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar üçin iň gowy göçüm şasy bilen gyzyllaryň çepki gyzyl atynyň dördünji öýüne göçmek we pyýadasyny perzä çykarmaga tagalla etmekdir. Eger pyýadasyny perzi çykaryp, ony gorap bilse, onda oýun deňleşýär. Ýöne şonda-da eger

ýalňyşmasa, gyzyllar hökman utaýmaly. Ýöne küşt düzümi ýalňyşy göz öňünde tutulyp düzülmeýär. Bu ýerde gyzyllaryň ýeňşi biraz kyn hem uzak. Şonuň üçin hem diňe gyzyl pyýadany perzä çykaryp we gara şany gabap, tiz utup bolýar.

### Görünmeýän (bildirmeýän) deň oýun

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | ruh | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **şa** | | **perzi** | | |
| | pyýa da | | perzi | | | | |
| **ruh** | | perzi | şa | perzi | | **pil** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar öz ruhuny garalaryň ruhunyň garşysyna getirip goýýar. Eger garalar ruhy mugt alsa, gyzyllar garalary perzi bilen ýatyrýar. Eger garalar ruhuny gaçyrsa, gyzyllaryň ruhy

ýene garşysyndan çykýar. Şeýdip oýun dowam edip durýar we oýun deňme-deň gutarýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we deňme-deň gutarýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **at** | | | | |
| | perzi | şa | | **perz i** | | | |
| pyýa da | ruh | | | | | | |
| **şa** | | **pil** | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar sagdaky gara atyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl piliň ikinji öýüne girýär. Gyzyllar atyny öňki ýerine getirýär we küşt berýär. Garalar gyzyl pili alýar. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär. Eger garalar ony ruh bilen alsa, gyzyllar perzini alyp küşt berýär we ruha şarama

emele gelýär. Eger ony şa bilen alsa, gyzyllar ruhy mugt alýar. Netijede, oýun islendik ýagdaýda hem deňme-deň gutarýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we deňme-deň gutarýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | **şa** |
| | | | | | | **pyýa da** | **perzi** |
| | | | | pil | şa | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Eger gyzyllar pyýadasyny perzi çykarjak bolsa utulýar. Emma perzisini çepdäki garalaryň atynyň öýüne göçse we garalaryň şasy atyň üçünji öýüne barsa, gyzyllar hem garalaryň çepdäki piliniň ikinji öýünden perzi bilen küşt berse, garalar

hem perzini alsa, gyzyllaryň şasy gara ruhuň ikinji öýüne göçse, onda oýun deňme-deň gutarýar.

**Deňme-deň oýun**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | **at** | | | | | | |
| **pyýa da** | | | | | | | pyýa da |
| | | | | | | | |
| **pyýa da** | **şa** | | | şa | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Eger garalar aty ruh bilen alsa, gyzyllaryň iki pyýadasy perzi çykýar we utýar. Eger garalar pyýadany alsa, gyzyllar aty bilen küşt berip, ruha şarama bolýar. Garalaryň şasy özüniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhy alýar. Garalaryň pyýadasy perzi çykýar we oýun deňleşýär.

**Oýny garalar başlaýar we deňme-deň gutarýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **şa** | | pyýa<br>da |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | şa | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **pil** | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar şany gyzyl piliň ikinji öýüne göçýär, pil gideninden soň garalar onuň ýanyna, perziniň öýüne göçýär. Eger gyzyllaryň pili öz şasynyň ýanyna barsa, garalaryň şasy gyzyllaryň piliniň ýanyna barýar, şeýdip oýun deň gutarýar.

## Oýny garalar başlaýar we deňme-deň gutarýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | şa | **perzi** | | | perzi |
| | | | **perzi** | | | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | | **pil** | | | | | |
| | | | | | | | |
| | pyýa da | | | ruh | | | |
| | | | | | | **şa** | |
| **ruh** | **pil** | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar gyzyllaryň şasynyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyl şa gitse, garalar gyzyl ruhuň garşysyna öz ruhy bilen ruhuň ikinji öýüne barýar. Eger gyzyllar ruhy alsa, garalar ony pyýada bilen alýar. Ol pyýada soňra perzi çykýar. Gyzyllar haýsy perzini almakçy bolsalar hem garalaryň şasy beýleki perziniň yzyna tirkelýär. Netijede, oýun hökman deňme-deň gutarýar.

**Oýny garalar başlaýar we deňme-deň gutarýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | | | | | |
| | | **perzi** | | | | | |
| pyýa da | | | **pyýa da** | | | | |
| **pyýa da** | | **pil** | | **perzi** | | | |
| | **perzi** | | **şa** | | **pyýa da** | pyýa da | **pyýa da** |
| **pyýa da** | şa | | | | | **pyýa da** | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar pilini şasynyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar göçüm edensoň, garalar pilini gyzyl piliň dördünji öýüne, şasynyň gapdalyna göçýär. Gyzyllar haýsy pyýadany almakçy bolsalar hem, garalar ony pili bilen goraýar we oýun deňme-deň gutarýar.

## Oýny garalar başlaýar we deňme-deň gutarýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **at**[1] | | | | |
| | | **ruh** | | | | | |
| şa | pyýa da | | | | | | |
| pyýa da | | | | | | | |
| **pyýa da** | | | | | | | |
| **pil** | **pyýa da** | | | | | | |
| | | | | | | ruh | ruh |
| **şa** | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar ruhlarynyň biri bilen küşt berýär. Gyzyllar pili bilen şanyň öňüni ýapýar. Garalar beýleki ruhuny çepdäki ruhuň ikinji öýüne göçýär. Eger gyzyllar ruhy ruh bilen alsa, garalar pili alyp küşt berýär we aty alýar. Eger gyzyl ruh gaçsa, gara ruh ony  yzarlap ýörýär, şeýdip oýun deňme-deň gutarýar.

[1] Bu ýerde gyzyl at bir öý çepde, ýagny gara piliň öýünde bolmagy mümkin.

**Utulyşsyz uzaga çekýän oýun. Mundan başga uzaga çekýän utulyşsyz oýun mälim däl, munuň düşündirişe zerurlygy ýokdur. Oýny garalar başlaýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | pil | | | | | |
| | **perzi** | şa | | | | | |
| | perzi | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

## Utulyşsyz uzaga çekýän oýun, munuň düşündirişe zerurlygy ýokdur

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | **ruh** | |
| | | | **pil** | **pil** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **şa** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | perzi | | |
| | | | | | perzi | | şa |
| | | | | | | | |

*garalar*

## Düşündirişe zerurlygy bolmadyk utulyşsyz oýun

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **pil** | | |
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | | perzi | |
| | | | | pyýa<br>da | | | pyýa<br>da |
| | | | | | | şa | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

**Düşündirişe zerurlygy bolmadyk, uzaga çekýän utulyşsyz oýun. Oýny garalar başlaýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | | |
| | | | | | | şa | |
| | | | | **şa** | | | |
| | | **pyýa da** | | | | **pyýa da** | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

**Düşündirişe zerurlygy bolmadyk, uzaga çekýän utulyşsyz oýun. Oýny islän tarap başlap biler**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | | |
| | | | | | şa | | |
| | | | | | | | |
| | | | | **pyýa da** | **perzi** | | |
| | | | | | | | |
| | | | **pil** | **pil** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **şa** | | |

*gyzyllar*

## Düşündirişe zerurlygy bolmadyk utulyşsyz oýun

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **şa** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | şa | | pyýa da | pyýa da |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| **perzi** | | | | | | | |

*garalar*

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | at | | şa | | |
| | | | | | | | |
| | | | **şa** | | | | |
| | | | | **at** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **pil** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar şasyny gara şanyň ikinji öýüne göçýär, garalaryň atyna diňe öz ikinji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär, garalaryň atyna diňe ruhuň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar pilini gyra göçýärler. Eger garalar şasy bilen oýnasa, nirä göçende-de, gyzyllar şasyny atyň üçünji öýüne göçýär. Garalaryň atyna diňe gyzyl atyň üçünji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar öz atyny sag tarapdaky piliniň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar atyny burça

göçse, gyzyllar aty bilen şanyň dördünji öýüne gelýär. Garalar şany ortadan aýyrýar. Gyzyllar aty alýar. Eger garalar şany göçmän, aty göçse, gyzyllar edil öňküsi ýaly oýnap utýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | şa | |
| | | | | | **ruh** | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | | | **at** | | **perzi** | |
| | | | | | | | |
| | perzi | at | | | | | |
| ruh | | | ruh | | | | |
| | | **şa** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuň üçünji öýünde duran ruhy bilen atyň üçünji öýüne göçüp küşt berýär. Gara şa ruhuň öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy üçin diňe ru-

huň ikinji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar perziniň aşagyndan ruhuň üçünji öýünden beýleki ruh bilen küşt berýär. Garalara diňe atyň ikinji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar piliň üçünji öýünden perzisi bilen küşt berýär. Garalar haýsy ruhy alsa-da, gyzyllar beýleki ruhy bilen küşt berip, oýny utýar.

Bu ýazgylary Abu Yshak Ybraýym ibn Mübärek ibn Aly Müzehhep Bagdady 535[1]-nji ýylyň Gurban aýynda göçürip tamamlady. Beren uly nygmatlary üçin Beýik we Gudratly Allatagala hamdy-senalar bolsun! Onuň sowatsyz, Bathaly, Tihamaly[2], Mekgeli, Medineli pygamberine, onuň maşgalasyna we oňa hemra bolan Abu Bekre, Omara, Osmana, Ala we hemme sahabalaryna razyçylygy hem salamatlygy bolsun!

[1] Милады 1140-нїи йыл.
[2] Батха, Тихама – Мекгӱниє голайында ерлешйӱн ер-юртлар.

## SULYNYŇ ÝAZGYLARYNDAN SAÝLAMA DÖWLER. MUNDA ADLYNYŇ ÝAZGA GEÇIRMEDIK ZATLARY WE SULYNYŇKYDA ÝOK DÖWLER HEM BAR

**Oýny garalar başlaýar, gyzyllar bolsa utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **perzi** | | şa |
| | | | | | | | |
| | | | | | **at** | | |
| | | | | | | **şa** | |
| | | | at | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar hökman at bilen küşt berýär. Perzä şarama emele gelýär. Gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar gyzyllaryň perzisini alýar we küşt berýär. Gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar alyşmak üçin aty bilen ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllaryň aty şasynyň dördünji öýüne gaýdýar, şeýdip utuş gazanylýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | ruh | | |
| | | | | | | perzi | |
| | | | | at | | | pyýa da |
| | | | | | | | |
| | | | | **şa** | | | |
| pyýa da | | **at** | **pyýa da** | **pyýa da** | | | |
| | | | **ruh** | | | | |
| | | şa | | | | | |

*garalar*

Bu oýun Hasgamy bilen Reýýahynyň arasynda bolup geçipdir. Hasgamy atyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy üçin gitmäge üç öý bar. Olaryň ikisinde garalar küşt

berip, ruha şarama bolup, oýny utýar. Üçünji öý şanyň dördünji öýüdir. Gyzyllaryň şasy şoňa girýär. Garalar şanyň öýünden gyzyllara ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar şany garalaryň çepki piliniň dördünji öýüne göçýär. Garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar şany atyň üçünji öýüne aýyrýar. Garalar ruh bilen aty alýar. Gyzyllar ruhy şa bilen alýar. Garalar at bilen küşt berip ruha hüjüm edýär. Gyzyllar şany aýyrýar. Garalar ruhy at bilen alýar. Gyzyllar pyýadalary gidirýär. Garalar pyýadany perzi çykaryp, iki perzi bilen döwi utýar.

**Bu oýny Abu Naggam oýnapdyr. Ol bu oýnuna örän guwanar eken. Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | şa | |
| | | | **ruh** | | | | **ruh** |
| | | | | | **şa** | **at** | |
| | | | | | **pyýa da** | | |
| | | | | | pyýa da | | |
| | | | | | | at | |
| | | | | | | | |
| | | | | ruh | | ruh | |

*gyzyllar*

Garalar ruhuň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar aty ruhy bilen alýar. Garalar ruhy bilen gyzyl aty alyp, küşt berýär, gyzyllar ony şasy bilen alýar. Garalar perziniň üçünji öýünden, ruh bilen küşt berip, gyzyllary ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**[1]

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **at** | **perzi** | | | |
| perzi | | | | | pyýada | ruh | |
| | | | | | | pyýada | |
| | | **pil** | | **at** | | | at |
| | | | | | | **pyýada** | |
| | pyýada | | | | | | |
| pyýada | | | pyýada | | | | |
| **şa** | at | | **ruh** | **pil** | **pil** | ruh | **ruh** |

*gyzyllar*

Gyzyllar piliň ikinji öýünden, tagtanyň ortasyndan at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar

[1] Ýazar garalaryň şasyny goýman gidipdir.

şanyň üçünji öýünden beýleki aty bilen küşt berýär, garalaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýada bilen küşt berýär, garalaryň şasy piliň dördünji öýüne girýär. Gyzyllar perziniň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe atyň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünde duran aty göçüp, şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy üçin iň gowusy atyň üçünji öýüne girmekdir. Gyzyllar şanyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy özi üçin iň gowy öý bolan atyň ikinji öýüne girýär. Gyzyllar perzini alyp, küşt berýär. Garalar ruhy almasa, gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar. Eger garalar ruhy alsa, gyzyllar atyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atyň ikinji öýüne gelse, onda gyzyllar piliň dördünji öýünden beýleki aty bilen küşt berýär. Soň ruh bilen şanyň öýünden küşt berýär we şany ýatyrýar. Eger şa atyň öýüne göçse, onda gyzyllar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger şa burça gelse, onda gyzyllar ýene-de şonuň bilen ruhuň üçünji öýünden küşt berýär. Eger garalaryň şasy atyň öýüne gelse, gyzyllar şanyň üçünji öýünden beýleki pili bilen küşt berýär. Soňra gyzyllar piliň dördünji öýünden at bilen küşt berýär we ýatyrýar. Eger garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçse, gyzyllar atyny göçýär, soň pil bilen küşt berýär we ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | | | **ruh** | **pil** | | |
| **pyýa da** | | | | pil | **at** | **perzi** | şa |
| perzi | | | | | | | **perzi** |
| | | | pyýa da | pyýa da | | | |
| | | | at | | pyýa da | pyýa da | **ruh** |
| | | | pil | | | | **at** |
| | ruh | | | | | pyýa da | |
| | | | | ruh | | | |

*garalar*

Garalar perzi bilen küşt berýär, gyzyllaryň şasy atynyň öýüne gelýär. Garalar at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy piliniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýada bilen küşt berýär, gyzyllaryň şasyna diňe perziniň ikinji öýüne göçäýmek galýar. Garalar atyň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär, gyzyllaryň şasy şanyň üçünji öýüne göçýär. Garalar piliniň pyýadasyny öňe sürýär we küşt berýär. Gyzyllar şany perziniň dördünji öýüne göçýär. Garalar perziniň ikinji öýün-

den ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy garalaryň piliniň dördünji öýüne gelýär. Garalar oňa piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy pili alsa, garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Soň beýleki ruh bilen ruhuň öýünden küşt berip ýatyrýar.

Eger gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne düşse, garalar perziniň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy atyň dördünji öýüne göçse, garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, garalar ruh bilen atyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe ruhuň ikinji öýüne göçäýmek galýar. Şonda garalar piliň ikinji öýünden beýleki ruhy bilen küşt berýär, gyzyllaryň şasy boş öýe girýär. Garalar ruhuň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär, soňra pili yza çekip, ýene-de küşt berýär we ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçmän, ruhuň dördünji öýüne gelse, garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ol ýerden göçse, garalar beýleki ruh bilen ruhuň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy diňe atyň üçünji öýüne düşmeli bolýar. Garalar pilini yza çekýär we küşt berip, gyzyl şany anyk ýatyrýar.

Indi oýnuň at bilen göçüp küşt berilýän ýerine gaýdyp geleli. Eger gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýünde wagty, ruhuň üçünji öýüne gitse, garalar ruh bilen ruhuň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe atyň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Soň garalar atyň öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne gelse, garalar şanyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy piliň dördünji öýüne göçse, garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy atyň dördünji öýüne gelse, onda oýun birinji oýna gaýdyp gelýär we garalar utýar. Eger gyzyllaryň şasy perziniň dördünji öýüne göçse, garalar atyny sag hatardaky piliň üçünji öýüne göçýär we küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe garalaryň

şasynyň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Garalar piliň dördünji öýünden, piliň öýünde duran ruh bilen küşt berip gyzyllary ýatyrýar. Eger gyzyllar bu oýunda ýalňyşsalar, onda ýeňiş has tiz bolmalydy. Netijede, oýun belli bir ýagdaýa gelmelidi, ýagny oýun belli bir derejede tiz gutarardy ýa-da uzaga çekerdi.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**[1]

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | at | ruh | ruh | | | | |
| | | | | | | | |
| | pil | pyýada | pyýada | | | | |
| pyýada | | | | | | | pyýada |
| | | | | perzi | | pyýada | şa |
| **pyýada** | **pyýada** | | at | | | pyýada | |
| | **at** | **pil** | **şa** | | | | **ruh** |

*gyzyllar*

[1] Küşt tagtasynda ýerleşdirilen mallar bilen onuň aşagynda berlen çözüliş biri-birine gabat gelmeýär.

Gyzyllar atyň öýünde duran pyýadany göçüp, küşt berýär. Eger garalar şasyny ruhuň ikinji öýüne göçse, gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Soňra atyň öýünden ruh bilen küşt berip, garalaryň şasyny ýatyrýar. Şonuň üçin gyzyllar pyýada bilen küşt berende, garalar şany atyň ikinji öýüne göçse has gowy göçüm bolýar. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär. Garalar ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllara atyň öýüne ýa-da ruhuň öýüne göçmek galýar. Gyzyllar atyň öýünde duran pyýadany at bilen alyp, küşt berýär. Garalar ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar aty alýar. Gyzyllar ruhuň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalar gyzyl piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň pyýadasyny göçüp, küşt berýär. Garalar şasyny perziniň üçünji öýüne göçürýär. Gyzyllar piliň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalar şasyny şanyň üçünji öýüne göçýärde, küşt berýär. Garalar piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar sag hatardaky ruh bilen ruhuň üçünji öýünden küşt berip ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **pil** | | | **pil** | | **ruh** |
| | **at** | **pyýa da** | | | | | |
| | | **ruh** | **perzi** | | **pyýa da** | **şa** | |
| | **pyýa da** | | | **pyýa da** | | | at |
| | pyýa da | | | perzi | | | ruh |
| pyýa da | | pyýa da | pyýa da | | | | |
| | | at | şa | ruh | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Bu oýnuň iki usuly bar. Garalar şanyň ikinji öýünde duran ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe piliniň ikinji öýüne göçäýmek galýar, sebäbi ol gyraky öýe göçse, garalar aty bilen ruhunyň öňüni açyp ýatyrýar. Eger piliniň ikinji öýüne göçse, garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär, eger öz öýüne göçse, garalar piliň pyýadasyny at bilen alýar we perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berip, gyzyllary ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy şanyň üçünji öýüne göçse, bu iň gowy göçümdir. Garalar piliň ikinji öýünde duran at bilen göçüm

edip, perzisiniň dördünji öýünden küşt berýär we ony pyýada mugt berýär. Gyzyllar aty hökman almaly bolýar. Şonda garalar piliň dördünji öýünden beýleki aty bilen küşt berýär, gyzyllaryň şasy bolsa dördünji öýüne göçýär. Garalar pyýadany piliň pyýadasy bilen alýar we küşt berýär. Gyzyllaryň şasy pyýadany almaly bolýar. Garalar şanyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar dördünji öýüne gaýdyp gelýär. Garalar perzisiniň pyýadasyny öňe göçýär we küşt berýär. Gyzyllaryň şasy üçünji öýüne göçýär. Garalar piliniň dördünji öýünden at bilen küşt berip gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | pil | pil | | | perzi | ruh | |
| at | | | pyýa da | at | | | |
| pyýa da | pyýa da | | | | şa | | pyýa da |
| | | | | pyýa da | **pyýa da** | pyýa da | |
| | | | | **pyýa da** | | | |
| | | **pyýa da** | **at** | | | **at** | |
| **pyýa da** | | **perzi** | **şa** | | | **pyýa da** | **pyýa da** |
| **ruh** | **pil** | **pil** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şasyny piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar aty bilen garalaryň pyýadasyny alýar we küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe öz öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar aty bilen piliň üçünji öýünden göçüp, küşt berýär. Garalaryň şasy perzisiniň öýüne göçýär. Gyzyllar piliň ikinji öýünden beýleki aty bilen küşt berýär. Garalara diňe piliniň ikinji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar şanyň öýünden at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atynyň ikinji öýüne gitse, gyzyllar perziniň öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar. Eger garalaryň şasy piliniň üçünji öýüne girse hem, iň gowusy şoldur, gyzyllar ýene-de perziniň öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliniň dördünji öýüne düşýär, iň gowusy hem şol göçümdir. Onsoň gyzyllar şanyň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atynyň dördünji öýüne göçýär, gyzyllar beýleki pili bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhunyň dördünji öýüne gelýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär, garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pilini öz öýüne göçýär we küşt berýär. Garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhy bilen atyň öýünde küşt berip, garalary ýatyrýar.

Eger garalar oýunda ýalňyşsa, onda utuş has tiz gazanylýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | şa | pil | ruh | |
| | | | | | | | **ruh** |
| **pyýa da** | **pyýa da** | | perzi | | **pyýa da** | | |
| | | pyýa da | | pyýa da | **pil** | **at** | |
| | | | | | | | |
| | | **pyýa da** | | | at | | pyýa da |
| | **ruh** | pyýa da | **pyýa da** | at | | | |
| | | | **at** | | | **pil** | **şa** |

*gyzyllar*

Gyzyllar şanyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony perzi bilen almaly bolýar. Ýogsa, gyzyllar öňürti at bilen, soň hem ruh bilen küşt berip utýarlar. Eger garalar ony perzi bilen alsa, gyzyllar pyýadany itip küşt berýär, garalar şany perzisiniň öýüne göçýär. Gyzyllar aty bilen şanyň üçünji öýünden küşt berýär. Şeýlelikde, gara şa piliň öýüne göçýär. Gyzyllar atyň pyýadasyny göçüp, küşt berýär. Garalar şany atyň öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň pyýadasyny aýryp, küşt

berýär. Garalar ony alýar. Gyzyllar öz atynyň pyýadasyny perzä çykarýar we küşt berýär. Garalar üçin iň gowy göçüm ruhuň üçünji öýüdir. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär, şeýlelikde, gara şa ruhuň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar bolsa ruh bilen küşt berýär. Bu halatda gara şa gyzyllaryň ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar bolsa atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär, garalar ruhuň üçünji öýüne gelýär, gyzyllar ýene-de piliň dördünji öýünden küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçse, gyzyllar ruhuň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atyň öýüne göçse, gyzyllar perziniň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär, soň ruhuň öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçse, gyzyllar ruhuň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär we aty mugt giderýär. Garalar aty alýar. Gyzyllar perzisiniň pyýadasyny göçüp, küşt berýär we ýatyrýar. Gyzyllar garalara gara ruhuň dördünji öýünden ruh bilen küşt beren wagty garalaryň şasy atynyň üçünji öýüne göçse, onda gyzyllar ruhuň üçünji öýünden küşt berýär. Garalar şasy bilen aty almaly bolýar. Soň gyzyllar pyýadany göçüp, küşt berip, garalary ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| şa | pil | | | **at** | | | |
| | pyýa da | | | | | | **at** |
| pil | | at | | | | pyýa da | |
| at | | | | | **pil** | | |
| | | | **pyýa da** | | | **pyýa da** | |
| | perzi | **pyýa da** | | **pil** | | pyýa da | |
| | **pyýa da** | ruh | ruh | | | **pyýa da** | |
| | | | | **şa** | | **ruh** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar at bilen piliň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar at bilen ruhuň öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar garalaryň şasynyň ikinji öýünden beýleki pil bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhuň dördünji öýüne göçse, gyzyllar at bilen küşt berip, ony ýatyrýar. Emma gara-

laryň şasy piliň dördünji öýüne göçse, bu iň gowy göçümdir, gyzyllar at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pilini şanyň ikinji öýünden atyň dördünji öýüne gaýtarýar we küşt berýär. Garalaryň şasy dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň üçünji öýünden beýleki aty bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe gyzyllaryň piliniň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar tagtanyň ortasyndaky, atyň üçünji öýündäki aty bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe atyň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar pilini şanyň üçünji öýüne göçýär we küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhuň dördünji öýüne gelse, gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berip, olary ýatyrýar. Eger garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ýene-de ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe piliniň öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar şanyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atyň öýüne göçse, onda gyzyllar beýleki at bilen küşt berip ýatyrýar.

Eger garalaryň şasy perzisiniň öýüne göçse, gyzyllar piliň üçünji öýünden beýleki at bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe öz öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar aty perziniň üçünji öýüne gaýtaryp, garalara küşt berýär. Eger garalaryň şasy perzisiniň öýüne gaýtsa, gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar. Eger garalaryň şasy piliniň öýüne göçse, gyzyllar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **at** | | | **pil** | | |
| at | **şa** | | | | | | |
| **pil** | | at | **pyýa da** | | pyýa da | | **pyýa da** |
| pyýa da | | | | pyýa da | pil | | |
| | | | | pyýa da | **perzi** | | |
| pil | | | ruh | **at** | ruh | | |
| **ruh** | | | | | | | **ruh** |
| | | | | şa | | | |

*garalar*

Garalar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar onuň öňüni ýapsa, garalar ony ruh bilen alyp, ýene küşt berýär. Soňra garalar aty bilen atyň dördünji öýünden küşt berip, ruh bilen atyň öýünden gyzyllaryň şasyny ýatyrýar. Eger-de gyzyllar onuň öňüni ýapmasa, ýagny has gowy göçüm edip, piliň ikinji öýüne gitse, onda garalar atyň dördünji öýünden küşt berýär. Iň gowy göçüm gyzyllaryň şasynyň aty alman, öňki boş duran ýerine gaýdyp barmagydyr. Garalar atyny şanyň dördünji öýüne göçüp, beýleki atyny goraýar. Ruhuň öňi açylýar we ga-

ralar küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy onuň öňüni ýapsa birinji ýagdaýda beýan eden utuşymyza gaýdyp gelinýär. Eger-de gyzyllaryň şasy burça gitse, garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne gitmegi göçümleriň gowusydyr. Şonda garalar şanyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe aty almak galýar. Garalar perziniň öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen atyň ikinji öýünden küşt berip, beýleki aty hem mugt giderýär. Gyzyllaryň şasy aty almaly bolýar. Garalar perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz öýüne göçýär. Garalar piliniň öýünde duran pyýadany göçüp ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | şa | | | | **şa** | | |
| | | | | | | | |
| | | | **at** | | | | at |
| | | | | | | | |
| | | | | | **perzi** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar şasyny atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar bolsa, atyny atyň üçünji öýüne getirýär. Gyzyllar atyny şanyň üçünji öýüne göçýär. Garalar üçin iň gowy göçüm şasyny piliň üçünji öýüne göçmekdir. Gyzyllar şasyny atyň dördünji öýüne göçýär, garalar üçin ýene iň gowy göçüm aty bilen burça gelmekdir. Gyzyllaryň şasy piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar hökman atyny piliň ikinji öýüne göçmeli bolýar. Gyzyllar perzisini şanyň ikinji öýüne göçýär. Eger garalar şasyny oýnasa, gyzyl-

lar perziniň öýünden aty bilen ata howp salýar we arassa utuş gazanýarlar. Garalar üçin iň gowy göçüm ruhuň üçünji öýünden küşt bermekdir. Şonda gyzyllaryň şasy atyň dördünji öýüne gelýär. Garalar atyny piliň ikinji öýüne gaýtaryp, ýene-de küşt berýär. Gyzyllar gara piliň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar şasyny göçse, ýokarda aýdan utuşymyz amala aşýar. Ýöne garalar üçin gowusy aty ruhuň üçünji öýüne göçmekdir. Gyzyllar atyny atyň ikinji öýüne göçýär. Eger garalar şasyny gozgasa, onda olar utulýar. Eger-de garalar atyny piliň ikinji öýüne göçse, iň gowy göçüm şoldur, gyzyllar aty bilen piliň dördünji öýüne göçüp utýar. Ol utuş hem düşündirişe mätäç däl. Ýöne bu ýerde has uzak hem inçe ýeňiş bar. Gyzyllar atyny pilиniň öýüne getirýär, eger garalar şasyny perziniň dördünji öýüne göçse, gyzyllar atyny perziniň ikinji öýüne göçýär. Eger garalaryň şasy gyzyl perziniň dördünji öýüne göçse, onda utulýar. Garalar üçin iň gowy göçüm atyny atynyň öýüne göçmekdir. Gyzyllar hem perzisini piliniň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar atyny ruhuň üçünji öýüne göçse, gyzyllar atyny şasynyň dördünji öýüne göçýär, netijede, garalar utulýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | ruh | | | | | | |
| | pil | | | | | | |
| | | | | | | | **şa** |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | | | şa | | | **pil** |
| | | pil | | | | | |

*garalar*

Garalar ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar ruhy alsa, garalar şasyny piliň[1] üçünji öýüne göçýär. Soňra bolsa, pilini atyň dördünji öýünden perziniň üçünji öýüne göçýär. Ikinji pilini hem şanyň üçünji öýüne göçýär we beýleki pilini perziniň üçünji öýünden öz öýüne gaýtarýar. Netijede, Beýik Allanyň islegi bilen garalar ýeňiş gazanýar.

[1] Ýazar käwagt diňe bir tarapyň göçümlerini aýdyp geçýär, beýleki tarapyň göçümleri oýny yzarlayanyň özüne anyk bolmaly.

**Oýny garalar başlaýar, gyzyllar utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | **pil** | | | |
| | | | | **at** | | | |
| | şa | | | perzi | **perzi** | | at |
| | pyýa da | | perzi | **şa** | | | |
| | **at** | | | pyýa da | | **pyýa da** | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar üçin iň gowy göçüm pyýadany alyp, küşt bermekdir. Şeýle ýagdaýda gyzyllar şasyny perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Garalar gyzyllaryň perzisini aty bilen alýar. Gyzyllar hem garalaryň perzisini aty bilen alýar we küşt berýär. Garalar ony aty bilen ýa-da perzisi bilen alýar. Eger aty bilen alsa, gyzyllar hem ony aty bilen alýar. Garalar ony perzi bilen alsa, gyzyllar ony şasy bilen alýar. Garalar üçin iň gowy göçüm şasynyň pyýadasyny göçmekdir. Şeýlelikde, gyzyllar onuň ýanyna gaýdyp baryp, islän ýerinden alýar we pyýadanyň perzi çykmagyna päsgel ber-

ýär. Hatda garalaryň şasy gyra barýança we gyzyllaryň şasy piliniň ikinji öýünde ýerleşýänçä, garalaryň şasy çykmak üçin haýsy tarapdan aýlananda-da, gyzyllar pili bilen oňa päsgel berýär we pyýadasyny perzi çykaryp, garalary utýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | perzi | | şa |
| | | | | | | pyýa da | |
| | | | | | **pyýa da** | | **pyýa da** |
| | | | | | | | **şa** |
| | | | | **pil** | | | **pil** |
| | | | | **ruh** | | | |
| | | | | | | | ruh |

*gyzyllar*

Gyzyllar pyýadany alyp, küşt berýär. Garalar ony perzisi bilen alýar. Gyzyllar ony hem alýar we küşt berýär. Eger garalar ony almasa, gyzyllar ruhy göçýär, dört mal bir malyň garşysyna bolup, gyzyllar utýar. Eger gara şa ony alsa, gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar şany gyra göçýär.

Gyzyllar pilini atynyň öýüne göçýär. Eger garalar şany göçse, gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar şany gyzyl şanyň tarapyna göçse, gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar atyň üçünji öýüne göçse, gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçýär we küşt berýär. Her halda gyzyllar ruhy alýar-da garalary utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | | | | | | **ruh** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| at | | | | şa | | | |
| | | | ruh | pil | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar küşt berip, aty alýar. Garalar şany şanyň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar aty alsa, garalar piliň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar şany atynyň öýüne göçse, garalar şanyň öýünden küşt berip, döwi utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **şa** | | | |
| | | | | perzi | | pyýa da | |
| **pil** | | | | | pyýa da | | |
| | | | | at | | | **ruh** |
| | | | şa | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar aty ruh bilen alýar. Garalar ony şa bilen alýar. Gyzyllar atyň öýünde duran pyýadanyň perzi çykmagyna päsgel bermek üçin şany piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar şany gyzyl piliň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar pilini göçse, garalar pyýadasyny göçüp, küşt berýär we pyýadany mugt berýär. Eger gyzyllar ony almasa utulýar, eger alsa, garalar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Soň pyýadany göçüp, küşt berýär we perzi bilen oýny utýar.

Men biri bilen oýnanymda düzümleriň şeýle ýoly peýda boldy. Abu Naggam hem şuňa meňzeş bir oýun bilen buýsanar eken. Ýöne ol bu oýna meňzeş däl, hatda muňa golaý hem däl. Biz ony Abu Naggamyň düzümlerinde beýan edipdik.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| şa | | | | | | | |
| | | **şa** | **at** | | | | ruh |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | **ruh** | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuny atynyň dördünji öýüne göçýär. Garalar üçin iň gowy göçüm ruhuny atyň üçünji öýüne göçmekdir. Gyzyllar ruhuny sag hatardaky ruhuň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruhuny perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Bu garalar üçin iň gowy göçümdir. Gyzyllar çep hatardaky ruhunyň dördünji

öýünden ruhy bilen küşt berýär. Garalar şasyny atynyň öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuny perzisiniň dördünji öýüne göçüp, garalaryň ruhuna hüjüm edýär. Garalaryň ruhy öz islän öýüne gidensoň, gyzyllar ruhuny gara perziniň ikinji öýüne göçýär we garalaryň şasyny bir setire gabap, öňüni tutýar. Garalaryň şasy şol açyk setirden aýrylyp bilmeýär. Gyzyllar oňa ruh bilen küşt berýär, soň at bilen, soň ýene ruh bilen küşt berip, garalaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **şa** | | | | | |
| | | at | | ruh | | | |
| | | | şa | pyýa da | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **ruh** | pyýa da | | | | |
| **pyýa da** | | | **at** | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Bu oýun iki ýol bilen utuşa alyp barýar. Birinjisi, garalar atyny şanyň dördünji öýüne göçýär. Sebäbi pyýadany göçse, onda oýun deň gutarýar. Eger aty göçse, gyzyllar gara pyýadany ruhy bilen alýar. Garalar şasyny piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy üçin iň gowy göçüm atynyň öýüne barmakdyr. Garalar atyň ikinji öýünden ruhy bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe piliň öýüne göçäýmek galýar. Garalar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz öýüne gelýär. Garalar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perzisiniň ikinji öýüne göçýär. Garalar at bilen şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllar pyýadany alsa, garalar küşt berip, ruha şarama edýär. Eger gyzyllar aty ruh bilen alsa hem iň soňy utulýar.

Ikinji usul şeýledir. Garalar atyny gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň pyýadasyny alýar. Bu olar üçin iň gowy göçümdir. Garalar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllara öz öýüne gelmek ýagdaýy döreýär. Garalar ruhuny çepki gyzyl ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny göçse hem, ruhuny göçse hem utulýar. Garalar ony pyýada, at ýa-da ruh bilen ýatyrýar. Eger-de gyzyllar şany perzisiniň öýüne göçse, ýagny ruhuny we atyny göçmese, onda garalar piliň ikinji öýünden at bilen ýatyrjak bolup, pyýadasyny göçýär. Gyzyllar ruhuny şanyň ikinji öýüne göçýär. Eger aty almak üçin küşt berilse, garalar ruh bilen küşt berýär, soň ýene küşt berip, ruhy mugt alýar we utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | | | | **ruh** | |
| | perzi | | | | **pyýa da** | | şa |
| ruh | | | ruh | | | at | |
| pyýa da | pyýa da | | | pyýa da | | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| | | | | | | | **at** |
| | | | | | **şa** | **ruh** | |
| | | **pil** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhunyň pyýadasyny göçüp, ony maňa mugt ber diýen ýaly ata hüjüm edýär. Eger garalar aty berse, gyzyllar alyp utýar. Eger aty perzisiniň ikinji öýüne göçse, at bilen atyň dördünji öýünden küşt berýär. Eger aşak düşse, ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalara diňe atyň ikinji öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar piliniň pyýadasyny göçýär, soň ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gara şa piliň üçünji öýüne düşse, gyzyllar ruhuň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Soň pyýada we at bilen küşt berip, ruhuň üçünji öýünde ýatyrýar.

Eger-de gyzyllar ilkibaşda pyýadany göçüp, ata hüjüm eden wagtynda, garalar atyny ruhuň dördünji öýüne göçen bolsa hem gyzyllar ýokardaky ýatlan oýnumyzyň hut özüni oýnap utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | | | | | | | şa |
| | | | pil | | **ruh** | **ruh** | |
| | | | | | **pyýa da** | | **pil** |
| | at | | | | | | |
| | | | | | | | |
| pil | | | | at | | | |
| perzi | | | | | | | |
| | | | | ruh | | | |

*garalar*

Garalar aty bilen gyzyllaryň şasynyň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň[1] ikinji öýüne göçýär. Garalar at bilen pi-

[1] Küşt tagtasyndaky mallaryň ýerleşişi bilen görkezilen çözülişde gabat gelmeýän ýerler bar.

liň dördünji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne göçse, garalar şanyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy üçin ruhuň dördünji öýi galýar we ol şoňa göçýär. Garalar ruhuň üçünji öýünden ruh bilen küşt berip, gyzyl şany ýatyrýar. Eger gyzyl şa at bilen küşt berlen wagty, piliň üçünji öýüne göçse, bu hem onuň göçümleriniň iň gowusydyr, garalar şanyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyl şa perziniň dördünji öýüne göçýär. Garalar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär, gyzyl şa piliň dördünji öýüne göçýär. Netijede, garalar perzi bilen küşt berip utýarlar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | şa | | at | | | |
| | | | | perzi | | | |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | **at** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar şa bilen perzini alýar. Garalar atyny atyň ikinji öýüne çykarýar. Gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Gara ata diňe ruhuň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar pilini gyra göçýär. Garalar atyny gyzyl atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny piliniň üçünji öýüne göçýär. Eger garalaryň aty öňki ýerine göçse, gyzyllar atyny şanyň ikinji öýüne göçýär we utýar. Eger garalaryň aty gyrada bolsa we şa perziniň ikinji öýüne göçse, gyzyllar garalary utýar. Gara üçin gowy göçüm atyny atyň üçünji öýüne göçmekdir. Gyzyllar piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar atyny piliň ikinji öýüne çykarýar. Gyzyllar pilini yzyna gaýtaryp, hökman utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| şa | | | | | | | |
| **pyýa da** | | | | | | | |
| | **şa** | **pyýa da** | | pil | | | pil |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar piliniň pyýadasyny piliniň ikinji öýüne göçýär. Garalar sag hatardaky pilini öz öýüne gaýtarýar. Gyzyllar pyýadasyny aldyrýar we garalar utýar. Ýöne gyzyllar üçin gowy göçüm şasyny ruhuň üçünji öýüne göçmekdir. Şonda garalar pili bilen piliň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar üçin iň dogry göçüm atyň üçünji öýüne göçmekdir. Şonda garalar çep hatardaky pilini öz öýüne gaýtarýar. Gyzyllar hökman piliň dördünji öýüne ýa-da atyň dördünji öýüne göçmeli bolýar. Iki göçüm hem garalaryň pili üçin deňdir. Garalar pyýadany şa bilen alýar. Gyzyllar bolsa pili alýar. Garalaryň şasy atyň

üçünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy şanyň dördünji öýüne göçýär. Garalaryň şasy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýadany göçmeli bolýar. Garalar gyzyllaryň üçünji öýüne barýar we hökman ony alýar. Şeýdip, garalar döwi utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **at** | | **şa** | | | | |
| **ruh** | | **at** | | **ruh** | | | |
| | | | | ruh | | **pyýa da** | |
| | | at | | pyýa da | | | **pyýa da** |
| **pyýa da** | pyýa da | | | | | **pil** | pyýa da |
| | **perzi** | | pyýa da | pil | | | |
| | | ruh | | | | şa | perzi |
| | | | | | pil | | |

*garalar*

Garalar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllara ony ruhy bilen almak galýar.[1] Garalar ruh bilen perziniň öýün-

[1] Küşt tagtasyndaky mallaryň ýerleşişi bilen düşündirişiň arasynda gabat gelmeýän ýerler bar.

den küşt berýär. Gyzyllar ony şa bilen alýar. Garalar piliň öýünden ruh bilen ýene-de küşt berýär. Gyzyllar perziniň ikinji öýüne düşýär. Garalar gyzyl piliň çep tarapky dördünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň üçünji öýüne göçýär. Garalar perziniň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar garalaryň ruhunyň öňüni ruh bilen ýapsa hem, garalar ony alyp küşt berýär. Soňra gyzyllaryň şasyna diňe piliň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Garalar ruhuň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy garalaryň piliniň dördünji öýüne göçýär. Garalar bolsa, perzi bilen atyň üçünji öýünden küşt berip, gyzyllary ýatyrýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | şa | at | | | ruh | |
| | | perzi | | | | | |
| **pyýa da** | | | pil | **perzi** | pyýa da | | |
| **at** | | | | | | | **şa** |
| | | | | **at** | pyýa da | | |
| | **ruh** | | | at | | | |
| | | | | pil | | ruh | |
| | **ruh** | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar pili at bilen alyp, küşt berýär. Garalar ol aty perzi bilen alýar. Gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki ruh bilen küşt berýär. Garalara ony aty bilen almak galýar. Gyzyllar hem ony, ýagny aty alyp, küşt berýär. Eger garalaryň şasy piliň öýünde galsa, gyzyllar perzisi bilen küşt berýär. Soňra piliň üçünji öýünden at bilen küşt berip, garalary ýatyrýar. Eger garalaryň şasy perzisiniň öýüne gitse, gyzyllar ilki bilen piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Eger piliň öýüne gelse, perzi bilen küşt berip ýatyrýar. Eger-de şanyň öýüne gitse, atyň öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | şa | | | |
| | | | | | | | |
| | | | perzi | | | pyýa da | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **şa** | | | | | |
| | | | **perzi** | | | | **pil** |
| | pil | | | | | | |

*garalar*

Garalar şany piliň üçünji öýüne göçýär.[1] Gyzyllara öz şasyny halas etmek üçin pilini perziniň üçünji öýüne çykarmakdan başga dogry göçüm ýokdur. Garalar perzini piliň üçünji öýüne getirýär. Gyzyllar şany gyzyl piliň öýüne göçýär. Garalar perzini gyzyl perziniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar näme göçende-de, garalar pyýadasyny bir gezek göçýär. Soňra atyň öýünde

[1] Küşt tagtasyndaky mallaryň ýerleşişi bilen düşündirişde gabat gelmeýän ýerler bar.

duran pilini perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Soň piliň dördünji öýüne göçýär. Soňra pyýadany göçüp, gyzyllara küşt berýär hem-de perzi bilen küşt berip, gyzyllary ýatyrýar. Bu döw her halda ir-u giç garalaryň utuşy bilen gutarýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | perzi | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | şa | | |
| | | **şa** | | | | at | |
| | | | **perzi** | | | | **at** |
| | | pil | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar şanyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar nirä göçäende-de, garalar gyzyllaryň perzisini aty bilen alýar. Gyzyllara ony hökman alaýmak galýar. Garalar şany atyň üçünji

öýüne göçýär. Ata diňe piliň öýüne göçüp, küşt bermek galýär. Garalar piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny ruhuň ikinji öýüne göçýär. Garalar perzisini piliň dördünji öýüne göçýär we şa bilen aty alýar-da döwi utýar..

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | at | pil | ruh | ruh | | | |
| | | şa | | | pyýa da | pyýa da | pyýa da |
| | | pyýa da | | pyýa da | at | | |
| **at** | | | | perzi | | | |
| | **ruh** | **pyýa da** | | | | | |
| | **perzi** | | **pyýa da** | **pil** | | | |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | | | **pil** | **at** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar şasyny şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň öýünde duran pyýadasyny göçýär we küşt berýär. Garalar şanyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär. Garalaryň şasy

bir öý göni göçýär. Gyzyllar öz öýünde duran at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar at bilen şanyň öýünden küşt berip, garalary ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **ruh** | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | pil | | | | | |
| | | | | | | | |
| | perzi | şa | | | | | |
| | | perzi | | | | | |
| **şa** | | perzi | | | | | |

*gyzyllar*

Bu döw Razynyňky, ony Adlynyň düzüminden Razy alypdyr.

Gyzyllar hökman pili alyp, küşt berýärler. Gara şa atyň dördünji öýüne gelýär. Gyzyllar üçin iň dogry göçüm ruhuny öňki ýerine gaýtarmakdyr. Gara şa ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar perzi bilen şanyň öňüni ýapýar. Gyzyllar utulmaz ýaly ruhy atyň öýüne göçýär. Garalar perzi bilen küşt berýär. Gyzyllar ony hökman ruhy bilen alýar. Garalar perzisini ruhuň dördünji öýünden atyň üçünji öýüne göçýär we ýeňiş gazanýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | **pil** | | | | | | perzi |
| **pyýa da** | | | | | | | |
| | **pyýa da** | at | | | | **pyýa da** | |
| pyýa da | pyýa da | | at | | | **pyýa da** | |
| | | | | | ruh | | |
| **at** | | **pyýa da** | | pil | | | ruh |
| **perzi** | **ruh** | | | **ruh** | | | |
| | | şa | | | | | |

*garalar*

Garalar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň ikinji öýüne göçýär. Garalar gyradaky pyýadany göçüp, küşt berýär. Eger gyzyllar aty alsa, garalar ruhuň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe şanyň üçünji öýüne göçäýmek galýar. Garalar beýleki ruh bilen şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna perziniň üçünji öýüne göçmek galýar. Garalar perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne gelse, garalar perzi bilen küşt berýär. Soňra ýene-de ruh bilen perziniň dördünji öýünden küşt berip, gyzyllary ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy piliň dördünji öýüne gelse, ol oýun has uzaga çeker. Şonda garalar şanyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna atyň dördünji öýüne göçmekden ýagşy göçüm ýokdur. Garalar pyýadany ruh bilen alyp, küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy gyra göçse, garalar beýleki ruh bilen küşt berip, ony ýatyrýar. Eger ol piliň üçünji ýa-da dördünji öýüne göçse, garalar ruh bilen piliň ikinji öýünden küşt berýärler. Olar pili alsa hem, almasa hem garalar pyýadany alan ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe garalaryň şasynyň üçünji öýüne göçmek galýar. Şonda garalar beýleki ruh bilen şanyň ikinji öýünden küşt berýär. Olara bolsa piliň dördünji öýi galýar. Garalar ýene-de ruh bilen küşt berýär. Olara diňe gara atyň üçünji öýi galýar. Garalar ýene-de atyň dördünji öýünden küşt berip, gyzyl şany ýatyrýar. Eger-de gyzyllar piliň öýüne gelse, hökman aty almaly bolýar. Ýogsa, iki ruh sebäpli utulmaly bolýar. Eger ony alsa, garalar ruhuň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar bolsa üçünji öe göçýär. Garalar şanyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň üçünji öýüne göçýär. Garalar perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar şanyň öýünde duran ruh bilen şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň dördünji öýüne

göçýär. Garalar pyýadany ruh bilen alyp, küşt berýär. Birinji utuşly döw ýüze çykýar. Eger gyzyllaryň şasy piliň dördünji öýüne göçse, garalar öňki ruh bilen küşt berýär. Soň beýleki bilen göçýär we oýun ýene öňki ýaly utuşa alyp barýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | şa | perzi | | | pil | | ruh |
| pyýa da | at | | | | | | |
| | pyýa da | | pyýa da | | **at** | | |
| | **pyýa da** | | | | | | |
| | | | **at** | | | | pyýa da |
| | | **perzi** | **pil** | | **ruh** | pyýa da | |
| | | | **şa** | | | | |
| | | **pil** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar tagtanyň ortarasyndaky at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy aşak düşýär. Gyzyllar perziniň öýünden beýleki at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň

ikinji öýüne gelýär. Gyzyllar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe perziniň üçünji öýüne göçmek galýar. Sebäbi garalaryň şasy aty alsa ýatýar. Şeýlelikde, perziniň üçünji öýüne göçse, gyzyllar ruh bilen perziniň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perziniň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perziniň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, gyzyllar piliň öýünden pil bilen küşt berýär. Soň ruh bilen atyň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe çüňkdäki öe göçmek galýar. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy öňki öýüne gelýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär we ýatyrýar. Eger garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçse, gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, gyzyllar piliň öýünden pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe ruhuň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar atyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger garalaryň şasy çüňkdäki öe göçse, gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň piliniň dördünji öýüne gelýär. Gyzyllar ruhuň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär.

Garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | şa | | at | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | **at** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **perzi** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar garalaryň şasynyň ikinji öýüne göçýär. Garalaryň aty atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şasyny piliň ikinji öýüne göçýär. Garalaryň aty üçin diňe ruhuň dördünji öýüne göçäý-mek galýar. Ýogsa, gyzyllar garalaryň atyny alýar. Gyzyllar öz şasyny gyzyl atyň üçünji öýüne göçýär. Gara at üçin gyzyl atyň beýleki üçünji öýünden başga göçere ýer galmaýar. Gyzyllar

atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy üçin iň gowy göçüm atyň ikinji öýüdir. Gyzyllar atyny özleriniň çep tarapdaky piliniň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar şasyny piliň üçünji öýüne göçse, gyzyllar şasyny atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar atyny çüňkdäki öe göçýär. Gyzyllar şasyny piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar atyny piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny atyň ikinji öýüne eltip, bu döwde üstün çykýar. Eger garalar atyny çüňke göçüp, şany piliň üçünji öýüne göçürse, gyzyllar şany piliň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar atyny piliň ikinji öýüne göçse, gyzyllaryň aty yzyna gaýdýar. Oýun her hili ýol bilen bolsa-da gyzyllary utuşa alyp barýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | şa | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **pyýa da** | **pyýa da** | |
| pyýa da | pil | | | | | | **ruh** |
| ruh | pyýa da | at | | | | **at** | |
| | | | | | | | **pil** |
| | | | ruh | | | | |
| | | **şa** | | | | | **ruh** |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony şasy bilen almaly bolýar. Gyzyllar pilini gara piliň dördünji öýüne göçýär we küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki ruh bilen ruhuň öýünden küşt berýär. Garalar ony şa bilen alýar. Gyzyllar atyň öýünde duran pyýadasyny göçüp, küşt berýär. Garalaryň şasynda diňe atynyň öýi galýar. Gyzyllar ruhuň üçünji öýünden at bilen küşt berip, garalary ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | pil | | | | şa | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | **at** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | ruh | | | | |
| | | | | perzi | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Bu Sulynyň oýnan oýnudyr. Gyzyllar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atyň öýüne gelse, gyzyllar ilki at bilen, soň ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger garalaryň şasy perzisiniň öýüne barsa, gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy öz öýüne göçýär. Gyzyllar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar garalaryň şasynyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy piliň üçünji öýüne barsa, gyzyllar küşt berip, ruha şarama edip utýar. Ýöne

garalaryň şasy atyň ikinji öýüne düşse, gyzyllar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy piliniň üçünji ýa-da ruhunyň üçünji öýüne göçse, küşt we şaramadyr. Eger çüňke girse, şa ýatýar. Şonuň üçin garalaryň şasy piliniň öýüne gaýdýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy öz öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger ol yzyna gaýtsa ýatýar. Eger garalaryň şasy perzisiniň öýüne gelse, gyzyllar at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe piliň öýüne göçmek galýar. Gyzyllar ruh bilen piliň ikinji öýünden küşt berip ýatyrýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | at | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **pil** | | |
| **ruh** | | | ruh | | **perzi** | **şa** | |
| | | | | | | | |
| **ruh** | | | ruh | | | şa | |

*garalar*

Gyzyllar pilini garalaryň şasynyň ikinji öýüne, iki ruhuň arasyna göçýär. Garalar ony şanyň üçünji öýündäki ruh bilen almaly bolýar. Gyzyllar perzisini garalaryň perzisiniň ikinji öýünden ruhuň üstüne sürýär. Eger garalar perzini alsa, gyzyllar ruhy alyp olary ýatyrýar. Eger ruhy mugt berse hem döwi utýar. Eger garalar ruhy alsa, gyzyllar ony beýleki ruh bilen alyp, garalara küşt berip ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | **pyýa da** | | | | **şa** |
| | | **pyýa da** | | | | **pyýa da** | perzi |
| at | | | | **at** | at | | |
| | **perzi** | | | | | pyýa da | ruh |
| pil | | **pyýa da** | | | | pyýa da | pil |
| | **ruh** | **ruh** | | | | | |
| | | | | **at** | | şa | |

*garalar*

Garalar perzisini atyň ikinji öýüne göçýär we ruh bilen gyzyllara küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atynyň öýüne göçýär. Garalar ruh bilen ruhuň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gyzyl perziniň üçünji öýüne göçýär. Garalar piliň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär. Garalar ýene öňki mal

bilen şanyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany gara perziniň dördünji öýüne göçýär. Garalar ýene öňki mal bilen şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe gara piliň üçünji öýüne göçmek galýar. Garalar piliň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň ikinji öýüne göçýär. Garalar piliň ikinji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy şanyň öýüne göçse, garalar ony at bilen ýatyrýar. Şonuň üçin iň dogry göçüm gyzyllaryň şasynyň garalaryň şasynyň üçünji öýüne göçmegidir. Garalar sag tarapky pilini öz öýüne gaýtaryp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe perziniň dördünji öýüne göçäýmek galýar. Garalar piliň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz öýüniň dördünjisine girýär. Garalar şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyl şa perzisiniň üçünji öýüne girýär. Garalar gyzyllaryň şasynyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe piliniň ikinji öýüne göçmek galýar. Garalar piliň üçünji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy perziniň öýüne göçse, garalar piliň öýünden, ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyl şa atyň öýüne göçse, garalar ilki piliň öýünden küşt berýär, soňra hem ruhuň öýünden küşt berip ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | pil | pil | |
| | | | | | | pyýa da | |
| | | **at** | | | şa | | pyýa da |
| **ruh** | | | **ruh** | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar gyzyl atyň dördünji öýünde duran pili perziniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar haýsy maly göçende-de, garalar beýleki pilini şanyň üçünji öýüne göçýär. Soň atynyň öýünde duran pyýadany göçýär. Gyzyllar şasyny mejbury ýagdaýda ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Garalar pilini gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär. Netijede, garalar atynyň öýünde duran pyýadany perzi çykaryp, gyzyllary utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **at** | | | | at | | | |
| | | | | | | **pyýada** | **şa** |
| **pyýada** | | | ruh | at | **pyýada** | | |
| | **pyýada** | pil | | **pyýada** | | pyýada | pyýada |
| perzi | pyýada | **pil** | | | | | |
| pyýada | | | | pyýada | pyýada | | pil |
| | | | | | | **ruh** | **ruh** |
| şa | | | | | | | |

*garalar*

Garalar gyzyl pyýadany perziniň öýünde duran at bilen alyp, küşt berýär. Eger gyzyllar ony almasa, garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar ony alsa, garalar pil bilen küşt berýär. Eger gyzyl şa ruhunyň öýüne göçse ýatýar. Bu sebäpden gyzyl şa atynyň öýüne düşýär. Garalar ruh bilen şanyň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliniň ikinji öýüne düşýär. Garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy aty alýar. Garalar ruh bilen piliň üçünji öýünden pyýadany alyp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gyzyl

perziniň dördünji öýüne göçýär. Garalar pyýadany sürüp, küşt berýär. Gyzyllar perziniň dördünji öýüne göçýär. Garalar perziniň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe piliň üçünji öýüne göçmek galýar. Garalar perziniň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar perzi bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe piliň öýüne göçmek galýar. Garalar şanyň üçünji öýünden pil bilen küşt berip, gyzyllary ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | ruh | | Ruh |
| | | | | at | | | |
| | | | | | | | |
| | | **at** | | | | | |
| **ruh** | | | **ruh** | | | | |
| | | şa | | | | | |

*garalar*

Garalar piliň üçünji öýünde duran ruh bilen atyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe piliniň öýüne göçmek galýar. Garalar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe perziniň ikinji öýüne göçmek galýar. Garalar ruhuň ikinji öýünden öňki mal bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliniň öýüne göçýär. Garalar ruh bilen piliň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar perzisiniň öýüne göçýär. Garalar atyň öýünden ruh bilen küşt berip, gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **ruh** | | | | | | |
| | | | | **şa** | **perzi** | | |
| | | | **pil** | **pil** | | | |
| | | | | | | **pyýa da** | şa |
| | | | | | | | pyýa da |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| ruh | | | | at | | at | ruh |

*garalar*

Gyzyllar ruh bilen ruhuň öz öýünden küşt berýär. Garalar şa bilen pyýadany alýar. Gyzyllar ruh bilen ruhuň dördünji öýünden küşt berýär we bu maly mugt giderýär. Garalar şa bilen ony alýar. Gyzyllar şany gyzyl piliň üçünji öýüne göçýär we garalary perzi hem-de pil bilen ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | şa | | | | | | |
| **ruh** | at | **ruh** | | | | | |
| pil | **at** | | pyýa da | | | | ruh |
| pyýa da | | at | **perzi** | pyýa da | **pil** | ruh | |
| pyýa da | | | **at** | | pil | | |
| | | | | | | | |
| | **pyýa da** | | | **pyýa da** | | | |
| | perzi | **pil** | **şa** | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuň ikinji öýündäki ruh bilen gara aty alýar we küşt berýär. Garalar ony aty bilen alýar. Gyzyllar piliň öýün-

däki beýleki ruh bilen küşt berýär. Eger garalar ony pil bilen alsa, gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Soňra gyzyllar beýleki aty bilen ruhuň öýünden küşt berip ýatyrýar. Eger garalar ruhy alman, şasyny ruhuň ikinji öýüne göçse, gyzyllar atyň dördünji öýünden tagtanyň ortasyndaky at bilen küşt berýär. Gara şa aty alýar. Gyzyllar ruh bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalar beýleki aty alýar. Gyzyllar pil bilen gara şanyň ikinji öýünden küşt berýär. Garalar şany çepki gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gara şa piliň dördünji öýüne gaýdýar. Gyzyllar atyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýadany göçüp, küşt berýär. Garalar şany perziniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar öz atynyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony pyýada bilen alýar. Gyzyllar atyň dördünji öýünden pil bilen garalaryň şasyny ýatyrýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | ruh | |
| | | | at | pyýa da | at | ruh | |
| pyýa da | pyýa da | pyýa da | pyýa da | perzi | şa | pyýa da | |
| | | | | | pyýa da | | pyýa da |
| | | | | | **at** | pil | **pyýa da** |
| **pyýa da** | | **perzi** | **pyýa da** | | **şa** | | |
| | **pyýa da** | | | | | | |
| | **at** | **pil** | | **ruh** | **pil** | **ruh** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruh bilen garalaryň perzisini alýar we küşt berýär. Garalara ony diňe pil bilen almak galýar. Gyzyllar ruh bilen pyýadany alyp, küşt berýär. Garalar ony ruh bilen alýar. Gyzyllar gyraky pyýadany at bilen alyp, küşt berýär. Garalaryň şasyna göçere diňe perziniň dördünji öýi galýar. Soňra gyzyllar pyýada bilen küşt berýär. Garalaryň şasy öz dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuň dördünji öýünde duran at bilen sagdaky piliň dördünji öýüne göçüp, küşt berýär. Garalaryň şasy çep

hatardaky gyzyl piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar öz öýünde duran at bilen perziniň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy gara atyň dördünji öýüne girýär. Soňra pil bilen küşt berilýär. Eger garalaryň şasy ruhunyň dördünji öýüne girse, oňa perzi we pyýada bilen küşt berip, ýatyryp bolýar. Garalaryň şasy gyzyl ruhuň dördünji öýüne girende-de, ony pyýada we perzi bilen küşt berip ýatyryp bolýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar[1]

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | ruh | |
| **ruh** | | | | | | | |
| pil | | pyýa da | **perzi** | şa | | | pyýa da |
| | pyýa da | | | **pyýa da** | pyýa da | | |
| pyýa da | | | | | **pyýa da** | | |
| **pyýa da** | | **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | at | | **pil** |
| | | | | | | | ruh |
| | | **pil** | perzi | | **şa** | | |

*gyzyllar*

[1] Tagtadaky gyzyl perzä derek gyzyl at bolmaly ýaly. Ondan başga-da gyzyl ruhuň oturan hatarynda ýene-de bir gyzyl ruh bolmaly.

Gyzyllar ruh bilen perziniň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy öz dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzisiniň üçünji öýündäki pyýada bilen küşt berýär. Garalar ony pyýada bilen alýar. Gyzyllar ýene-de pyýada bilen alyp, küşt berýär. Garalara diňe piliniň dördünji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar şany atynyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň öýünden at bilen küşt berýär. Eger ony garalar pil bilen alsa, gyzyllar ruh bilen ýatyrýar. Eger garalar şany ruhunyň dördünji öýüne göçse, gyzyllar ruhy pil bilen alyp, küşt berýär. Garalara ony şa bilen almak galýar. Gyzyllar ruhuň ikinji öýünden ruh bilen garalaryň şasyny ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **at** | | | | ruh |
| | | | | | | | at |
| | **pyýa da** | | | | **şa** | **at** | |
| | | **perzi** | pyýa da | şa | pyýa da | | |
| | | **pyýa da** | | | | | **ruh** |
| | | at | pil | pil | | | |
| | perzi | | | | | | |
| | | | | **at** | | | |

*garalar*

Garalar ruh bilen piliň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy şanyň ikinji öýüne göçýär. Garalar gyzyl atyň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllar perziniň ikinji öýüne göçýär. Garalar at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar beýleki aty bilen gyzyl atyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar perziniň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar gara atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar perzi bilen küşt berýär. Gyzyllar gara atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar gyzyl perzini at bilen alyp, küşt berýär. Gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar şanyň ýa-da piliň öýüne şany göçýär. Garalar pil bilen küşt berýär, soň ruh bilen gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| pil | | | | | | | pil |
| pyýa da | | | | pyýa da | | şa | ruh |
| | perzi | | | | | | |
| | | | | | | **şa** | **perzi** |
| | | | | | | | |
| | | **pil** | **ruh** | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuny garalaryň perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Garalar üçin gowy göçüm şanyň ýanyndaky pilini öz öýüne gaýtarmakdyr. Sebäbi başgaça göçüm etse, gyzyllar perzisini gyzyl atyň dördünji öýüne göçüp, pili bilen şany ýatyrýar. Eger-de garalar pilini öz öýüne gaýtarsa, onda gyzyllar pil bilen küşt berýär. Şonda garalaryň şasy öz piliniň dördünji öýüne girýär. Oňa perzi bilen küşt berilýär. Gara şa perzisiniň dördünji öýüne barýar. Gyzyllar piliň üçünji öýünden perzi bilen küşt berýär. Eger gara şa pili alsa, gyzyllar ruh bilen şany

ýatyrýar. Eger gara şa özüniň ozalky öýüne gaýtsa, oňa şanyň üçünji öýünden pil bilen küşt berýärler we ýatyrýarlar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **at** | | |
| | | | | | | pyýa da | |
| | | | | | | **at** | perzi |
| | | | at | | | | |
| | | | | pyýa da | | **ruh** | |
| **pyýa da** | | | | şa | | | at |
| ruh | | | | | | | ruh |
| | | | | **şa** | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruh bilen atynyň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy üçin göçere diňe gyzyllaryň perzisiniň dördünji öýi galýar. Gyzyllar garalaryň şasynyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň piliniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki at bilen garalaryň şasynyň dördünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy atynyň dördünji öýüne

göçýär. Soňra gyzyllar ruh bilen oňa küşt berýär. Gara şa üçin iň gowy göçüm ruhuň üçünji öýüdir. Soňra at bilen küşt berilýär. Garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçýär. Soňra gyzyllar beýleki at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň öýüne düşýär. Soňra gyzyllar ruh bilen küşt berip ony ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| şa | | **perzi** | | | | **at** | |
| | **ruh** | | **at** | | | | **şa** |
| | **ruh** | | | | pyýa da | | |
| **pyýa da** | **pyýa da** | | | at | | | |
| | | | | | **pil** | pyýa da | |
| | | | pil | pil | | | perzi |
| pyýa da | | | pyýa da | | | | |
| | | | | | ruh | at | |

*garalar*

Garalar gyzyl piliň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllar üçin iň gowy göçüm ruhuň üçünji öýüdir. Soňra oňa gara pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň dördünji

öýüne göçýär. Soňra gara perzi bilen küşt berilýär. Gyzyllaryň şasy gara ruhuň dördünji öýüne göçýär. Oňa öz öýünde duran at bilen piliň üçünji öýünden küşt berilýär. Gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Soňra gara ruh bilen küşt berilýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Şonda oňa gara at bilen küşt berilýär. Gyzyllaryň şasy gara şanyň ikinji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berip, gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar[1]

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | | | | **pil** | | |
| | **at** | **pyýa da** | **pyýa da** | at | | ruh | |
| | **at** | | | **pil** | at | | **şa** |
| | şa | | | | | | |
| | | pyýa da | | | **pyýa da** | | |
| | | | **perzi** | | | | |
| | | | pyýa da | | pyýa da | ruh | |
| | perzi | | | | | | |

*garalar*

[1] Çepki gara piliň dördünji öýünde duran gara pyýada çepki gara piliň üçünji öýnde duran bolmagy mümkin.

Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atynyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atynyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar at bilen gyzyl piliň dördünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy atynyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki at bilen piliň dördünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy piliň öýüne göçýär. Gyzyllar at bilen atyň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy perziniň öýüne göçýär. Gyzyllar at bilen atyň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy öz öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen perziniň dördünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy piliň öýüne göçýär. Gyzyllar pyýadany at bilen alyp, küşt berýär. Garalaryň şasyna göçere diňe atyň öýi galýar. Şanyň öýünden gyzyl ruh bilen küşt berilýär. Garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen gyradan küşt berip, garalaryň şasyny ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | **ruh** | | |
| | | perzi | | | | **at** | **ruh** |
| **pyýada** | | ruh | | | | | |
| | **pyýada** | | | | **şa** | **pyýada** | |
| | | **pil** | | | **perzi** | | **pyýada** |
| | | | | | | | |
| pyýada | pyýada | | | | at | | |
| | | şa | | | pil | at | |

*garalar*

Garalar gara şanyň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy dördünji öýüne göçýär. Garalar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perzisiniň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliniň dördünji öýüne göçýär. Garalar tagtanyň ortasyndan at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gara atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar pyýadany göçüp, küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne barsa, garalar piliň üçünji öýünde duran at bilen şanyň ikinji öýünden küşt

berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçse, garalar beýleki at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy çüňkdäki öe göçýär. Garalar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar. Garalar pyýadany göçüp, küşt berende, gyzyllar ruhuň dördünji öýüne göçse, onda garalar perzi bilen küşt berýär. Gyzyllar şasyny gara ruhuň dördünji öýüne göç-ýär. Garalar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Soň beýleki aty bilen ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **at** | | | | **şa** | | | |
| | at | | | | | ruh | |
| | | | pil | | | pyýa da | ruh |
| pyýa da | **pyýa da** | at | | | | | |
| | | **at** | | | | **pyýa da** | |
| | | **pyýa da** | | | şa | **perzi** | |
| | **ruh** | | | | | | **pyýa da** |
| | | **pil** | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar garalaryň şasynyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär.[1] Garalaryň şasy gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar gyzyl perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy perzisiniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar gara atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy özüniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny gara piliň üçünji öýüne oklap, ruhuň öňüni açyp küşt berýär. Eger garalar şanyň öňüni at bilen ýapsa, gyzyllar ony ruh bilen alyp, küşt berýär. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar gara perziniň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar garalaryň şasynyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar pyýadany şa bilen alýar. Gyzyllar perziniň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki aty bilen şanyň dördünji öýünden küşt berip ýatyrýar.

[1] Eger gyzyllar atyny gyzyl piliň üçünji öýüne göçüp küşt berseler, oýun has çalt tamamlanýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | şa |
| | | | | | **ruh** | **ruh** | |
| ruh | ruh | | | | | | **at** |
| | at | | | | **şa** | **pyýa da** | |
| pyýa da | | | | | **pil** | | **pyýa da** |
| | | perzi | | pil | pyýa da | | |
| **pil** | | | pyýa da | | at | | **at** |
| | | | | | pil | | |

*garalar*

Garalar ruhuň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perzisiniň dördünji öýüne göçýär. Garalar şanyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy özüniň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar ony, ýagny ruhy pil bilen alýar. Garalar ony beýleki ruh bilen alyp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gara piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar atynyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne

göçýär. Garalar perziniň öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy garalaryň şasynyň öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň ikinji öýüne göçýär. Garalar at bilen şanyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyl şa piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar at bilen şanyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň ikinji ýa-da üçünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar pili alýar. Garalar at bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | pil | | at | | | |
| | | | | | **at** | | |
| ruh | | | pil | pyýa da | | | |
| | **şa** | **pil** | şa | | | **pyýa da** | |
| | **perzi** | | | pyýa da | | **ruh** | **pyýa da** |
| | | | | | | | **pil** |
| | **pyýa da** | | | | | **at** | **pyýa da** |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar perziniň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar gyzyllaryň şasynyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň şasynyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen piliň öz öýünden küşt berýär. Garalar perziniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy perziniň öýüne göçse, gyzyllar perzi bilen küşt berip ýatyrýar. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne göçse has dogry bolar. Gyzyllar at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen piliň ikinji öýünden küşt berýär. Garalar aty alýar. Gyzyllar piliň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy özüniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | | | | | | |
| | **pyýa da** | | | | **şa** | **pyýa da** | at |
| | | **perzi** | | | | | |
| | | | | | pyýa da | pyýa da | |
| | | pyýa da | | at | | | |
| | perzi | | | pil | **pyýa da** | | |
| pyýa da | **ruh** | | | | | | **ruh** |
| | | | | | | şa | |

*garalar*

Garalar pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz perzisiniň ikinji öýüne göçýär. Garalar pil bilen gyzyl atyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy özüniň ikinji öýüne göçýär. Garalar at bilen piliň öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar ýene-de at bilen perziniň üçünji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy ikinji öýüne gaýtsa, garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Gyzyllaryň şasy atynyň üçünji öýüne göçse, dogry bolar. Garalar pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz atynyň dördünji öýüne göçýär

Garalar at bilen gyzyllaryň şasynyň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gara atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar at bilen öz şasynyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy gara perziniň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen gara perziniň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy garalaryň şasynyň ikinji öýüne göçýär. Garalar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ruh | | | | | | |
| | | ruh | | | | | **pyýa da** |
| **şa** | | | | | | **ruh** | |
| **pyýa da** | | perzi | **pyýa da** | | **pyýa da** | | at |
| pyýa da | | **pil** | | **perzi** | | | **at** |
| | pyýa da | | | | | **pyýa da** | |
| | | | pyýa da | | | | |
| | at | pil | **at** | | | | şa |

*garalar*

Gyzyllar gara piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atynyň öýüne göçýär. Gyzyllar ýene-de ruhuň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy öz piliniň öýüne göçýär. Gyzyllar pyýada bilen küşt berýär. Gara şa öz perzisiniň öýüne göçýär. Gyzyllar gara piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy öz öýüne göçýär. Gyzyllar beýleki aty bilen piliň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar perziniň öýünden at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçse, gyzyllar şanyň öýünden at bilen küşt berýär. Soňra beýleki aty bilen piliň ikinji öýünden küşt berip ýatyrýar. Garalar üçin dogry göçüm öz piliniň üçünji öýüne göçmekdir. Gyzyllar şanyň öýünden at bilen küşt berýär. Gara şa şanyň dördünji öýüne göçýär. Soňra gyzyllar çepki piliň ikinji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň şasynyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy öz piliniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar gyradaky öýden pil bilen küşt berýär. Garalar atyň üçünji öýüne ýa-da gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, gyzyllar at bilen küşt berýär. Soň ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | şa | | | **pil** | | |
| | | | | | | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | | **pyýa da** | | **pyýa da** | pil | | |
| pyýa da | | pyýa da | | pyýa da | | | |
| | | | pyýa da | | | | |
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar altmyş üç göçümden soň utýar. Garalar şany gyzyl perziniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar şany şanyň ikinji öýüne göçüp, piliň ýanyna golaýlaýar. Gyzyllar pili gyra göçýär. Garalar perziniň öýünde duran pyýadany alýar. Gyzyllar piliň dördünji öýünden pyýadasyny şa bilen goraýar. Eger garalar beýleki pyýadany alsa, oýun deňme-deň gutarýar. Ýöne garalar şany şanyň üçünji

öýüne göçýär. Gyzyllar pilini yzyna gaýtarýar. Garalar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pili gyra göçýär. Garalar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pili gaýtarýar. Garalar şany atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pilini perziniň üçünji öýüne göçýär. Garalar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Eger gyzyllar şasyny gozgasa, garalar şany gyzyl şanyň üçünji öýüne göçýär hem-de, gyzyllary pili ýa-da pyýadany bermäge mejbur edip, oýny utýar. Ýöne gyzyllar üçin iň gowy göçüm pilini gara atyň üçünji öýüne göçmekdir. Garalar şany şanyň üçünji öýüne göçýär, soň perziniň dördünji öýüne, iki pyýadanyň arasyna göçýär. Gyzyllar şasyny gozgap bilmän, pilini oýnaýar. Garalar ruhunyň öýünde duran pyýadasyny perzi çykarýar we perzisini pili nirede bolsa şonuň ýanyna eltýär. Soňra pilini atyň dördünji öýüne göçýär. Şeýdip, garalar döwi utýar. Sulynyň sözlerine görä, bu iň owadan we nepis döwleriň biridir.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| **pyýa da** | | | | | | | |
| perzi | **pyýa da** | | | | | | |
| | pyýa da | | | | | | |
| | **şa** | | | | | | |
| | | | | | | | |
| şa | | | | | | | |

*garalar*

Bu döwüň oýny uzak dowam edýär. Garalar utmak üçin gyzyllara ruhuň üçünji öýünde duran pyýadany göçmäge mejbur etmeli. Garalar öz perzisini piliň dördünji öýüne gaýtaranyndan soň, gyzyllar ol pyýadany garalara berýär. Garalar ol pyýadany pyýada bilen alýar. Gyzyllar bolsa şa bilen gara perzini alýar. Garalar üçin dogry göçüm ol pyýadany almazlykdyr. Onuň deregine atyň dördünji öýünde duran pyýadasyny almak üçin şany öňe göçen bolsa oňat bolardy. Eger gyzyllar perzä bagly

pyýadany alsa, garalar ony perzisi bilen alýar we onuň öňünde durup, pyýadany alýança küşt berýär. Eger gyzyllar pyýadasyny iki öý göçse, garalar onuň öňüne geçip, gyzyllary utýar. Eger garalar biziň görkezişimiz ýaly oýnamasa, gyzyllar oýny deň halda tamamlaýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **şa** | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | şa | | | **at** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | ruh | | | | | |

*garalar*

Garalar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany atyň ýanyna göçýär. Gyzyllar atyny atyň ikinji öýüne, öz şasynyň öňüne göçýär.

Garalar ruhuny çep tarapdaky ruhunyň öýüne göçýär. Gyzyllar piliň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhuny gyzyl ruhuň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar garalara şanyň öýünden küşt berse, garalar atyň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar küşt bermese we atyny piliň ikinji öýüne göçse, garalar ruhuny perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar ilki ruh bilen, soňra ýene-de ruh bilen küşt berýär. Iň soňy aty alýar, şeýdip, oýny garalar utýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **şa** | | | | | | |
| | | | | | | | ruh |
| | | | at | | | | |
| | | | şa | | | | |
| | | | perzi | | **pyýa da** | **pil** | |
| pyýa da | | | **at** | | | **pyýa da** | pil |
| pyýa da | | **ruh** | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar perzisini piliniň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar ony ruhy bilen alsa, garalar ruhy bilen ruhunyň öýünden küşt berýär. Soň garalar atyň dördünji öýünden at bilen küşt berip, ruha şarama edýär. Eger gyzyllar ruh bilen alman, ruhuny piliň öýüne göçse, garalar şany gyzyllaryň sag tarapyndaky piliň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar perziniň dördünji öýünden at bilen küşt berse, garalar sag tarapdaky gyzyl atyň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar gara atyň öýünden ruh bilen küşt berse, garalar perzi bilen şanyň öňüni ýapýar. Eger gyzyllar ony ruh bilen alsa, garalar ony pyýada bilen alyp utýar. Eger gyzyllar ony almasa, garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

Eger gyzyllar atyny çep tarapky atyň üçünji öýüne göçse, garalar ruhuny gyzyl atyň ikinji öýüne göçýär. Şeýdip, gyzyllar ýatýar ýa-da atyny giderýär, soň ýatýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | **pil** | **şa** | | **pil** | | **ruh** |
| **pyýada** | **at** | | | | | ruh | **pyýada** |
| | **pyýada** | | | **perzi** | | | **at** |
| | | **pyýada** | **pyýada** | | | | |
| | | | | | | | |
| pil | pyýada | at | pyýada | | | pyýada | pil |
| pyýada | | | perzi | | | | pyýada |
| | şa | | | ruh | | | |

*garalar*

Garalar sag hatardaky pilini gyzyllaryň çep hatardaky piliniň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar pili perzi bilen alsa, garalar iki ruhunyň güýjüni birleşdirýär. Eger gyzyllar pili alman perzisini üçünji öýüne göçse, garalar ony alýar we küşt berýär. Eger gyzyllar ony pil bilen alsa, garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar şany sag hatardaky piliniň öýüne göçýär. Garalar aty alyp küşt berýär. Gyzyllar nirä göçse hem garalar gyzyl pyýadany şanyň dördünji öýünden at bilen alyp, oýny utýar. Eger gyzyllar aty at bilen alsa, garalar perzini alýar we

garalar ruh bilen küşt berýär. Soňky göçümde garalar gyzyllary beýleki ruhy bilen ýatyrýar. Eger gyzyllar çep hatardaky ruhunyň ikinji öýünde duran pyýadany gara atyň üstüne göçse, garalar hem pilini göçýär. Soňky göçümde garalar ruh bilen piliň öýünden küşt berýär. Eger gyzyllar ony perzi bilen alsa, garalar at bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar şany perzisiniň öýüne göçse, garalar şanyň dördünji öýünden çep hatardaky aty bilen pyýadany alýar. Eger gyzyllar pyýadany alman, atyny ruhuň üçünji öýüne göçse, garalar ruh bilen perziniň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz öýüne göçýär. Garalar çep hatardaky gyzyl piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar ony perzi bilen almaly bolýar. Garalar küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar aty at bilen alsa, garalar perzini aty bilen alýar. Eger gyzyllar aty pil bilen alsa, garalar pili gara perziniň öýünde duran ruh bilen alyp ýatyrýar. Eger-de gyzyllar atyny perziniň ikinji öýüne göçse, garalar perzini at bilen alansoň, garalar sag hatardaky gyzyl piliň ikinji öýünden küşt berip, ruha şarama bolýar. Gyzyl şa çep hatardaky piliň ikinji öýüne gitmeli bolýar. Garalar aty alyp küşt berýär. Soňky göçümde bolsa, ruhy alyp, oýny utýar.

Garalar çep hatardaky pilini göçen wagty gyzyllar öz sag hataryndaky pilini göçse, garalar piliň aşagyndan ruh bilen küşt berýär we aty alyp utýar.

Gyzyllar öz sag hataryndaky pilini göçse, garalar perzini at bilen alyp küşt berýär. Gyzyllar ony at bilen almaly bolýar. Garalar ony ruh bilen alýar. Gyzyllar çep hatardaky pilini çykarmaly bolýar. Garalar ruh bilen küşt berýär. Soňra beýleki ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar pilini ruhuň üçünji öýüne çykarsa, garalar ruh bilen küşt berýär. Soňra pili we aty alyp utýar. Eger gyzyllar çep hatardaky pilini şanyň üçünji öýüne çykarsa, garalar ruh bilen küşt berýär. Soňra beýleki ruhy çep hatardaky ruhuň üçünji öýüne, atyň üstüne göçýär. Hüjüm edip, ony alýar we utýar. Eger gyzyllar atyny perziniň öýüne

göçse, garalar hem pilini göçýär. Soňky göçümde hem garalar şanyň dördünji öýünde duran pyýadany aty bilen alýar. Eger gyzyllar ony ruh ýa-da at bilen alsa, garalar ony at bilen ýatyrýar. Eger ruhy alynsa, gyzyllar atyny çep hatardaky piliniň üçünji öýüne göçýär. Garalar perzini ruhy bilen alýar. Eger gyzyllar ony pil bilen alsa, garalar ony at bilen alyp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy sag tarapky gyzyl piliň öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy öz atynyň öýüne göçýär. Garalar gyzyllaryň şasynyň dördünji öýünde duran atyny gyzyl perziniň ikinji öýüne göçýär we küşt berip, sag tarapky piliň üçünji öýünde duran şany ýatyrýar. Gyzyllar atyny şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar garalaryň pyýadasyny gyzyllaryň şasynyň dördünji öýünden at bilen alansoň, garalar perzini ruh bilen alýar. Gyzyllar bolsa ony pil bilen alýar. Garalar pili perziniň üçünji öýünden aty bilen alýar we küşt berýär. Gyzyllar sag tarapky piliň öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar sag tarapky atynyň öýüne göçýär. Garalar haýsy atyny oýnasa-da utýar.

Eger garalar pili göçen wagty gyzyllar atyny ruhunyň üçünji öýüne göçen bolsa, onda garalar pyýadany şanyň dördünji öýünden aty bilen alardy. Eger gyzyllar ruh bilen küşt berdirmejek bolup, atyny öz öýüne gaýtarsa, garalar gyzyl perzini ruh bilen alýar. Eger gyzyllar ony pil bilen alsa, garalar ony at bilen alyp, küşt berýär we ýatyrýar. Eger gyzyllar ony pili bilen almasa, garalar çep tarapky piliň ikinji öýünde duran ruhuny perziniň ikinji öýüne göçýär we gyzyllar ruhuň ýa-da atyň küşt bermesi bilen ýatýar. Eger gyzyllar çep tarapky pilini göçse, garalar şanyň dördünji öýünde duran pyýadany alýar. Gyzyllar atyny sag tarapky ruhunyň üçünji öýüne zyňýar. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar perziniň öýüne göçýär. Garalar perzini ruh bilen alyp, küşt berýär. Gyzyllar ony pil bilen alýar. Garalar atyň aşagyndan küşt berýär. Gyzyllar çep tarapky piliň öýüne ýa-da öz öýüne göçýär. Eger çep tarapky piliň öýüne

göçse, garalar pili at bilen alyp küşt berýär. Gyzyllar çep tarapky atynyň öýüne göçýär. Garalar çep tarapky gyzyl piliň üçünji öýünden at bilen küşt berip, ony gyzyllara mugt berýär. Gyzyllar ony almaly bolýar. Soňra garalar ruh bilen atyň ikinji öýünden küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy öz öýüne göçse, garalar ruh bilen küşt berip, ruha hüjüm edýär we piliň ikinji öýünden şarama bolýar. Gyzyllaryň şasy piliniň öýüne göçýär. Garalar şanyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy nirä göçse-de, garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **pil** | | | | **şa** | | |
| | | | pyýa da | | | ruh | ruh |
| **pil** | | pyýa da | | şa | at | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | | | | **perzi** | | at | |
| | | | | | | pyýa da | |
| **ruh** | | | | | pyýa da | | |
| | | | | | pil | **at** | |

*garalar*

Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy perziniň dördünji öýüne girýär. Gyzyllar at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy öz piliniň dördünji öýüne girýär. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy özüniň üçünji öýüne girýär. Şundan soň piliň aşagyndan ruh bilen küşt berilýär we ýatyrylýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| **ruh** | | | | | **pyýa da** | | ruh |
| **pil** | | | | | | | |
| **ruh** | | | | | | | |
| | **pil** | **pyýa da** | | | **perzi** | at | ruh |
| | pyýa da | | | | pyýa da | | at |
| | şa | | | **at** | | | |
| | pil | | perzi | | | | **şa** |

*garalar*

Gyzyllar pyýada bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen gyradan küşt berýär. Garalaryň şasy perziniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen pyýadanyň aşagyndan ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen perziniň dördünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar perziniň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýadanyň aşagyndan ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna iň gowy göçüm piliň öýüdir. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň öýüne girýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berip, şany ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| at | | | | **şa** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | perzi | |
| | | | | şa | | **at** | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany perzisiniň üçünji öýüne ýa-da piliniň üçünji öýüne göçýär. Eger perzisiniň üçünji öýüne göçse, garalar şany piliniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar aty piliň öýüne göçýär. Garalar atyny gyzyl ruhuň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar şany şanyň dördünji öýüne, ýa-da perzisiniň dördünji öýüne, ýa-da piliniň dördünji öýüne göçse, garalar atyny atyň üçünji öýüne göçýär,

soň şany piliň ikinji öýüne göçýär we perzisini ruhuň üçünji öýüne göçüp utýar.

Garalar atyny ruhuň dördünji öýüne göçende, gyzyllar üçin iň gowy göçüm perziniň ikinji öýünden küşt bermekdir. Garalar şany şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar aty atyň öýüne göçýär. Garalar şany gyzyllaryň şasynyň tarapyna göçýär. Eger gyzyllar atyny çykarsa, garalar küşt berýär we ata hüjüm edýär. Gyzyllar şasyny aýyrsa, garalar atyny piliň dördünji öýüne göçüp, gyzyllary utýar.

Indi oýnuň başyna gaýdyp baraly. Garalar piliň üçünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany çep tarapky piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar atyny perzisiniň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar şany atyň dördünji öýüne göçse, garalar şany piliň üçünji öýüne göçýär, soňra at bilen küşt berýär. Gyzyllar üçin gowy göçüm garalar atyny perziniň dördünji öýüne göçende, şany şanyň dördünji öýüne göçmekdir. Garalar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar atyny perziniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şany atynyň dördünji öýüne göçýär. Garalar şany piliniň üçünji öýüne göçýär. Ruhuň dördünji öýünden gyzyllar atyny goramaly bolýar. Garalar atyny çep tarapky piliniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny piliň öýüne göçýär. Garalar atyny gyzyl şanyň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar şany atyň dördünji öýüne göçse, garalar şany piliň ikinji öýüne göçýär. Eger gyzyllar perziniň ikinji öýünden ýa-da ruhuň ikinji öýünden at bilen küşt berse, garalar şany piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyl aty perzi bilen almaly bolýar. Garalar şeýdip döwi utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| pyýa da | ruh | şa | pil | **ruh** | | **ruh** | |
| | | | pyýa da | | **pil** | | |
| | | | | perzi | | | |
| | | **şa** | | **pil** | | | |
| | ruh | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar pili ruh bilen alýar. Garalar atynyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalar piliniň öýüne göçse, gyzyllar ýene ruh bilen, soňra beýleki ruhy bilen küşt berýär. Garalar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony şa bilen alýar. Gyzyllar beýleki ruhy şa bilen alyp utýar. Eger garalar piliniň öýüne göçmän çüňke göçse, gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalar aşak düşse, başdaky aýdan oýnumyz gaýdyp gelýär. Eger garalar şanyň

öňüni ýapsa, gyzyllar pyýadany ruh bilen alyp, küşt berýär. Gyzylar garalaryň iki ruhuny bir ruha çalşyp, oýny utýar.

Indi gyzyllaryň pili alan ýerine gaýdyp baraly. Garalar atynyň ikinji öýüne barýar. Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar çüňke gabalýar. Gyzyllar ýene-de ruh bilen atyň öýünden küşt berýär. Garalar ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar islese ilki pil, soň ruh bilen şanyň ikinji öýünden, soň beýleki ruh bilen piliň öýünden küşt berýär. Garalar atyň dördünji öýüne gitmeli bolýar. Gyzyllar ruhy mugt alyp utýar. Eger islese, gyzyllar üçin has gowy göçüm hem bar. Ol göçüm şeýledir: gyzyllar şanyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar öňüni ruh bilen ýapýar. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne gidýär. Gyzyllar ruhy alýar we küşt berýär, soň şa bilen beýleki ruhy alyp utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | şa | | | ruh |
| | | | | | | | |
| | | | **şa** | **at** | **ruh** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany perzisiniň öýüne göçýär. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt bermeli bolýar. Gyzyllaryň şasy küştden aýrylyp, bir mal artykmaçlygy bilen garalaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | | |
| | | | | | şa | | |
| **pyýada** | | | pyýada | pyýada | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **pyýada** | **pyýada** | | | |
| | | | | | **şa** | | **pyýada** |
| | | | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar perzisiniň öýünde duran pyýadany göçýär, ýogsa utulýar. Sebäbi garalar şany göçse, gyzyllar şany tagtanyň ortasyna göçýär. Şeýle-de, garalar şanyň öýünde duran pyýadany ýa-da pilini göçse, gyzyllar şany tagtanyň ortasyna göçýär. Garalara diňe perzisiniň öýünde duran pyýadany göçäýmek galýar. Gyzyllar pyýadasyny şanyň dördünji öýüne göçýär. Garalar pyýadany alýar. Eger gyzyllar şa bilen pyýadany alsa, oýun deňme-deň gutarýar. Gyzyllar pyýadany alman, şany atyň dördünji öýüne

göçýär. Garalar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň pyýadasy perzi çykýar we perzini perziniň üçünji öýünde duran gara pyýadanyň ýanyna göçýär. Garalar ony piliň üçünji öýünden goraýar. Gyzyllar şany gara ruhuň dördünji öýüne göçýär, şeýdip, gyraky pyýada ruhuň dördünji öýünde, pil hem öz öýünde galýar. Garalar şany piliniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pili gyra göçmeli bolýar. Soň pyýadany perzi bilen alýar. Garalar ony almaly bolýar. Gyzyllar şany atyň öýüne göçýär we oýny utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | | | | | |
| | | **pyýa da** | | | | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | | | | | perzi | | |
| | | | **şa** | | şa | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Eger garalar perzisini atyň dördünji öýüne göçse, gyzyllar pyýadany göçýär we oýun deňme-deň halda gutarýar. Sebäbi ol pyýada perzi çykýar we gyzyllar şany garalaryň pilleriniň ýanyna göçýär we onuň bilen duşmaýan pyýadany perzi çykarjak bolýar. Garalar pili gyra göçse, gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar perzisini şanyň ikinji öýüne göçýär. Eger gyzyllar garalaryň piliniň ýanyna atyň öýüne göçse, garalar perzisini pyýadanyň ýanyna göçýär we ony alyp, gyzyllary utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **perzi** | | | | |
| | şa | | **şa** | **pil** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | pyýa da | | | | | | |
| | | | pyýa da | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Eger perzi piliň ikinji öýünde duran bolsa, onda oýun deňme-deň tamamlanýar. Bu döwde oýnuň oýnalyş usuly kän. Gyzyllaryň şasy garalaryň şasynyň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar şany atynyň üçünji öýüne göçse, gyzyllaryň şasy şanyň dördünji öýüne göçýär. Garalaryň şasy atynyň öýünde duran pyýadanyň ýanyna göçýär. Gyzyllaryň şasy göçüp, şanyň öýünde duran pyýadany alýar we garalaryň şasyny gabaýar. Garalar pyýadany perzi çykaryp bilmeýär. Garalaryň şasy burça göçýär. Gyzyllar pili bilen garalaryň şasyna burçdan çykmaga päsgel berýär. Gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär we perzisini getirip, oýny utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **perzi** | | **şa** | | |
| | | | | | | ruh | |
| **pyýa da** | | | at | | **pyýa da** | | pyýa da |
| | | | | **pyýa da** | | | |
| **at** | | | | perzi | | | |
| pyýa da | | pyýa da | | pil | | | pil |
| | | | | **ruh** | | | |
| | | şa | | | | | |

*garalar*

Garalaryň perzisi piliň üçünji öýüne, ruhuň üstüne göçýär. Gyzyllar pili ruh bilen alýar. Garalar beýleki pilini gyzyl piliň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar perzisini şanyň ikinji öýüne çykarsa, garalar ruh bilen küşt berýär, soň perzini ruhy bilen alýar. Gyzyllar utulýar. Eger gyzyllar perzini piliniň ikinji öýüne göçse, onda şol bada utdurýar. Çünki gyzyllar üçin iň gowy göçüm pyýadany ruhy bilen alyp, küşt bermekdir. Garalaryň şasy perzisiniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar perzini ruhy bilen alýar. Garalar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär, soňra pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy çüňke gysylýar. Garalar piliň öýünde duran pyýadany ruh bilen alýar. Eger gyzyllar şasyny göçse, garalar şanyň öýünden at bilen, soňra ruh bilen ony ýatyrýar. Eger gyzyllar perzisini at bilen ruhuň arasyna göçse, garalar ruhuny atyň üçünji öýüne göçýär. Oýny her halda hem garalar utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | **pyýada** | pyýada | | | | | |
| | | | | | **at** | | |
| | | **ruh** | | | | ruh | |
| **pyýada** | | pyýada | | **pil** | at | | şa |
| | | | | | **şa** | | |
| | **pil** | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar aty şa bilen alýar. Garalar ruhy ruh bilen alýar. Gyzyllar pilini perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhy gyra göçýär. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyny ruhuň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar pyýadany alsa, gyzyllar at bilen küşt berýär, soň şany atyň üçünji öýüne göçüp, piliň ikinji öýünden at bilen ýatyrýar. Ýöne garalar üçin has dogry göçüm ruhy gyra göçmän, çüňke göçmekdir. Gyzyllar at bilen küşt berýär. Garalar şany çüňke göçýär. Gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhuny

oýnaýar. Gyzyllar sag tarapky pilini perziniň üçünji öýüne, soň gara piliň dördünji öýüne göçýär. Garalaryň pyýadasy perzi çykýar. Gyzyllar ony pil bilen alýar. Garalar şany atyň öýüne göçýär. Gyzyllar pili öz ýerine göçýär. Garalar haýsy maly göçende-de, gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar şany çüňke göçýär, soň pilini piliň dördünji öýüne göçýär. Şeýdip, gyzyllar oýny utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **şa** | perzi | | | |
| | | | perzi | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | şa | | | | |
| | **pyýa da** | | | | | | |
| **perzi** | pil | | | | | | |

*garalar*

Garalaryň mallary artyk. Garalar gyzyllaryň şasyny gabap utýarlar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| **ruh** | | | | | | | pyýa da |
| pyýa da | | | pyýa da | **pyýa da** | şa | | pil |
| | | | | | pyýa da | | **pyýa da** |
| | | | **pyýa da** | | **pyýa da** | pyýa da | |
| | | at | **pil** | | | **pyýa da** | |
| **pyýa da** | ruh | ruh | | **at** | | | |
| | | **pil** | | **ruh** | **şa** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar piliniň öňündäki pyýadasyny göçýär. Garalar ol pyýadany at bilen almaly bolýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar pyýadany şa bilen alýar. Gyzyllar piliň öýünde duran pyýadany ruh bilen alýar. Eger garalar gyzyllaryň atyny ruh bilen alsa, ruh atyň garşysyna oýny utýar. Eger garalar atyny şanyň yzyna göçse, gyzyllar

şanyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany şanyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhy at bilen alýar. Eger gyzyllar garalaryň ruhuny at bilen alsa, garalar ony pil bilen alyp, küşt berýär. Eger gyzyllar almasa, onda garalaryň atyny alyp, iki ruh bir ruhuň garşysyna bolup, gyzyllar oýny utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| perzi | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | **şa** | | **pyýa da** | perzi | | | |
| | | | | | | | |
| | | şa | | pyýa da | **pil** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | pil | | | | | |

*garalar*

Garalar oýny pili bilen utýar. Eger garalaryň ol pili däl-de beýleki, ýagny ikinji pili bar bolan bolsady, onda oýun deňmedeň gutarardy.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | şa | | | | |
| **ruh** | | | | **at** | | | |
| | | | | **şa** | **perzi** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | **pil** | | | |
| | | | | | ruh | | |
| | | | | | | | ruh |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruh bilen şanyň ikinji öýünden küşt berýär. Garalar şany perziniň öýüne göçýär. Gyzyllar aty şanyň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruhuny sag tarapky piliň ikinji öýünden çep tarapky piliň ikinji öýüne göçýär. Eger gyzyllar piliň ikinji öýünden küşt berse, garalar ruhy bilen ony alýar. Gyzyllar ony

ruh bilen alýar. Garalaryň şasy gyzyl ruhuň ýanyna göçýär. Gyzyllar ruhuny çep tarapky piliniň ikinji öýüne göçýär. Garalar şany göçenden soň gyzyllar pilini çep tarapky gara atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar şany açyk ýere göçýär. Gyzyllar ruhuny piliň ikinji öýünden piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhuny atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhuny sag tarapky ruhunyň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhy almaly bolýar. Gyzyllar ruh bilen küşt berip, ruhy mugt alýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | perzi | ruh |
| | | | | | | | |
| | perzi | | | | | | şa |
| | | pyýa da | **perzi** | | **şa** | | |
| | | | pyýa da | **ruh** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Eger garalar şany burça göçse, gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar perzi bilen küşt berýär. Gyzyllar şasyny atyň üçünji öýüne, soňra piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar perzisini sag tarapky gyzyl atyň üçünji öýünden gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär we beýleki pyýadasy bilen ony baglaýar. Atyň üçünji öýünden perzi bilen küşt berip, ony gyzyllara mugt berýär. Gyzyllar ony almaly bolýar. Garalar şany atyň öýüne göçüp, gyzyllaryň pyýadasynyň perzi çykmagynyň öňüni alýar, şeýdip döwi utýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | şa | | | | | | |
| | | | | | pyýa da | | |
| | **pyýa da** | **perzi** | **şa** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | perzi | |
| | | | | | | | |
| | ruh | | | | | | |
| | | | | | | **ruh** | |

*gyzyllar*

Bu döw hileli we owadandyr. Gyzyllar perzini alýar. Garalar pyýadany almaly bolýar. Gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Garalaryň ruhy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň öýüne göçmeli bolýar. Garalar şol setire göçýär. Gyzyllar utulyşdan gaçmak üçin perzisini gara ruhuň üstüne goýýar. Garalar ruhuny nirä sürse hem, gyzyllar ruhuny sag tarapky atyň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar küşt berse, gyzyllar ruh bilen öňüni ýapýar. Eger bu göçümi göçmän, pyýadany bir göçüm öňe itse, onuň bilen alşyp, oýny utýar. Eger garalar ruhuny atyň dördünji öýüne göçmän, başga ýere göçse, gyzyllar ruhuny atynyň dördünji öýüne göçýär, soň perzisini yza gaýdýar. Garalar şany ruhuň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar şany ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzisini gara atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar şany gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär. Çünki pyýadany göçse, garşysyna şa bilen gelip, soň perzisini gaýtaryp utýar. Eger-de garalaryň şasy gyzyl atyň dördünji öýüne göçse, gyzyllar perzisini gara ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar pyýadasyny piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany gara perziniň öýüne göçýär. Garalar beýleki pyýadasyny gyzyl piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzisini atyň ikinji öýüne göçýär. Garalar şany gyzyllaryň ruhunyň öýüne göçýär. Gyzyllar perzini piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzini gara perziniň ikinji öýüne göçýär. Garalar pyýadany göçýär. Gyzyllar şany şanyň dördünji öýüne, pyýadanyň üstüne göçýär. Garalar pyýadany ýene göçýär. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar perzi çykýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünden onuň ýanyna barýar. Garalar şany perziniň üstüne, piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň üçünji öýüne göçýär. Garalar üstüne barýar. Gyzyllar piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar

üstüne barýar. Gyzyllar atyň dördünji öýüne göçýär. Garalar üstüne barýar. Gyzyllar ony piliň üçünji öýüne gaýtaryp, ahyry utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | ruh | şa |
| | | | **at** | | | | |
| | | | | | **pyýa da** | | |
| | | | | **at** | | | |
| | | | | pyýa da | | pyýa da | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | **pil** | **şa** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar atyny gara piliň öýüne göçýär. Garalar ony almaly bolýar. Ýogsa garalar ýatýar ýa-da at bilen ruhy alýar. Eger alsalar, gyzyllar küşt berip, ruha hüjüm edýär. Garalaryň şasy atyň öýüne göçýär. Gyzyllar aty alýar, garalar hem ony alýar. Gyzyllar şany piliniň ikinji öýüne göçýär. Garalar şasyny piliniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy şanyň üçünji öýüne ýa-da

atyň üçünji öýüne göçýär. Eger üçünji öýüne göçse, garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şasyny gara atyň öýündäki pyýadanyň ýanyna göçüp ony alýar. Şeýle hem, gyzyllar atyň üçünji öýüne göçse, garalar şany öz üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň pyýadasyny alýar we garalaryň şasynyň öýünde duran pyýada perzi çykmaga päsgel berip utýar. Garalar üçin gyzyllaryň şasy özüniň üçünji öýüne göçse, piliň üçünji öýündäki pyýadany almak gowudyr. Eger gyzyllar şanyň pyýadasyny alsa, piliň dördünji öýüne girip, oýun deňleşýär. Garalar haýsy pyýadany göçse hem gyzyllar pilini galan pyýadanyň alyp bilmejek öýüne göçýär. Soň dördünji öýe göçýär. Soň göçmedik pyýadany alyp, göçen pyýadanyň yzyndan ýetip utýar.

Eger garalar gyzyllaryň piliniň dördünji öýüne göçende, şany ýokary çykarsa, gyzyllar pyýadalaryň birini alýar. Sebäbi şeýle göçüm edilse, oýun deňleşýär.

Ýöne gyzyllar gara piliň dördünji öýüne göçende, garalar gyra gitse, gyzyllar ilki garalaryň şasynyň öňünde duran pyýadany, soňra aşak düşüp, beýlekileri alýar. Eger garalar pyýadalarynyň birini alsa, gyzyllar göçülmedik pyýadany alyp, beýlekiniň yzyndan ýetip utýar.

Eger biziň görkezen göçümlerimizden başgaça oýnalsa, oýun deňleşýär.

Eger gyzyllar birinji göçümde atyny piliň öýüne göçmese we döwi utjak bolsa, garalaryň pyýadalarynyň biri her halda hem perzi çykar. Perzi çykansoň, oýun deňme-deň bolýar. Ýöne biziň görkezen döwümiz ýeňşe eltýär.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | | | |
| | | | | şa | | pyýa<br>da | pyýa<br>da |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| **perzi** | | | | | | | |

*garalar*

Garalar şany gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň ikinji öýüne göçýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň şasynyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň öýüne göçýär. Ýogsa garalar gyraky pyýadany itip, perzi çykyp, döwi alýar. Garalaryň şasy perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy şanyň ikinji öýüne düşýär. Garalar şany piliniň üçünji öýüne, perziniň üstüne göçýär. Gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar atyň öýündäki pyýadany itýär. Eger

gyzyllar şany atyň üçünji öýüne, pyýadanyň üstüne göçse, garalar atynyň pyýadasyny perzi çykarýar. Garalar ony atynyň üçünji öýüne göçýär, soň ruhunyň ikinji öýüne göçüp, döwi utýar. Mundan artyk bu düzümiň düşündirilmegine zerurlyk ýok.

Eger gyzyllar şany piliniň ikinji öýüne göçse we atyň üçünji öýüne barmasa, garalaryň şasy piliniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasyna atyň üçünji öýüne barmak galýar. Garalaryň atynyň pyýadasy perzi çykýar. Gyzyllar gyra göçýär. Garalaryň perzisi piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasyna diňe atyň dördünji öýüne ýa-da atyň ikinji öýüne göçäýmek galýar. Garalaryň şasy şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar perzini gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy dördünji öýüne göçýär. Garalar perzini piliniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar nirä gitse hem garalar perzisini atynyň üçünji öýüne göçýär, soň ruhuny getirýär. Garalar şany atynyň öýüne göçüp, perzini alyp ýatyrýar.

Bu owadan ýeňişdir. Beýle ýeňşiň düýp sebäbi garalaryň şasynyň piliň üçünji öýüne göçmegidir. Eger gyzyllar perzisini üçünji öýüne göçse we gyzyl perzi çüňkde bolsa, oýun deňleşýär. Eger ruhuň üçünji öýünde bolsa, oýun ýeňiş bilen gutarýar. Eger perzi atyň üçünji öýüne göçse, oýun deňme-deň tamamlanýar. Şeýle hem, piliň öýünde bolsa utýar.

Garalar şany gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany üçünji öýüne göçýär. Garalaryň şasy gyzyllaryň şasynyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň öýüne göçmeli bolýar. Garalaryň şasy dördünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy ikinji öýüne göçýär. Garalaryň şasy perzisiniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy piliniň üçünji öýüne göçýär. Garalar atynyň pyýadasyny göçýär. Eger gyzyllar atyň üçünji öýüne gyra göçse, garalaryň atynyň pyýadasy perzi çykýar we döwi utýar. Ýöne gyzyllar piliniň ikinji öýüne göçse, garalaryň şasy piliň dördünji öýüne ýa-da perziniň üçünji öýüne göçmeli bol-

ýar. Gyzyllar atyň üçünji öýüne barýar. Garalaryň atynyň pyýadasy perzi çykýar we döwi utýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **şa** | **pil** | | **ruh** |
| | | | | | ruh | | **pyýa da** |
| pyýa da | | **pyýa da** | | | | | **at** |
| | | pil | | | | at | |
| | | | | **pyýa da** | | | |
| | | | | | **at** | | |
| | pyýa da | şa | at | | pyýa da | | **ruh** |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar ruh bilen küşt berýär. Soň at bilen şanyň üçünji öýünden küşt berýär. Soň ruh bilen piliň ikinji öýünden, soňra pyýada bilen, soň ruh bilen piliň öýünden, soň ýene ruh bilen atyň öýünden, soň at bilen piliň ikinji öýünden, soň beýleki at bilen piliň dördünji öýünden küşt berýär. Mundan soň pyýada bilen küşt berýär we gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

### Oýny garalar başlaýar, gyzyllar utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | şa | | | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | | | | | | |
| | | | **at** | **şa** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **pil** | | | | ruh | |

*gyzyllar*

Bu oýun Razynyňkydyr, ony Adlynyň düzüminden alypdyr.
Garalar hökman pili almaly bolýar. Gyzyllar şany atynyň öňüne göçýär. Garalar hökman şany perzisiniň öýüne göçýär. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Soň ýene at bilen perziniň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe atyň öýüne göçäýmek galýar, onuň başga ýere göçere mümkinçiligi hem ýok. Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy çüňke gidýär. Gyzyllar şany gabap utýar. Sebäbi şu döwde bolup geçen ýagdaý ýaly ýagdaýlarda şa

çüňke girip, ruh ony gabanda, oýun ýeňiş bilen gutardy hasap edilýär.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | pil | |
| **pyýa da** | şa | | | | | | |
| | **pyýa da** | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | **şa** | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **pil** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllaryň şasy piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar pilini ol ýerden aýyrmaly bolýar, ýogsa pil mugt gidýär. Gyzyllar pyýadasyny öňe göçýär we küşt berýär. Eger garalar pyýadany almasa utulýar. Eger pyýadany alsa, piliň üstüne hüjüm etmek üçin gyzyllaryň şasy şanyň üçünji öýüne göçýär. Garalar pili ol ýerden aýyrmaly bolýar we piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar

pili ýene iki gezek göçmäge mejbur edýär. Ahyrda hem pyýadasy bilen garalaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | **pil** | **şa** | | **pil** | | |
| | | | | | | | |
| | | **pyýa da** | pyýa da | | perzi | pyýa da | |
| | **pyýa da** | pil | | pyýa da | pil | | |
| | **pyýa da** | | | | | **pyýa da** | |
| | | | | **pyýa da** | | | |
| | şa | | | | | | |
| | | | | | at | | |

*garalar*

Garalar at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe perzisiniň öýüne göçäýmek galýar.[1] Garalar şanyň pyýadasyny alyp, küşt berýär. Gyzyllar atyny atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar atyny atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar üçin iň amatly gö-

[1] Küşt tagtasynda mallaryň ýerleşişi çözüliş bilen gabat gelenok.

çüm perzisini piliň üstüne, üçünji öýüne göçmekdir. Garalar atyny ruhuň dördünji öýüne göçüp, küşt berýär. Bu ýagdaýdan soň gyzyllar näme göçende-de, garalar piliň üçünji öýünden küşt berip, gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | pil | | | şa | | |
| | | | | | | | **ruh** |
| | | | pil | | **at** | | pyýa da |
| | | | | | | | |
| pyýa da | | at | | | | | |
| | | | | | | | |
| **şa** | | perzi | | | **ruh** | | |
| | | ruh | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar perziniň ikinji öýünden küşt berýär we ruhuň öňi açylýar. Eger garalaryň şasy perzisiniň öýüne göçse, gyzyllar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalara ony pil bilen

almak galýar. Gyzyllar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär, soňra garalary şanyň ikinji öýünden küşt berip ýatyrýar. Eger ol perzisiniň öýüne däl-de, ruhuň üstüne, atynyň öýüne göçse, at bilen oňa küşt berip bolýar. Şonda gyzyllar gyzyl atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berip, beýleki ruhy mugt berýär. Garalara ony almak galýar. Soňra piliň üçünji öýünden at bilen we atyň öýünden ruh bilen küşt berilýär we şa ýatýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | şa | | | |
| | **şa** | **perzi** | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

«Bu örän köne düzüm. Ýöne Adly we beýlekiler munuň utuşly ýa-da utuşsyz oýundygyny düşündirmändirler. Düzümiň kynlygy sebäpli bu barada hiç bir zady belläp geçmändirler. Dogrusy, ýer ýüzünde bu düzüme belli bir düşündiriş berip biljek adam hem ýokdur. Biziň şägirtlerimizden ýene biri bolan bolsady, bu düzümi düşündirerdi we başgalara-da öwrederdi». Bu Sulynyň sözleridir.

Eger oýny gyzyllar başlamaly bolsa, üç göçümden soň başlardylar. Emma garalar perzisiniň dördünji öýüne göçmeli däldir. Eger ol gyzyllaryň perzisiniň üstüne başga göçüm etse, ol utulýar. Gyzyllaryň şasy atynyň dördünji öýüne göçýär. Garalara diňe perzisiniň üçünji öýüne göçmek galýar.

Bu düzümiň düşündirişi uzakdyr, ony köp düşündirmelidir, köp ýazmalydyr. Ikinji sebäbi, biz soň käbir adamlara bu düzümiň ýeňşe eltýän ýoluny öwretdik. Ol adamlar şol ýeňişli ýoly özleri oýlap tapan ýaly görkezipmişler. Gepiň gysgasy, bu oýun hökmany utuşa alyp barýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| **ruh** | ruh | | | **pil** | | | |
| | | | | pil | | | |
| **ruh** | | | | | | | |
| | | | | | **at** | | |
| | | şa | | | pyýa da | | |
| | ruh | | | | | | |
| | **perzi** | | | **şa** | **pil** | | |

*gyzyllar*

Garalar pyýada bilen küşt berýär. Soňra gyzyl perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Soňra perzini alyp, küşt berýär. Soň perziniň öýünden ruh bilen küşt berýär. Soňra pil bilen küşt berýär. Soňra ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär we garşydaşynyň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | **ruh** | | | | | | **şa** |
| | | ruh | | | | | |
| | pyýa da | şa | perzi | pil | | | pil |
| | | | | | | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | at | | **pil** | | | | **at** |
| | | **at** | | | at | | |
| | | | | | | | ruh |

*gyzyllar*

Gyzyllar aty bilen atyň dördünji öýünden küşt berýär.[1] Garalaryň şasy perzisiniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar perziniň öýünden ruh bilen küşt berýär. Soň beýleki ruh bilen atyň dördünji öýünden küşt berýär. Soň atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony pil bilen alýar we küşt berýär. Garalaryň şasy ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň üçünji

[1] Oýnuň çözülişinde ýa-da kätip ýazar tarapyndan birnäçe nätakyklyklar goýberilipdir.

öýünden at bilen küşt berýär. Soň beýleki at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Soňra piliň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär we garşydaşynyň şasyny ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | şa | | **şa** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | **ruh** | | | | |
| | | | | at | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar şanyň üçünji öýünden ruhuny atyň üstüne göçýär. Garalaryň atyna diňe atyň öýüne göçäýmek galýar. Gyzyllar şany gara piliň dördünji öýüne we öz atynyň dördünji öýüne göçýär, piliniň dördünji öýüne göçmeýär. Garalar şany ruhuň üstüne, perziniň öýüne göçýär. Eger göçse gyzyllar piliniň

dördünji öýüne göçýär. Garalar şany aýyrmaly bolýar. Gyzyllar atynyň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar ruhuň üstüne göçse, gyzyllar piliniň ikinji öýüne göçýär. Indi oýun garalardan, eger olar atyny oýnasa aldyrýar, şasyny oýnasa hem atyny aldyrýar. Muny Razy bir göçüm üçin düzüpdir. Ol göçüm hem gyzyllar şasyny piliniň dördünji öýüne getirmeli däldir. Eger getirse ýalňyşýar, sebäbi garalar şany gyzyl ruhuň üstüne perziniň öýüne göçýär. Oýun gyzyllardan başlap, deňleşýär.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **ruh** | **pil** | | | | | |
| | | | | | | **at** | **pyýa da** |
| | | | | | | | **pil** |
| | **perzi** | | | **şa** | | | |
| | | | | at | | | |
| | | | pyýa da | şa | | | pil |
| | | ruh | | | | | |
| | | | | perzi | | | |

*garalar*

Garalar ruhy atyň üstüne, piliň ikinji öýüne göçýär. Eger gyzyllar atyny öz perzisiniň öýüne göçse, garalar perziniň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar onuň öňüni pil bilen ýapýar. Soňra garalar pyýada bilen küşt berýär. Soňra gyzyllaryň ruhuny at bilen alýar we küşt berip utýar. Eger gyzyllar atyny şanyň arkasyna, perzisiniň üçünji öýüne göçse, onda garalar pyýada bilen küşt berýär. Eger garalar ony at bilen alsa, gyzyllar küşt berip aty alýar. Eger garalar ony almasa, şanyň dördünji öýüne göçýär we gyzyl piliň üçünji öýünden at bilen oňa ýene küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe şanyň üçünji öýüne göçmek galýar. Soňra garalar at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe şanyň üçünji öýüne göçmek galýar. Garalar şanyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň üçünji öýüne göçýär. Soňra garalar pyýada bilen ata hüjüm edýär. Olar küşt berýär we utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | şa | | | | | | ruh |
| | | | | | | | |
| **perzi** | **şa** | | | | | | |
| | | **ruh** | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar perzisini atyň ikinji öýüne göçýär. Garalar küşt berse-de, bermese-de gyzyllaryň ruhy piliň üçünji öýüne göçýär. Soň şol ruh garalaryň şasynyň üçünji öýüne göçýär. Ondan soň şanyň ikinji öýüne göçýär. Eger garalar küşt berse, perzi bilen onuň öňüni ýapýar we bu göçüminden hökman yza gaýtmaly bolýar. Soň gyzyllar perzisini perziniň ikinji öýüne göçýär we oýny utýar. Eger garalar küşt bermese, perzisini piliň üçünji öýüne göçýär. Garalar özleri üçin iň amatly göçümi edýär. Olar şany piliň öýüne göçýärler. Gyzyllar ruhuny sag

tarapdaky gara ruhuň ikinji öýüne göçýär. Garalaryň şasy atyň öýüne göçýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden küşt berýär. Eger piliň öýüne barsa, ilki perzi bilen, soňra ruh bilen küşt berilýär. Eger çüňke göçse, gyzyllar ruhuny şanyň ikinji öýüne getirip, soňra perzisini perziniň ikinji öýüne salýar we oýny utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| **ruh** | | | | perzi | şa | pyýa<br>da | |
| | | | | **pil** | perzi | | |
| | | | | | **şa** | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar pilini atynyň öýüne göçýär. Garalar ony alýar. Gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Garalaryň şasy çüňke göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar onuň öňüni

ýapyp, pyýadany perzi çykarýar. Gyzyllar ruhuny garalaryň perzisiniň üstüne sürýär. Garalar üçin iň dogry göçüm piliň üçünji öýünde duran perzini atyň ikinji öýüne gaýtarmakdyr. Gyzyllar perzini ruh bilen alyp, oýny utýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | şa | | | | | | |
| **pyýa da** | | | pyýa da | | | | |
| | **pyýa da** | pil | | | | | |
| | pyýa da | | | | | | |
| pyýa da | **şa** | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **perzi** | | | | | |

*garalar*

Bu iň gowy döwdür. Garalar şa bilen gyradaky pyýadany alýar. Gyzyllar şany ruhuň dördünji öýüne göçýär. Garalaryň şasy gyzyl atyň üçünji öýüne göçmeli bolýar. Gyzyllar perzisini yzyna gaýdýar. Garalar pyýadasyny bir öý göçýär. Gyzyl-

lar pyýadany perzi bilen alýar. Garalar perzini pili bilen alýar. Gyzyllar atyň pyýadasyny, ýagny atyň öýünde duran pyýadany şa bilen alýar. Garalar pilini öz öýüne getirýär. Gyzyllar şany gara piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar pilini perziniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar üçin iň gowy göçüm pyýadasyny öňe göçmekdir, şonda garalaryň şasy gyra barýar. Gyzyllar şany pyýadasyny perzi çykarmak üçin gara atyň üçünji öýüne göçýär. Ruhuň üçünji öýünde garalar pil bilen küşt berýär, ýogsa oýun deňme-deň bolýar. Soňra başga bir ýagdaýda garalar pyýadany perzi çykaryp, perzisi bilen garşydaşyny ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | **pil** | pyýa da | | | | |
| | | pil | **pyýa da** | şa | **perzi** | perzi | |
| | at | | | **pyýa da** | | | |
| | | | | | **şa** | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar pili at bilen alýar, soň pyýadany öňe sürüp, oýny utýar.

Eger oýny gyzyllar başlasa, onda pili aýrardy ýa-da şany atynyň üçünji öýüne salardy. Iki ýagdaýda hem oýun hökman deňme-deň gutarardy.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **perzi** | **şa** | | | |
| | | | at | | | | ruh |
| | | | | | **pyýa da** | | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | **pil** | | | | | | |
| pil | **ruh** | **at** | | | | | at |
| **ruh** | | | | **pyýa da** | ruh | | |
| | | şa | | | | | |

*garalar*

Garalar at bilen pyýadany alyp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň öýüne göçýär. Garalar aty öňki ýerine gaýtaryp, küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy yzyna gaýtsa, piliň öýünden ruh

bilen küşt berip ýatyrýar. Eger atynyň öýüne göçse, piliň ikinji öýünde duran ruh bilen atyň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar ruhy mugt alýar. Garalar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy üçin göçere diňe çüňk galýar. Garalar atyň öýünden ruh bilen küşt berip, garşydaşynyň şasyny ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| **şa** | | | | pyýa da | | | |
| **pil** | ruh | şa | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | at | | | | | |
| | pyýa da | | | pil | | | **perzi** |
| | | **ruh** | | | | **ruh** | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Eger gyzyllar aty pil bilen alsa, garalar pil bilen küşt berýär. Soňra gara şa piliň ikinji öýüne göçýär we gyzyllar utulýar.

Eger gyzyllar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berse we garalaryň ruhuny mugt alsa, garalar pil bilen küşt berýär. Soň at bilen ruhy alyp, gyzyllaryň şasyny çüňkde ýatyrýar.

Gyzyllar üçin iň amatly göçüm ruh bilen aty alyp, küşt bermekdir. Eger pyýada bilen alsa hem küşt berip bolýar. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne barýar we garalar olaryň ruhuny mugt alýar. Garalar pil bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy çüňke çekilýär. Garalar ruhy şa bilen alýar. Gyzyllaryň şasy atynyň öýüne göçmeli bolýar, ýogsa gara şa piliň ikinji öýüne gaýdýar. Soňra garalar pyýadasyny perzi çykarýar. Şol sebäpli gyzyllaryň şasy öz atynyň öýüne göçmeli bolýar. Garalar gyzyllaryň pilini alýar we pyýadasyny perzi çykaryp, küşt berýär hem-de utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | **ruh** |
| **pil** | | | | | | | |
| | | | | pyýa da | | | |
| | | | şa | | | | |
| | | | pyýa da | at | | | |
| | | | **şa** | | | | |
| | perzi | | | | | **pyýa da** | |
| | | | | | **pil** | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruh bilen şanyň öýünden küşt berýär. Eger garalar şany aýyrsa, gyzyllar pyýadany alýar we gara perzini alyp utýar. Eger garalar şanyň öňüni at bilen ýapsa, gyzyllar ony ruh bilen alýar. Garalar ruhy şa bilen alýar. Gyzyllar şa bilen pyýadany alýar. Garalar pyýada bilen küşt berýär. Eger gyzyllar pyýadanyň aşagyna barsa, oýun deňlik bilen gutarýar. Eger ýokary galsa hem oýun deňdir. Ýöne iň gowy göçüm gyzyllaryň şasynyň piliniň dördünji öýüne barmagydyr. Bu ýagdaýda garalar pyýadasyny ýene bir gezek öňe itýär. Gyzyllar haýsy çöpi oý-

naýanda hem oýun deňme-deň gutarýar. Diňe bir halda, pilini piliň dördünji öýüne gaýtarsa, döwi utýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **ruh** | | | | | ruh |
| | **pyýa da** | | | | **at** | | |
| **perzi** | | **at** | | | | **şa** | **pil** |
| | | **pyýa da** | | | pil | | at |
| | | | | | | **ruh** | |
| | | | | | at | | |
| | | | | | şa | | |
| | | | | ruh | | | |

*garalar*

Garalar ruh bilen atyň öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçse, garalar ruhy mugt alyp, ony utýar. Eger gyzyllar aty alsa, gyzyllaryň şasy ýatýar. Eger pili şa bilen alsa, garalar atyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar ony öz ruhy bilen alýar. Garalar ruhunyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasyna diňe atyň dördünji

öýüne göçäýmek galýar. Garalar piliň üçünji öýünden beýleki at bilen küşt berýär. Soňra ruhuň öýünden ruh bilen küşt berip, olary ýatyrýar. Gyzyllar aty alsa-da, almasa-da, olar utulýarlar. Eger gyzyllar şasyny piliň dördünji öýüne gaýtarsa, garalar perziniň dördünji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| **şa** | | şa | | | | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Bu düzüm Adlynyň kitabynda deňme-deň diýlip görkezilipdir, emma bu ýerde bolsa utuşlydyr.

Garalar pilini gyrada goýýar. Eger gyzyllar pyýadasyny itse, tiz we anyk utulýar. Şonuň üçin gyzyllar şany ruhunyň üçünji öýüne ýa-da gara ruhuň dördünji öýüne göçýär. Bu göçümiň ikisi-de des-deň, nirä göçende hem garalar iki gyzyl pyýada tarapa bir öý golaýlaýar. Gyzyllar şany nädip göçendede, garalar pyýadalara tarap bir öý golaýlaýar. Ahyrynda pyýadalaryň ikisini hem alyp utýar. Garalar öz şasy bilen iki pyýadanyň arasyna göçýär, ýöne olaryň hiç birini hem almaýar. Soňra gyzyllaryň şasynyň nirä göçendigine, haýsy setirde durandygyna seretmeli. Garalaryň şasy gyzyl şanyň hataryndaky pyýadany alýar we utýar. Adly bu düzümi ýatlap, deň oýun hasap edýär. Ýöne oýnuň nähili deň bolýandygyny düşündirmeýär. Adly diňe munuň deň oýundygyny bir ýerde görendigini ýaňzydýar.

Bu döwde iki pyýadanyň eýesi şany tizden-tiz ýeňlişe eltjek göçümleri etmeli däldir. Piliň eýesi käbir öýlere göçmekden daş durmaly. Oýnuň deň gutarmazlygy üçin mallary biziň ýokarda görkezişimiz ýaly göçmeli.

## **Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | at | ruh |
| | **şa** | | | **pil** | | **ruh** | **at** |
| | pyýa da | | **perzi** | | | | |
| pyýa da | | | | | **pil** | | |
| perzi | şa | | pil | pil | **pyýa da** | | |
| | | | | | pyýa da | | |
| | | | | | | | **ruh** |

*garalar*

Garalar gyzyllaryň pilini aty bilen alýar. Gyzyllar beýleki pilini şasynyň üçünji öýüne gaýtarýar. Garalar atyny sag tarapky piliniň dördünji öýüne göçüp ruha we perzä hüjüm edýär. Eger gyzyllar garalaryň atyny alsa, garalar pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllar pyýadany şa bilen alýar. Garalar atyň dördünji öýünden perzi bilen küşt berýär. Gyzyllar şany öňki ýerine göçýär. Garalar piliň dördünji öýünden perzi bilen küşt berýär. Gyzyllar şany ruhuň dördünji öýüne göçýär. Garalar

ruh bilen ruhuň ikinji öýünden küşt berip, gyzyllaryň şasyny ýatyrýar.

Oýnuň başynda garalar atyny sag tarapky piliniň dördünji öýüne göçende, gyzyllar aty alman başga göçümler eden bolsa hem utulýar. Mysal üçin, gyzyllar perzi bilen küşt berse, perzini giderýär ýa-da ruhuny atyň dördünji öýüne göçse ruhuny giderýär, ýa-da beýleki ruhy bilen küşt berse, garalar ruhy pil bilen alýar we döwi utýar. Bu döwde iň güýçli göçümler garalaryň birinji iki göçümidir. Şol iki göçümden soň garalar her halda ýeňiş gazanýar. Meselem, gyzyllaryň şasyny ýatyrmak arkaly ýa-da gyzyllaryň mallaryny alyp gutarmak arkaly utuş gazanýar. Garalar biziň şu düzümde görkezen göçümlerimizden başga göçüm bilen oýnasa, döwi utmaýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar, garalar bolsa utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | **pil** |
| | | | | | at | | |
| | | | | şa | | **şa** | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | pyýa da |
| | | | | | | | |

*garalar*

Bu düzümi maňa bir adam düşündir diýip haýyş etdi. Aslynda bu düşnükli düzüm bolup, diňe käbir ýeri garaňky bolup görünýär.

Bu uzaga çekýän döw arassa ýeňiş bilen gutarýar. Özi hem köp ýol we usul bilen oýnalyp bilner. Ussat oýunçylar bular ýaly döwi hökman utýar. Meniň düşündirjek bolýan zadym bu oýunda özboluşly hile bar. Şonuň üçin pes derejeli oýunçylaryň ýalňyşmagy mümkin.

Gyzyllar pilini öz öýüne gaýtarýar. Sebäbi ýokary galyp, ony şa bilen gorasa, garalar ony aty bilen alýar we şanyň daşyny gabap, ony utýar. Eger pili gara piliň dördünji öýüne göçse, garalar pyýadany öňe itip, küşt berýär we oýny utýar. Şonuň üçin pilini gaýtarandan soň, garalar pyýadasyny öňe sürüp, küşt berýär. Gyzyllar ony alýar. Garalar şany piliň dördünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar pili çykarsa, garalar ony alyp, aýdyň utýar. Eger gyzyllar şany atyň ikinji öýüne göçse, garalar pyýadany at bilen alyp, küşt berýär. Gyzyllar ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar aty atyň üçünji öýüne göçýär we gyzyllar şanyň üçünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyl pile diňe atyň dördünji öýüne göçmek galýar. Garalar piliň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar nirä gidende-de, garalar atyny piliň üstüne perziniň üçünji öýüne göçýär. Eger ony perziniň ikinji öýüne göçse, garalar aşak göçüp, ony alýarlar.

Indi başdaky oýna, ýagny «Eger gyzyllar şany atynyň ikinji öýüne göçse, garalar pyýadany alýar» diýen ýerimize gaýdyp geleliň. Eger gyzyllar ruhunyň ikinji öýüne göçse, garalar pyýadany aty bilen alýar. Eger gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne barsa, garalaryň aty ruhuň üçünji öýüne göçýär we ýokarda ýatlan utuşymyz hasyl bolýar. Eger gyzyllar pil bilen gyradan küşt berse, garalaryň şasy piliň dördünji öýüne girýär. Eger gyzyllar pili öňki ýerine gaýtarsa, garalar şanyň dördünji öýüne göçýär. Soň atyny atyň üçünji öýüne göçýär we ony alýar. Eger-de gyzyllar pil bilen perziniň üçünji öýünden küşt berse, garalaryň şasy piliniň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar pili atyň dördünji öýüne göçse, garalar atyny gyzyl piliň dördünji öýüne çykarýar we pil bilen ýeke galyp, garşydaşyny utýar. Garalaryň utuş gazanmagynyň köp emelleri bar. Olaryň hemmesini düşündirmek köp wagty talap eder. Dogrusy, küşti gowy bilýänler oňa mätäç hem däldir. Şonuň üçin bu ýerde ol düşündirişleri taşlap geçýärin.

## Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | ruh | | | | | | |
| | | | perzi | | pyýa da | | pyýa da |
| | **pil** | ruh | | pyýa da | | | |
| | **pil** | pyýa da | | **ruh** | pil | **pyýa da** | |
| **pyýa da** | **şa** | | | | **perzi** | | şa |
| | | **ruh** | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Bu döwde her hili ýol bar, ýöne ählisinde hem gyzyllar utýar.

Gyzyllar üçin iň gowy göçüm ruhuny atynyň ikinji öýüne göçmekdir. Eger garalar pilini ruhuň ikinji öýüne göçse, gyzyllar atynyň pyýadasyny gara atyň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar pyýadany alsa, gyzyllar ruhuny atynyň dördünji öýüne göçýär. Bu ýagdaýda garalar pilini gaýtarmaly bolýar. Gyzyllar atyň dördünji öýünde duran ruh bilen küşt berensoň, perzisini onuň ýerine göçýär we utýar. Eger garalar gyzyllaryň

atynyň öýünde duran pyýadany almasa we piliniň pyýadasyny ruhuň üstüne sürse, gyzyllar ruhuny şanyň öýüne göçýär. Soň hem ruhuň öýüne göçýär. Eger garalar şany ruhuň dördünji öýüne göçse, gyzyllar atynyň pyýadasyny atyň üçünji öýüne göçýär we utýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | şa | | | |
| | | | | | | | **pil** |
| | | | | pyýa da | | pyýa da | |
| | | | | | **pyýa da** | | |
| | **şa** | | | | | pyýa da | |
| **pyýa da** | | | | | | | |
| | | | | | pil | | |

*garalar*

Bu owadan we nepis döwdür.

Eger garalar pili alsa, gyzyllar olaryň pyýadasyny pyýadasy bilen alýar we döw deň halda gutarýar. Garalar üçin iň gowy

göçüm – atynyň öýünde duran pyýadany üçünji öýden dördünji öýe göçmekdir. Gyzyllar pilini yzyna gaýtarýar. Eger garalar şa bilen ony alaýsa, gyzyllaryň pyýadasy perzi çykýar we oýun deň tamamlanýar. Şonuň üçin garalar gowy göçüm edip, atynyň pyýadasyny gyzyl atyň üçünji öýüne göçmeli. Soň yzyndan beýleki pyýadany hem bir göçüm öňe itmeli. Gyzyllar haýsy maly göçse-de, garalar pyýadasyny piliň üstüne göçýär. Eger gyzyllar pilini bir gyra çykarsa, garalar ony pyýada bilen alýar we bu döwi ýeňiş bilen tamamlaýar.

**Oýny garalar başlaýar, gyzyllar utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | at | |
| | | **at** | | | | | |
| | | pyýa da | | | | | |
| şa | | **perzi** | | pyýa da | | | **pil** |
| | | | | **şa** | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Garalar at bilen küşt berýär we pile hüjüm edýär. Gyzyllar gara pyýadany alýar. Garalar pili alýar. Gyzyllar aty gara perziniň üçünji öýüne göçýär. Garalar şany perziniň üstüne – atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzini öz şasynyň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar şany gyzyl piliň ikinji öýüne göçse, gyzyllar hem şany piliniň üçünji öýüne göçýär. Mundan soň garalar şany şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany atyň ikinji öýüne göçýär. Eger garalar atyny öňe çykarsa, gyzyllar ony öz aty bilen mugt alýar. Garalar bolsa perzini alýar. Gyzyllar perzini alyp, şa we at bilen pyýadany perzi çykmanka alýarlar, şeýdip döwi gyzyllar utýar.

Indi döwüň pil alnyp, atyň göçülýän ýerine gaýdalyň. Gyzyllar aty gara perziniň üçünji öýüne göçenden soň, garalar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyl perzi şanyň dördünji öýüne göçýär. Eger garalar şany piliň ikinji öýüne göçse utulýar. Muny biz eýýäm ýokarda beýan edipdik. Eger garalar pyýadasyny göçse, gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Bu ýagdaýda garalar pyýadasyny piliň ikinji öýüne göçmeli bolýar. Gyzyllar şany atyň ýanyna göçýär. Gara şa piliň dördünji öýüne süýşýär. Gyzyl şa aty alýar. Gara şa bolsa şany atyň ýanyna, perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyl şa perzisini piliň üçünji öýüne gaýtarýar. Eger gyzyllar pyýadany perzi çykarsa, at bilen küşt berýär we perziniň üstüne gaýdyp, ony alýar. Eger şa bilen aty alsa, ol ýeňşe çenli has uzak ýol geçmeli bolýar. Gyzyllar perzisini atynyň ikinji öýüne gaýtarýar we pyýadanyň perzi çykmagyna päsgel berýär. Garalar onuň ýanyna göçýär. Gyzyllar hem göçýär. Garalaryň şasy şanyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Mundan soň garalaryň şasy şanyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzisini piliniň öýüne gaýtarýar we gara pyýadanyň perzi çykmagyna päsgel berýär we şeýdip, bu oýny utýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **şa** | **pil** | | | | | | |
| | ruh | | | | | | |
| | **perzi** | perzi | pyýa da | | | **at** | |
| | ruh | at | pyýa da | | | | |
| | **pyýa da** | | at | | | | |
| pil | **pyýa da** | | | | | **ruh** | |
| | | | **pyýa da** | | | | şa |
| | | | | **at** | | **ruh** | |

*garalar*

Garalar ruh bilen ruhuň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllar ony alýar. Garalar beýleki ruh bilen ruhuň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar ony şa bilen alýar. Garalar at bilen atyň dördünji öýünden küşt berýär. Gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Garalar perziniň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçmeli bolýar. Garalar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçmeli bolýar. Şu ýerde garalar pil bilen küşt berip, olaryň şasyny ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | | | **şa** | | | | |
| | | | perzi | **at** | pyýa da | | |
| **pil** | | | | | | | |
| | at | | ruh | | | | |
| | | | pyýa da | **pyýa da** | | **at** | |
| pil | | | **perzi** | | | at | **ruh** |
| | pyýa da | | şa | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar perzini piliň üçünji öýüne göçýär we küşt berýär. Gyzyllar şany aşak göçýär.[1] Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar aty almaly bolýar. Garalar ruh bilen atyň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar şany ruhunyň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar pyýada bilen pili alýar. Garalar ruh bilen ruhuň dördünji öýünden küşt berýär, soň ýene-de ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň dördünji

[1] Küşt mallarynyň ýerleşişinde we onuň çözülişinde näsazlyklar bar.

öýüne göçýär. Garalaryň şasy ilki at bilen, soň ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Soň at bilen küşt berýär we ruha şarama düşýär. Şeýdip hem, ony ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | şa | | | | |
| | | pyýa da | **pil** | | | | |
| | pyýa da | | | | **şa** | | |
| | | **pil** | **pyýa da** | | | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Gyzyllar şany şanyň dördünji öýüne göçýär. Garalar atyň pyýadasyny itýär. Gyzyllar şany perziniň dördünji öýüne göç-ýär. Garalar atynyň pyýadasyny göçýär. Gyzyllar şany piliň dördünji öýüne göçýär. Garalar piliniň pyýadasyny göçýär.

Gyzyllar pilini ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar üçin iň gowy göçüm atynyň pyýadasyny perzi çykarmakdyr. Eger perzini gyzyllar pili bilen alsa, oýun deňme-deň tamamlanýar. Ýöne gyzyllar perzini alman merkezi ýa-da gyraky pyýadany öňe itýär. Garalar perzini ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pilini ruhuň üçünji öýünden öz öýüne göçýär. Garalar pili şa bilen alýar. Gyzyllar şany piliň üçünji öýüne göçýär. Garalaryň şasy gabalgy ýagdaýda galýar. Eger garalar şany aýyrsa, gyzyllaryň şasy atyň ikinji öýüne girip, döwi hökman utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | perzi | | pil | | şa |
| | | | | at | | **ruh** | |
| pil | pyýa da | | | **perzi** | **at** | | ruh |
| | at | | | **at** | | | |
| | | | | | | | |
| | **pyýa da** | | | **pil** | | | **pil** |
| **ruh** | | | | | **şa** | **pyýa da** | |
| | | | | | | | ruh |

*gyzyllar*

Gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony at bilen alýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň öýünden at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy ruhunyň ikinji öýüne girse, gyzyllar pil bilen küşt berýär. Soňra gyzyllar at bilen ilki tagtanyň ortasyndan, soňra beýleki at bilen atyň ikinji öýünden küşt berýär, ondan soň pyýada bilen küşt berýär we ýatyrýar. Eger garalaryň şasy ruhunyň ikinji öýüne barman, atynyň üçünji öýüne barsa, gyzyllar at bilen tagtanyň ortasyndan küşt berýär. Eger ruhuň ikinji öýüne gaýtsa, utuş has aňsat bolýar. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Soňra piliň ikinji öýünden aty bilen küşt berip ýatyrýar. Ýöne garalaryň şasy üçin iň gowy göçüm ruhuň dördünji öýüne göçmekdir. Şonda gyzyllar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl ruhuň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär, soňra pyýada bilen ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **pil** | | **şa** | | | | |
| | | | | | | | |
| **pyýada** | **pyýada** | | **pyýada** | | | ruh | |
| | | | at | pyýada | pyýada | | |
| | | | | pyýada | perzi | | **pyýada** |
| | pyýada | | | | **perzi** | **pyýada** | |
| | | at | | | **ruh** | | **ruh** |
| | | | **at** | | | şa | |

*garalar*

Garalar ilki atyň öýünden ruh bilen, soňra pyýada bilen küşt berýär. Soňra piliň ikinji öýünde duran at bilen tagtanyň ortasyndan küşt berýär. Eger gyzyllar atyň ikinji öýüne gaýtsa, garalar ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Şonuň üçin gyzyllar piliň öýünden küşt berýär. Gyzyllar aty alýar. Garalar piliň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy şanyň üçünji öýüne göçýär. Garalar atyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Soň piliň ikinji öýünden ruh bilen, soňra hem perziniň üçünji öýünden at bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | ruh | |
| | | **at** | | **perzi** | | pyýa da | |
| pyýa da | | **at** | | at | | | pyýa da |
| | | | | | | | at |
| | | | | | | pil | |
| | **pyýa da** | | şa | | pyýa da | **pyýa da** | **pil** |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| | | **pil** | **şa** | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar pil bilen piliň öýünden küşt berýär. Soňra pyýada bilen küşt berýär. Soňra pili yzyna gaýtaryp, ýene küşt berýär. Garalaryň şasy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar öz öýünde duran pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar tagtanyň ortasyndan at bilen küşt berýär. Garalar şany ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen piliň dördünji öýünden küşt berýär. Soňra at bilen ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **pil** | | **ruh** | | | |
| | **şa** | | | | | **perzi** | |
| **pyýa da** | **at** | | | | **pyýa da** | | **pyýa da** |
| | | | | | | | |
| pyýa da | | | | pyýa da | | pyýa da | |
| | | | at | pil | perzi | | pyýa da |
| | | | | | şa | | |
| | | ruh | | | pil | | |

*gyzyllar*

Suly şeýle diýipdir: «Bu döwi men ussatlykda adygan käbir meşhur adamlar bilen oýnapdym. Men at bilen küşt berdim-de: «Perzini ýa-da aty mugt bäri getir» diýdim. Emma ol meniň näme diýjek bolýandygyma düşünmedi. Yza çekilmedi we şasyny atynyň öýüne getirmedi. Perzisini aýranda, at bilen näme boljagyny görmedi. Men oňa küşt berenimde, ol şasyny ruhunyň ikinji öýüne göçdi. Men pyýadany atyň üstüne itip: «Atyňy bäri mugt ber» diýdim. Ol güldi-de: «Bäh» diýip atyny çüňke göçdi. Men ruhumy atymyň öýüne göçdüm we: «Aty-

ňam, ruhuňam — ikisinem bäri getir» diýdim. Ol näme bolup geçýändigini entegem görmän, utulyşa päsgel bermek üçin ruhuny şanyň ikinji öýüne göçdi. Men ony pil bilen ýatyrmak üçin, atymy perziniň ikinji öýüne göçdüm we oňa mugt berdim. Ol atyny atyň üçünji öýüne göçdi. Men oňa pil bilen küşt berdim. Eger ol çüňke barsa, atyny atym bilen alyp, küşt berjekdim we ruhy pil bilen aljakdym. Eger açyk ýere göçse, ruhy pil bilen aljakdym. Şonda onuň aty açyk ýerde galýar. Garşydaşym bu oýna hiç hili düşünip bilmedi. Hatda atymy oňa mugt bersem-de, ol hiç zady öňünden aňşyrmady».

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ruh | | pil | şa | | | ruh | at |
| | **ruh** | | | | pyýa da | | |
| | | **ruh** | | perzi | | | pil |
| at | | | | | | | pyýa da |
| pyýa da | pyýa da | | | **pyýa da** | **pyýa da** | **at** | **pyýa da** |
| | | | | | | pyýa da | |
| | | | | | **at** | | |
| | | | | | **şa** | | **perzi** |

*gyzyllar*

Gyzyllar şanyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalar perzi bilen onuň öňüni ýapsa, onda gyzyllar beýleki ruh bilen küşt berýär. Soň gyzyllar şanyň öýünden küşt berýär, soňra hem şanyň ikinji öýünden küşt berýär, soň pyýadany itip, oýny utýar. Garalar üçin iň gowy göçüm şanyň öňüni ýapman, perzisiniň öýüne barmakdyr. Gyzyllar piliň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar şany piliniň öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe atynyň ikinji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar ruhy alyp, küşt berýär. Garalar aty alýar. Gyzyllar pyýadany öňe itip, küşt berýär. Garalaryň şasy piliniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar çep tarapky gara atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne gidýär. Gyzyllar perzi bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl perziniň üçünji öýüne barýar. Gyzyllar garalaryň peýdasyna atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň öýüne barýar. Gyzyllar şanyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň öz öýüne ýa-da piliň ikinji öýüne girýär. Gyzyllar ýene-de piliň üçünji öýünden küşt berýär. Garalaryň şasy şanyň öýüne göçýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünde duran ruh bilen atyň öýünden küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| şa | perzi | | | **at** | | | |
| | | | **ruh** | | | | **ruh** |
| | | **pyýa da** | **perzi** | pil | | | pil |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| pyýa da | | | at | pyýa da | | | pyýa da |
| | | | | **pil** | pyýa da | pyýa da | **pil** |
| **pyýa da** | **pyýa da** | | ruh | | | ruh | |
| | **perzi** | | | **şa** | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhuň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar ony perzi bilen alýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň öýüne barýar. Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar pili bilen onuň öňüni ýapýar. Gyzyllar ruhuň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhunyň öýüne barýar. Gyzyllar pili ruh bilen alyp küşt berýär. Garalar perzi bilen onuň öňüni ýapýar. Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar pil bilen küşt berýär. Garalar

atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzini ruh bilen alyp küşt berýär. Garalaryň şasy ruhuň dördünji öýüne barýar. Gyzyllar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar pyýadasyny öňe itip, küşt berýär. Garalaryň şasy atyň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar aty bilen öňüni ýapsa, gyzyllar ony alyp, ýene-de küşt berýär. Garalaryň şasy piliň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy gyzyl perziniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar pilini öz öýüne gaýtaryp, küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **perzi** | | | |
| | | | | | | **şa** | **pyýada** |
| **pyýada** | | | | **pil** | | | **pil** |
| | **ruh** | pyýada | **ruh** | pyýada | | | |
| | | | | | | | |
| şa | pyýada | | perzi | | | | |
| pyýada | | ruh | | ruh | | | |
| | | | | | pil | | |

*garalar*

Garalar perzisini iki ruhuň arasyna göçýär. Gyzyllar ony pili bilen alýar. Garalar ol pili pyýadasy bilen alýar. Gyzyllar ruhuň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasy atyň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar piliň dördünji öýünde duran pyýadany alyp, öz ruhuny goraýar. Garalar sag tarapky pilini perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar ruhy bilen şasynyň dördünji öýünde duran pyýadany alýar. Garalar pilini gyzyl atyň dördünji öýüne göçýär we ruhuň öňüni ýapýar, şeýdip döwi hökman utýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | **ruh** | | | | | |
| | | | | şa | | | |
| **pyýa da** | | | pyýa da | | pyýa da | **pil** | |
| | | ruh | | | **pyýa da** | pil | |
| | | | **şa** | **perzi** | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ruhy ruh bilen alýar. Garalar ony pyýadasy bilen alýar. Gyzyllar ony şasy bilen alýar. Garalar şany özüniň ikinji öýüne göçýär we ruhunyň öýüne howlugyp, pyýadanyň perzi çykmagyna päsgel berýär. Sebäbi ol pyýada perzi çyksa, pili bilen duşýan perzi bolýar. Eger garalaryň şasy çüňke barsa, gyzyllar şany atyň üçünji öýüne göçýär. Soň gyzyllar pyýadasyny ruhuň ikinji öýüne itýär we perzisini atyň öýüne göçýär. Şeýdip, onuň pyýadasyny daňýar. Soň gyzyllar şany gara pyýadanyň ýanyna gaýtaryp, ony alýar we şanyň üçünji öýüni eýelemek üçin pyýadasyny bir gezek göçýär. Gara şa oňa taýýar däl. Ol çüňkden pyýada perzi çykaýmasyn diýip, gyzyllaryň şasy pyýadany alýança ýerinde galýar. Gyzyllar pilini ruhuň üçünji öýüne – şanyň ýanyna getirensoň, garalar şasyny atyň dördünji öýüne göçýär. Soň pyýadasyny perzi çykaryp, küşt berýär. Soň pili alyp, oýny utýar.

## Oýny gyzyllar başlaýar, garalar utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | perzi | | | | | |
| **pyýa da** | | **pyýa da** | | | | | |
| | | pil | | | | | |
| | şa | pyýa da | **şa** | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Bu küşt düzümi Abu Naggamyňkydyr. Abu Naggam bu düzümine köp buýsanar eken. Gyzyllar pyýadany öňe itip, küşt berýär. Garalar ony şa bilen alýar. Gyzyllar pili alýar. Garalar gyzyllaryň şasynyň üçünji öýünden perzi bilen küşt berýär. Eger gyzyllar ony alsa, garalar şany gyzyllaryň pyýadasyna tarap sürüp, döwi utýar. Eger-de gyzyllar ony alman, pyýadany alsa, garalar şasyny göçýär, soň perzini gaýtaryp döwi utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | ruh | | | | |
| | | | | | | | pyýa da |
| | | **ruh** | perzi | pil | | pyýa da | pil |
| | **pyýa da** | | şa | | | | |
| | | **at** | | | | | |
| **pil** | | **pyýa da** | **şa** | | | | |
| | | **perzi** | | | | | |
| | | | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar garalaryň perzisini aty bilen alýar. Eger-de garalar ony ruh bilen alsa, onda gyzyllar ruh bilen piliň dördünji öýünden küşt berip garalary ýatyrýar. Eger garalaryň şasy öz dördünji öýüne göçse, gyzyllar perzisini perziniň üçünji öýüne göçýär. Eger garalar aty alyp, ruh bilen küşt berse, onda gyzyllar şasyny perzisi bilen ýapýar we küşt berýär. Eger garalaryň şasy perzisiniň dördünji öýüne göçse, onda gyzyllar piliň dördünji öýünden ruh bilen küşt berip garalary ýatyrýar. Eger-de garalar

şany aýryp, ruhy taşlasa, onda gyzyllar ony mugt alyp utýar. Garalar gyzyllaryň atyny almasa hem her halda gyzyllar döwi utýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | pil | | | şa | at | | ruh |
| | | | | pyýa da | | | |
| **pyýa da** | **pyýa da** | pyýa da | | | | | pyýa da |
| | | **at** | | **pyýa da** | **at** | | **pyýa da** |
| | at | | | | | | |
| | | perzi | | | | | **pil** |
| | ruh | pyýa da | **ruh** | | | | |
| **şa** | | **pil** | | **ruh** | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar atyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar şanyň öýünde duran ruh bilen küşt berýär. Eger garalar aty alsa, çalt utulýar. Gara şa atynyň öýüne girýär. Gyzyllar aty ruh bilen alýar we küşt berýär. Garalar ony almaly bolýar. Gyzyllar atyň ikinji öýünde

duran at bilen küşt berýär. Eger garalaryň şasy atynyň öýüne gelse, gyzyllar ruh bilen atyň ikinji öýünden küşt berýär. Soň ýene-de ruh bilen gara atyň ikinji öýünden küşt berýär. Gara şa öz öýüne göçýär. Gyzyllar piliniň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy perzisiniň öýüne göçmeli bolýar. Gyzyllar beýleki aty bilen perziniň üçünji öýünden küşt berýär, soň pil we pyýada bilen ýatyrýar.

Indi döwüň başyna, ýagny gyzyllaryň garalaryň atyny ruh bilen alyp, at bilen küşt berýän ýerine gaýdyp baralyň. Garalaryň şasynyň atynyň öýüne gaýdan ýagdaýynda nädip utulýandygyny düşündiripdik. Eger gyzyllaryň şasy öz öýüne barsa, garalar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalar gyzyllara ruh bilen piliň ikinji öýünden küşt berýär. Garalar atynyň öýüne göçýär. Gyzyllar atynyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger garalar piliniň ikinji öýüne göçse, gyzyllar pyýadany itip, küşt berýär, soň perziniň ikinji öýünden at bilen ýatyrýar. Eger garalaryň şasy piliň öýüne göçse, gyzyllar şanyň üçünji öýünden at bilen küşt berensoň, ruh bilen atyň ikinji öýünden ýatyrýar.

### Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | **pyýada** | **pyýada** | | | **pyýada** | | |
| | | | **at** | **şa** | | **pyýada** | ruh |
| ruh | pil | | | **pyýada** | | | |
| | | pyýada | pyýada | at | **pyýada** | pyýada | pyýada |
| pil | | | **perzi** | | pyýada | | |
| | **ruh** | | | | | | **ruh** |
| | | | | şa | | | |

*garalar*

Garalar pyýadasyny öňe itip, küşt berýär. Gyzyllar garalara ruhuň dördünji öýünde duran ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar öňüni ýapsa, garalar ony alýar, alsa-da ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy atynyň ikinji öýüne düşse, öňüni ýapsa-da, ýapmasa-da, garalar ruhuň ikinji öýünden küşt berýär. Gyzyllar ony almaly bolýar. Garalar at bilen piliň üçünji öýünden küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, garalar pyýada bilen küşt berensoň, ruh bilen ýatyrýar. Eger gyzyllaryň

şasy ruhuň üçünji öýüne göçmese we atynyň ikinji öýüne göçse, garalar atyň öýünden ruh bilen küşt berip, atyny mugt berýär. Gyzyllar ony almaly bolýar. Sebäbi almasa gyrada duran pyýada küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar aty alsa, garalar pyýadany öňe itip, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliniň dördünji öýüne göçýär. Garalar pilini yza göçüp, küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **ruh** | **pil** | **pil** | | **perzi** | | **perzi** | |
| | | | | **pyýa da** | | | |
| **pyýa da** | | **şa** | | | **pyýa da** | | |
| | | | **pyýa da** | | | | |
| pyýa da | pyýa da | at | | | | | |
| | | | | pyýa da | pyýa da | | pil |
| | | ruh | | perzi | şa | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar ruhuň dördünji öýünden at bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy atyň üçünji öýüne barsa, garalar piliň üçünji

öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň ikinji öýüne göçse, garalar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär, soň atyň ikinji öýünde ruh bilen ýatyrýar. Gyzyllaryň şasy üçin iň gowy göçüm şanyň üçünji öýüne gelmekdir. Garalar gyzyllara piliň üçünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň dördünji öýüne düşýär. Garalar piliň pyýadasy bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy garalaryň şasynyň dördünji öýüne düşýär. Garalar piliň üçünji öýünden perzi bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň üçünji öýüne girýär. Garalar pili gaýtaryp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň ikinji öýüne girýär. Garalar atyň üçünji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy perziniň öýüne gitmeli bolýar. Garalar perzi bilen ýa-da ruh bilen ýatyrýar.

### Oýny gyzyllar başlaýar we utýar

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| şa | at | | ruh | **at** | | | |
| pyýa da | | | **pyýa da** | | | | **pyýa da** |
| | | pyýa da | | pil | | **pyýa da** | pil |
| **pyýa da** | **pyýa da** | **pyýa da** | pyýa da | **pyýa da** | **at** | | |
| | | | **pyýa da** | pyýa da | | **ruh** | |
| | perzi | at | **pil** | **pil** | pyýa da | **ruh** | |
| | | | | | ruh | | |
| | | **şa** | | | | | |

*gyzyllar*

Gyzyllar piliň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy aşak düşýär. Gyzyllar beýleki aty bilen şanyň üçünji öýünden küşt berýär. Garalar aty alýar. Gyzyllar atyň pyýadasyny göçüp, küşt berýär. Eger garalar ony alsa-da, almasa-da, gyzyllar gyra çykyp, küşt berýär. Garalar şa bilen pyýadany almaly bolýar. Gyzyllar piliň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy perziniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň dördünji öýünden beýleki pil bilen küşt berýär. Garalaryň şasy

gara piliň öýüne göçýär. Gyzyllar atyň pyýadasyny itip, küşt berýär. Garalar ony almaly bolýar. Gyzyllar pilini ruhuň öýünden gaýtaryp, küşt berýär. Garalar ruhy pil bilen alýar. Gyzyllar ony ruh bilen alyp, küşt berýär. Eger garalaryň şasy gyra göçse, at bilen ýatyrylýar. Eger ol piliniň öýüne barsa, gyzyllar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalaryň şasyna diňe perziniň ikinji öýüne göçmek galýar. Gyzyllar atyň dördünji öýünden pil bilen ýene bir gezek küşt berýär. Garalaryň şasy perziniň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň üçünji öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | **şa** | |
| | | | | | | at | |
| | **at** | | | şa | | | |
| | **at** | | | **pyýa da** | at | pyýa da | |
| | | | | perzi | | | |
| | | | | pil | ruh | | |
| | | **ruh** | **pil** | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar şanyň ikinji öýünden at bilen küşt berýär. Gyzyllar aty alýar. Garalar piliň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy çüňke göçýär. Garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy atyň ýa-da ruhuň ikinji öýüne göçse, garalar atyň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň ikinji öýüne gidýär. Garalar pyýadany itip, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçýär. Garalar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar atyň ikinji öýüne göçýär. Garalar ilki ruhuň ikinji öýünden ruh bilen, soň pyýada bilen küşt berýär. Soň ýene ruh bilen küşt berýär.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **ruh** | **pil** | **perzi** | | | | |
| | | **pyýa da** | **şa** | **at** | ruh | | **pyýa da** |
| | | | | | | **pyýa da** | |
| | | pyýa da | **pyýa da** | | | | |
| | **ruh** | **pyýa da** | at | | | | |
| pil | | | | | ruh | | pil |
| pyýa da | | şa | | | | | pyýa da |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar pyýada bilen küşt berýär. Gyzyllaryň şasy aşak düşýär. Garalar ilki piliň üçünji öýünde duran ruh bilen, soň piliň üçünji öýünden at bilen, soň piliň dördünji öýünden ruh bilen, soň piliň dördünji öýünden pil bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy şanyň ikinji öýüne girse, garalar at bilen, soňra ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Gyzyllar şany piliň ikinji öýüne göçse, garalar atyny şasynyň öýüne gaýtaryp, küşt bermekden başga göçüm edäýse, ol ýalňyş göçüm bolar. Şeýlelikde, atyny şasynyň öýüne gaýtaryp, ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar aty alsa, garalar ony şol bada ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy atyň öýüne barsa, garalar atynyň dördünji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy çüňke gitse, garalar ilki piliň öýünden ruh bilen, soň atyň ikinji öýünden ruh bilen, soňra ruhuň öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar çüňke girmese we pyýadany alsa, garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllar çüňkde galsa, garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllar pili alsa, garalar ruh bilen gyraky pyýadany alyp, küşt berip ýatyrýar.

**Oýny gyzyllar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | pil | | |
| **pil** | | **ruh** | | | | | |
| | | pyýa da | pyýa da | | | | şa |
| | | | | | | | |
| | | | | | | **pyýa da** | |
| | | ruh | **pyýa da** | **at** | **şa** | | **pil** |
| | ruh | | | | | | |
| | | | | | | perzi | |

*gyzyllar*

Gyzyllar ilki at bilen, soň ruh bilen, soň pyýada bilen, soň şanyň ikinji öýünden ruh bilen, soň at bilen küşt berýär. Garalaryň şasy aşak düşýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar pyýadany alýar. Gyzyllar ilki pil bilen, soň ruh bilen küşt berýär. Garalar şanyň öňüni ýapsa-da, ýapmasa-da, ýa başga bir ýere göçse-de, gyzyllar ruh bilen perziniň öýünden küşt berip, şany ýatyrýar.

## Oýny garalar başlaýar we utýar

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | **perzi** | **ruh** |
| **pyýa da** | | | | | | | |
| **pil** | **pyýa da** | **at** | **pil** | | | **şa** | **pyýa da** |
| | | **pyýa da** | at | **pyýa da** | **pyýa da** | at | |
| | | | pyýa da | | | | |
| | | pyýa da | pyýa da | | pyýa da | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | şa | ruh | |

*garalar*

Garalar şanyň üçünji öýünden atyny göçüp, küşt berýär. Gyzyllaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär. Garalar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Eger gyzyllaryň şasy ýokary galsa, garalar perziniň öýünde duran at bilen küşt berýär. Eger gyzyllar aty alsa, garalar ilki piliň ikinji öýünden at bilen, soňra şanyň öýünden at bilen, soň pyýadany itip, küşt berýär. Gyzyllara ony almak galýar. Garalar at bilen piliň ikinji öýünden küşt berip ýatyrýar.

At aýrylyp ruhuň öňi açylan wagty gyzyllaryň şasynyň ruhuň dördünji öýüne gelýän ýagdaýyna garalyň. Garalar ilki atyň ikinji öýünden at bilen, soň ýene-de piliň dördünji öýünden at bilen küşt berýär we pyýadany alýar. Eger gyzyllaryň şasy yzyna gaýtsa, garalar ony beýleki aty bilen küşt berip ýatyrýar. Eger gyzyllaryň şasy ruhuň üçünji öýüne göçse, garalar ruhuň öýünden ruh bilen küşt berip ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **ruh** | perzi | | ruh |
| | | | | | **şa** | | |
| | | | | | | | **pyýa da** |
| | | pil | | | | **pyýa da** | |
| | | | şa | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar perzisini atyň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar garalaryň ruhuny ruh bilen alýar. Garalar ruhy perzi bilen alýar. Gyzyllar şany atyň öýüne göçýär. Garalar şany gyzyl perziniň dördünji öýüne göçýär. Gyzyllar şa bilen perzini alýar. Garalar şany gyzyl piliň üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar şany ruhuň ikinji öýüne göçmeli bolýar. Garalar pilini perzisiniň üçünji öýüne göçýär. Eger gyzyllar atynyň pyýadasyny itse, garalar pilini atyň öýüne göçýär. Eger gyzyllar atynyň pyýadasyny itmän, gyraky pyýadasyny itse ýa-da şany göçse, onda aýan utulýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*gyzyllar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | perzi | | | |
| | | | | | | **şa** | pyýa da |
| | | | | **pyýa da** | | pyýa da | |
| | | pil | | | | şa | |
| | | **pil** | | | | | |
| | | | pil | | | | |
| | | | **pil** | | | | |
| | | | | | | | |

*garalar*

Garalar perzisini piliň ikinji öýüne itip, öz pyýadasy bilen baglaýar, soňra pyýadasyny çüňke itip, küşt berýär. Gyzyllar ony almaly bolýar. Garalaryň şasy piliň üçünji öýüne girýär we pyýadany perzi bilen alýar. Eger gyzyllar ony alsa, garalaryň şasy piliň ikinji öýüne göçýär we pilini piliň dördünji öýüne göçýär, soňra pyýada bilen gyzyllary ýatyrýar. Eger garalar gyzyllaryň pyýadasyny perzi bilen alan wagty gyzyllar şasyny atynyň öýüne gaýdan bolsa we perzi alynmadyk bolsa, onda garalar perzisini piliň ikinji öýüne gaýdyp, küşt berip, gyzyllary her halda ýatyrýar.

**Oýny garalar başlaýar we utýar**

*garalar*

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | perzi | | | perzi |
| | | | | | şa | | **şa** |
| **ruh** | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | **ruh** | |

*gyzyllar*

Gyzyllar küşt berse-de, bermese-de, garalar ruhuny piliň dördünji öýüne göçüp, şanyň öňüni ýapýar. Eger gyzyllar şa bilen perzini alsa, gyzyllara küşt düşüp utulýar. Ýöne gyzyllar ruhy bilen garalaryň şasyna we pyýadasynyň perzä çykmagyna päsgel berýär. Garalar öz gezeginde şany piliniň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berýär. Garalar üçin üç göçüm bar.

Birinji göçüm: Şa öz öýüne gidýär, onda gyzyllar perzini ruh bilen alýar, ýogsam-da garalar ony ruh bilen goraýar. Soňra garalar ruhuny piliň ikinji öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen çüňkden küşt berýär. Garalar şanyň öňüni ruh bilen ýapýar. Gyzyllar ruhuny ruhuň ikinji öýüne gaýtarýar. Garalar ruhuny atyň öýüne düşürip, şanyň çykmagyna päsgel berýär. Gyzyllar şany ruhuň dördünji öýüne göçýär. Garalar ruhuny sag tarapky gyzyl atyň öýüne göçýär. Gyzyllar ruh bilen küşt berýär. Garalar şanyň öňüni perzi bilen ýapýar. Beýle ýagdaýda hökman utuş bolýar.

Ikinji göçüm: Garalar şany üçünji öýüne göçýär. Gyzyllar perzini ruh bilen alýar. Garalar ruhy bilen piliň ikinji öýünden hüjüm edýär. Gyzyllar ruhuny çüňke göçýär. Garalar piliň öýünden ruh bilen küşt berýär. Gyzyllar ruhuny gara ruhuň ikinji öýüne göçýär. Garalar ruhuny ilki atyň öýüne, soňra gyzyl atyň öýüne göçýär. Soňra küşt berip we ruha hüjüm edip, şarama edýär. Şeýdip, oýny utýar.

Üçünji göçüm: Eger gyzyllar atyň ikinji öýünden ruh bilen küşt berse hem-de perzini ruh bilen alsa, garalar hem şany şanyň üçünji öýüne ruh bilen aýrylyşmaz ýaly göçse, soň şany piliň üçünji öýüne göçse, gyzyllar ruhuny çüňke göçýär. Garalar ruhuny sag tarapdaky gyzyl piliň öýüne göçüp, küşt berip, ruha hüjüm edip döwi utýar.

## MÄHIRLI WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN!

Eý, Taňrym, bu işi şowlulyk bilen tamamlamaga ýardam et! Bu nesihatlary Abulferej Muzapbar ibn Seýit Lajlaj ady bilen meşhur bolan adam düzdi. Bu nesihatlar Abu Bekr Muhammet ibn Ýahýa Sulydan ýazylyp alyndy. Bu nesihatlar küştçüniň pikiriniň dürs we synçy bolmagyna hem-de döwleriň başlangyçlaryny, ortalaryny we ahyrlaryny dogry oýnap bilmegine ýardam etmek maksady bilen jemlenendir.

Razy şeýle diýipdir: «Küştçi küşti düzen wagty pikiri başga zada meşgul bolmaly däldir. Oýnan wagty gaýgy-gamsyz bolmaly, nahardan we şerapdan doýan bolmaly däldir. Ol öz mallaryny we garşydaşynyň mallaryny her göçümde göz öňünden gidermän, synlap durmaly. Şeýle hem, özüniň şasyny we garşydaşynyň şasyny her göçümde ünsünden sypdyrmaly däldir».

Abu Bekr Suly şeýle diýipdir: «Bir zady, eger ol mugt bolsa hem gowy öwrenmezden aljak bolup howlukmaly däl. Sebäbi küşt maly haýsydyr bir zady has köp utjagyna göz ýetirlensoň we utuşa baryljagy bilnensoň, mugt berilýär. Gyssanyp oýnamakdan we mallaryňy açyk we goragsyz halda goýmakdan mejbur bolaýmasaň ýa-da sabyr edeňsoň ýeňşe barýan bolaýmasaň, daş durmaly. Öz şaňy gowy goramaly. Piliň göçümlerinden, ruhuň öňi açylmagyndan seresap bolmaly. Iki piliňi, esasan hem, şanyň golaýyndaky piliňi gorap saklamaly. Gaharlanyp oýnamaly däl. Sebäbi gahar oýnuň iň uly duşmanlarynyň biridir».

Bu sözleri men ussadym Abu Bekr Sulydan eşitdim we topladym. Küşt oýnanyňda howlukmaly däl. Göçüm edeniňde esasly we manyly göçmeli. Döwi perzi tarapdan açmajak bolmaly. Esasan şa tarapdan oýnajak bolmaly. Şanyň pyýadasyny köp döwlerde şanyň dördünji öýüne göçmeli däl. Eger göçäýseň-de maly goramak üçin ýa-da başga mala päsgel bermek üçin göçmeli, ýanynda perziniň pyýadasy bolmaly. Köp döwlerde perziniň pyýadasyny dördünji öýüne göçmeli. Gijä galdyrman perzini öz üçünji öýüne ýa-da piliň üçünji öýüne çykarmaly. Döwde bir setirden iki pyýada gitse, şol setirde iki ruhuň, hiç bolmanda bir ruhuň bolmagy gowudyr. Bir ýa-da iki aty giç goýman, öz öýlerinden çykarmaly. Küşt tagtasynyň ýarysy öz mallaryňkydyr. Mallaryňy öz ýeriňden çykarjak bolmaly. Tagtanyň beýleki tarapyndan – garşydaşyň tarapyndan öýleri eýelejek bolmaly. Eýelemek üçin hile gurnamaly we garşydaşyňa mallaryny ýerleşdirmäge päsgel bermeli. Malyny mugt aljak bolmaly, ýogsa-da has gowşak mal bilen güýçli maly çalyşjak bolmaly, hiç bolmanda özi ýaly mal bilen alyşmaly. Eger gerek bolsa, gaýdyp bolýan bolsa, maly yzyna, öz öýüne gaýtaraýmaly. Şeýle hem, garşydaşyň tarapyna göçüm edeniňde malyň mugt gitmeginiň, özüçe ýok mal bilen çalşylmagynyň ýa-da maly yzyna göçmeli bolup, iki göçüm ýitirilmeginiň ähtimaldygyna gowy seretmeli. Döw giňände, ýagny mallar azalanda, iki ruhuň oýnamaly wagty gelýär. Oýun iki tarapdan açylanda iň gowy mal ruhlar bolýar. Ruhy göçmek üçin iň gowy öýler garşydaşyň ruhunyň ikinji öýi ýa-da atynyň ikinji öýi we şoňa meňzeş öýlerdir. Sebäbi şonda garşydaşyň şasyny gysmak üçin amatly bolýar. Eger ruh şol öýlere barsa, onda onuň öz ýerini tapdygy we gowy ýerde ýerleşdigidir. At üçin iň gowy öýler tagtanyň ortasynda ýa-da garşydaşyň tarapyndaky gyraky öýlerdir. Eger at şol öýlere baryp bilse, onda küştçiniň maksadyna ýetdigidir. Ruh üçin iň erbet öý özüniň

ikinji öýüdir. At üçin iň erbet öý çüňkden soň ikinji öýüdir. Ruhdan başga her bir mal çüňkde bolan wagtynda onuň öýleri azalýar we hereketi çäklenýär. Sebäbi ruh üçin çüňk hem, başga öýler hem deňdir. Maly ýalňyş göçseň, ony ol öýden çykarjak bolmaly. Eger garşydaşyň şasyny gabasaň, ol senden dynjak bolup, bir mal bermäge-de taýýar. Maly alanyňda, aty perzä ýa-da ruha çalyşjak bolmaly.

Ruh gabalsa, gymmaty atyňky ýaly ýa-da atyňkydan az bolmagy hem mümkin. Şeýle hem, ruh gowy ýerleşen bolsa, onda onuň gymmaty bir ruh bir perzi ýaly bolýar ýa-da ondan hem artyk bolmagy mümkin. At barada aýdylanda, bu jähetden onuň ýagdaýy hem şeýle. Oýunçy özüniň hem, garşydaşynyň hem mallarynyň gowy we erbet ýerleşişine görä oýnamaly.

Eger garşydaşyňy ruh bilen gabasaň, garşydaşyň hem seni gabasa, seniň ýerleşişiň garşydaşyňkydan gowy bolsa, onda ruhy şol durşuna öz ýerinde goýarsyň. Eger-de ýeňmejek bolsaň, onda ruhy öz tarapyňa gaýtmaly we alyşmaly, ýogsa utularsyň.

Oýunçy bolmanda üçden gowrak ýa ondan azrak göçüm öňe seretmeli. Birinji göçümden soň, garşydaşynyň göçüşine görä, göçjek bolan göçümlerini ýerine ýetirmeli. Eger garşydaşynyň göçüminden has gowy göçümiň bardygyny görse, onda pikirini üýtgedip, gowusyny etmeli.

Eger şa gysylsa, mallar hem bir tarapda bolsa, oýun kynlaşsa, utuş dogry bolup çykmasa we garşydaşyň oýny has gowy bolsa, döwi başga tarapdan açyp başlamaly, şonda mallaryň ýerleşişi has gowy ýagdaýa geler, utuş hem has güýçli we aýdyň bolar. Eger bir maly öýleriň birine göçmek isleseň, ony göçeniňden soň, ony ýerinde goýup, başga öýleriň pikirini etmeli. Eger zerur bolmasa, iki maly biri-biriniň yzynda goýmajak bolmaly. Şany gysyp goýmaly däl. Sebäbi iň agyr oýun şanyň başyna düşýär. Eger bir zadyňy ýitirseň, giden zadyň pikirini etmeli däl. Tersine, döwi utmagyň ýa-da deň gutarmagyň

pikirini etmeli. Şanyň daşyna iki uly malyň ýygnanmagyndan seresap bolmaly. Beýle ýagdaýda ýene bir mal gelip goşulsa, garşydaşyň utaýmagy mümkin. Eger-de şa gysylsa, bir maly berip, ony halas etmeli. Pil pyýadany mugt ýa-da şeýle çalşyp hem alyp hem biler. Pil üçin yza galan pyýadany almak ýagşydyr. Iki ruhuň we iki atyň birleşmeginden hem häzir bolmaly. Eger üç pyýada bir setirde bolsa, olaryň birini pyýadalar bilen alyp bilýän bolsaň, ortakysyny almaly. Eger döw ýapyk bolsa we ony açjak bolsaň, mugt gitmez ýa-da mala çalşylmaz ýaly mallaryňy goragsyz goýup, açmak bolmaýar. Şany tagtanyň iň gowy taraplarynda ýerleşdirmeli. Ýöne oýun başlan wagty şanyň duran ýeri has gowudyr.

Atyň we ruhuň ýa-da ruhuň we perziniň, ýa-da ruhuň we piliň bir göçümdäki küştünden häzir bolmaly. Sebäbi munuň özi iň uly ýalňyşlyklaryň biridir.

Mallaryňy gaty gysganyp oýnamakdan we ol sebäpli edilýän ýalňyşlyklardan daş durmaly. Sebäbi gaýgyran malyň sebäpli soň has köp zat gidiräýmegiň mümkin. Çünki, käbir ýagdaýlarda aýamazlyk ýeňşe we utuşa eltýär. Küştüň esasy kanuny – her amaly öz wagtynda ýerine ýetirmekdir. Onda ne gysyklyk, ne sahylyk, ne hüjüm, ne töwekgellik, ne gorkaklyk, ne batyrlyk, ne söweş, ne howlukmaçlyk, ne garaşmaklyk, nede uzaga çekmeklik bolmaz. Her zady öz ýerinde ulanmak üçin köp oýny synlamaly we edilýän göçümleriň nähili ýagdaýlara eltýändigini bilmeli. Kim küşti özüne pişe edinip, ökde oýnajak bolsa, goý, ol sabyrly bolsun, pikir ýöretmegi oňarsyn we uzak synlamagy başarsyn.

Abu Bekr Sulynyň bu nesihatlaryny jemlän kişi Abulferej Muhammet ibn Ubeýdylla Lajlajdyr. Beýik we Güýçli Allanyň ýardamy bilen bu nesihatlar tamam boldy.

Ýeke-täk Alla şöhrat we Muhammet alaýhyssalama salawatlar bolsun!

## TAHYR BASRY

### Küştüň hikmeti

Küştüň hikmeti hakda sorar bolsaň – bil şuny,
Täsin tagtaň üstünde Rumuň[1], Zenjiň[2] goşuny.

Kiçiň üstüne uly abanyp haýbat atýar,
Bu meýdanyň atlary tozan turuzman çapýar.

Esger esgere duşup, söweş joşa gelende,
Batyr ýeňýär gorkagy, tilsimleri bilende.

Bu meýdanda oýunçy, döwleriň syryn bilip,
Garşydaşyn çökerýär, başarýar üstün gelip.

Adly, Suly – ikisi pikir örüsin gezdi,
Gollanmasyn bu oýnuň, olar işledi-düzdi.

Diňle ussat-şägirdiň, bize aýdan sözüni:
«Sabyrly bolsa kişi güýçlendirer döwüni».

---

[1] Rum diýlip, ak (gyzyl) mallar göz öýünde tutulýar.
[2] Zenj (hünni) diýlip, gara mallar göz öňünde tutulýar.

Ýatda saklaýşyň ýaly, awusyny ýaranyň,
Ýalňyşlaryn ýat bekle, göçümde ak-gyzylyň.

Çaman at ýüwrük bilen aýlawda deň bolarmy,
Öwrenje kişiň oýny ökdäňkä deň gelermi?

Şa kömekçiler bilen kuwwata eýe bolar,
Ýeke goýma hiç ony, ýanynda bolsun olar.

Eger ýeke galdyrsaň, şany heläk edersiň,
Soň ahmyrdan peýda ýok, utulsaň soň nädersiň?!

Öý eýesi myhmanyn duşmanyndan goraýar,
Kim azar berse oňa hasabyny soraýar.

Şu mysaldan ýol alyp, sen hem ruhuňy gora,
Salma ikinji öýe, eger barsa ýok çäre.

Aň eleginde eläp, ussadyň her sözün tut,
Döwün ölçerip-döküp, göçümi dek göçüm et.

Hindi oýlap tapsa hem, ökde çykdy musulman,
Kämil etdi – ösdürdi, zor oýnaýar bu zaman.

Meşgul bolsaň bu oýna, ynsanlyk hakyn hakla,
Ýalan sözden-gybatdan özüňi daşda sakla.

Göýä suw gözbaşy dek, paýhas üçin bu tagta,
Aklyň çeşmesin açyp, ýetişdirer ol bagta.

Eger diýenim tutsaň, her oýunda utarsyň,
Hormata eýe bolup, öçmez ada ýetersiň.

Her göçümde hile bar, gora hileden özüň,
Çäresini taparsyň, yzarlap çöwre ýüzün.

Seresap bol, ägä bol, her hüjüme gireňde,
Ýagyň için ýakarsyň, şeýle ädim uraňda.

Ýalňyş göçüm barabar ahmyr doly ölüme,
Mergen ýaly gözden ur, çöpi alsaň eliňe.

Söweş gelmezden burun, atyň seýisle başdan,
Ýetdirmesin gaçaňda, kowsaň ýetsin ol daşdan.

Tilsimi ökde salsaň, duşmanyň howun basar,
Ol haýbatdan aýrylyp, alaçsyz yza teser.

Goý özüňi ornuna jeňe girýän her äriň,
Ýeňil düşer söweşiň, ýagşy öwrenseň tärin.

Arslan dek batyr bolup, maňlaýdan ur penjäni,
Är ýigidiň ýanynda, ýokdur duşmanyň jany.

Ölüm ýokdur merde hiç, çünki ýaşar şöhraty,
Gorkak ölmezden öli, ölüme ýok gaýraty.

Synag-tejribe äre söweşdäki ýeňişi,
Adyn bir gez göterýär bitiren her bir işi.

Oýunda göçüm synag, utuş tejribe bolar,
Tejribeli kämildir, asyrlara ýaň salar.

Ussatlaryň sözüni ýaýmak maňa hoş geldi,
Taňryň ýardamy bilen kasyda tamam boldy.

«Gamsyz ýaşasyn ynsan, sürsün şatlykda ömri»,
Diýip, eçildi küşti nygmat hökmünde Taňry.

Dilimiz hem kalbymyz Taňra taryp sözleýär,
Edenne şükrümiz köp, Özi bolsun bize ýar.

Tükenmez alkyş bolsun, Gurhan, hadys nygmatna,
Pygambere, nesline, Onuň päk ymmatyna.

## KÜŞT HAKYNDA GYMMATLY ESER

Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda türkmen halkynyň milli mirasyny doly öwrenmeklik üçin ähli mümkinçilikler döredi. Türkmen halkynyň gadymdan gelýän milli mirasy örän köp dürlüdir we baýdyr.

Türkmen halky dünýä halklarynyň arasynda söýlüp oýnalýan küşt oýnunyň döremegine, kämilleşmegine öz mynasyp goşandyny goşan halkdyr. Bu oýun boýunça ilkinji beýik küştçi, dünýäniň ilkinji küşt çempiony diýen ada eýe bolan Sulynyň türkmen neslinden bolmagy hem biziň halkymyzy buýsandyrýar. Geçmiş mirasymyza uly sarpa goýýan Şa şahyrymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmeniň şöhratly taryhyny, gymmatly mirasyny öwrenmäge, ondan pendi-nesihat almaga çagyrýan «Türkmen, ybadata gel» atly ajaýyp goşgusynda hem türkmeniň bu meşhur küştçüsiniň adyny uly hormat we buýsanç bilen ýatlaýar:

Ezeli oguz iline – Garrykentde keşt eýle,
Ýaňykentde doga okap, Seýistanda sežd eýle,
Şähristanda şöwür çekip, Harazminde dynç eýle,
Gorkut ata tagzym kylyp, as-Sul bilen küşt oýna,
Diýar dogaýy diýardyr, dogan ybadata gel.[1]

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Türkmen ilim aman bolsun . – Aşgabat, 2005, 65 sah.

Eliňizdäki «Sadranç kitaby» atly bu eser dünýä meşhur türkmen küştçüsi Sulynyň küşt äleminde tutýan orny, ussatlygy barada we başga-da ençeme tanymal küştçüler hakynda gymmatly maglumatlary berýär. Küştüň taryhyna degişli gymmatly maglumatlary özünde jemleýän bu eser 1140-njy ýylda ýazylypdyr. Bu gadymy gymmatly golýazmanyň ýeke-täk nusgasy Türkiýäniň Stambul şäherindäki Süleýmaniýe kitaphanasynda saklanylýar. Onuň nusgasy Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň hemaýaty bilen ata Watanymyza getirildi we arap dilinden türkmen diline terjime edildi.

«Sadranç kitaby» atly eserde meşhur küştçüler Adlynyň (IX asyr) we Sulynyň (X asyr) küşt oýny hakyndaky eserlerinden saýlanyp alnan bölekler ýerleşdirilipdir. Gynansak-da, Adlynyň we Sulynyň küşt hakda ýazan kitaplary biziň günlerimize dolulygyna gelip ýetmändir.

Grossmeýster, küşt taryhçysy Ý. Awerbah «Sadranç kitaby» eserine «Orta asyr grossmeýsterleri» atly makalasynda: «Küştüň nazaryýeti boýunça biziň günlerimize gelip ýeten iň gadymy arap golýazmasy»[1] diýip, baha berýär.

«Sadranç kitaby» 535-nji hijri ýylynyň Gurban aýynda (miladynyň 1140-nji ýyly) Abu Yshak Ybraýym ibn Mübärek ibn Aly Muzahhap Bagdady tarapyndan ýazylýar. Kitapda küştüň döreýşi baradaky rowaýatlar, küşt mallarynyň oýunda tutýan orny, küştüň iň bir maksadalaýyk başlangyçlary (debýutlar) baradaky maglumatlar, küşt meseleleriniň çözgütleri hakynda Adlynyň we Sulynyň öz dilinden alnan maglumatlar berilýär. Golýazmanyň esasy bölegini Sulynyň küşt oýnunyň meseleleri baradaky aýdanlary, onuň tankydy bellikleri hem-de küşt meseleleri baradaky maglumatlar tutýar. Kitabyň ahyrynda Sulynyň küşt we onuň nazaryýeti baradaky aýdanlaryna onuň okuwçysy Lajlajyň düşündirişi ýerleşdirilipdir.

---

[1] Шахматы – 64. – Москва, 1986, №3, стр. 54.

Küştüň taryhyna degişli kitaplarda sadranç oýny çaturanga diýen gadymy hindi oýnunyň esasynda döräpdir diýilýär. I. Maýzelisiň aýtmagyna görä: „Çaturanga Hindistanyň demirgazyk-günbatar Penjap we Keşmir welaýatlarynda II-IV asyrlarda döräpdir. Çaturanga oýnunyň düzgünleri küştüň düzgünlerine golaý bolsa-da, oňa doly gabat gelenok. Çaturangada mallaryň ýerleşişi başgaça, perzi bolsa ýok. Iň esasy tapawut hem çaturanga nard oýny mysaly daş atylyp oýnalypdyr. Ol oýnuň maksady şany mat goýup ýatyrmak däl-de, garşydaşyň mallaryny alyp gutarmakdyr. IV-V asyrlarda Merkezi Aziýanyň Hindistanyň demirgazyk-günbatary bilen serhetdeş sebitlerini we Hindistanyň bir bölegini öz içine alan Kuşan şalygy höküm sürüpdir. Has soňrak bolsa, ol ýerlerde eftalylaryň (abdallaryň) döwleti döräpdir. Ana, şol ýerde-de çaturanganyň esasynda, has kämil şatranj ýa-da sadranç atly täze oýun ýüze çykypdyr. Sadranç barada iň ilkinji maglumat Merkezi Aziýanyň 600-nji milady ýylyna degişli edebiýatlarynda gabat gelýär. Soňky iki ýüz ýylda bolsa, Merkezi Aziýada sadranç baradaky maglumatlar köpelýär”.[1] Şol maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, sadranjyň hindileriň çaturanga oýnunyň esasynda Merkezi Aziýada döräpdir diýsek bolýar.

Aslynda sadranjyň we hindileriň çaturangasynyň türkmenleriň düzzüm we aşyratdy ýaly oýunlaryndan dörän bolmagyda ähtimaldyr. Düzzüm we aşyratdy oýunlary çaturangadan has gadymy hem-de ýönekeý oýunlardyr. Düzzüme garanyňda aşyratdy oýny küşte has golaý. Aşyratdy iki taraply oýun, onuň çöplerini bir öý öňe hem gapdala göçüp bolýar. Bir tarapyň çöpi garşydaşynyň soňky setirine ýetse, hemme tarapa bir öý göçüp bilýän çöpe öwrülýär. Bu mesele barada alym A. Bekmyradowyň „Sadrançnama” atly kitabynda: „Küşt asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilen oýun. Belki, küşt ilki şu aşyratdy-

[1] И. Майзелис. Шахматы. – Москва, 1960, стр. 285.

nyň formasynda ýüze çykyp, soň-soňlar ol kämilleşdirilendir”[1] diýip aýdan sözleri hakykata has golaýdyr.

Türkmenleriň ýokarda agzalan gadymy oýunlaryndan başga-da öz milli küşt oýny bolupdyr. Häzirki oýnalýan küştden tapawutly şol türkmen küşti XX asyra çenli türkmenleriň arasynda has meşhur oýun hökmünde ýörgünli bolupdyr. Türkmen milli küşti sadranja gaty golaýdyr. Türkmen küştüniň öýjükleri sadranjyňky ýaly akly-garaly bolmasa-da, olaryň öýjük sanynda meňzeşlik bar (64 öýjük). Ak matanyň ýüzüne sapak bilen küştüň inedördül içi şekillendirilipdir. Bu oýunda hem sadranjyň düzgüni ýaly pyýada diňe bir öý göni göçüp bilýär, öýleri çalyşmaklyk[2] ýok we pat[3] bolup, oýny deňme-deň edip bolmaýar. Türkmen küştünde oýny hökman aklar başlamaly diýen düzgün ýok, garşydaşlaryň ylalaşygy boýunça kim başlasa-da bolýar.

1883-nji ýylda Merkezi Aziýada ekspedisiýada bolan italýan etnografy Lomberto Loriýa küşt oýnunyň türkmenleriň arasynda meşhur bolandygy barada ýazýar. Ol türkmen küştüniň mallaryny toplap, Italiýa eltipdir, ýöne mallaryň bir aty bilen bäş pyýadasy ýetmändir.[4] Häzirki wagt Lomberto Loriýanyň Italiýa elten türkmen küştüniň şol mallary Florensiýanyň antropologiýa we etnografiýa muzeýinde saklanylýar. Türkmen küşti barada fransuz syýahatçysy Gulibef Genri de Blokwil 1860-njy ýylda: «Saz bilen aýdymdan soň türkmenleriň iň gowy görýän zady küşt. Olaryň küşt tagtasy bir bölek matanyň ýüzüne çyzylan, küşt mallary bolsa agaçdan ýasalan. Olar şeýle

---

[1] A. Bekmyradow. Sadrançnama. – Aşgabat, 1983, 8-9 sah.

[2] Öýleri çalyşmaklyk (rokirowka) – ruhy şanyň ýanyna getirip, şany ruhuň beýleki gapdalyna geçirmek, öýlerini çalşyrmak. Muňa küştçüleriň dilinde «rokirowka» diýilýär.

[3] Pat – şanyň küşt düşmedik wagty göçüp bilmeýän ýagdaýy.

[4] Шахматы. Энциклопедический словарь. – Москва, 1990, стр. 9.

bir küşte berlen, hatda öz ýörişlerinde hem küştlerini ýanlaryna alýarlar" diýip ýazypdyr[1].

Sadranç bilen türkmenleriň oýnan küştüniň asly bir bolmaly. Ýöne türkmenler öz oýnan küştüne käbir üýtgeşmeleri girizipdirler. Mysal üçin, türkmen küştünde oýunçy taraplaryň garşydaşynyň malyny almazlyk şerti bilen sekiz göçümi yzygiderli göçmäge ygtyýary bar. Bu göçüş usuly her tarapyň söweşe taýýarlanýandygynyň manysyny beripdir. Ol üýtgeşiklikler türkmenleriň söweş tilsimleri hakyndaky garaýyşlaryny ýüze çykarýar. Gadymy türkmen küştüniň aslynda sadranç bolandygyny türkmen küşt mallarynyň atlandyrylyşynyň sadranjyň mallarynyň atlandyrylyşyna doly gabat gelmegi-de tassyklaýar.

Sadranjyň tagtasy häzirki küştüň tagtasynyňky ýaly 64 öýden ybarat, öýleri reňklenilmedik görnüşdedir. Garşydaşlaryň mallary, gara hem-de gyzyl reňkdedir. Mallaryň şekili we ýerleşişi şu günlerdäki görnüşde bolupdyr. «Sadranç kitabynda» mallaryň şekili görkezilmän, ýazgy üsti bilen aňladylýar: şa, ruh, at, pil, perzi, pyýada. Kiçijik mallary ýasasaň, olar buta meňzeş bolýarlar. Yslam dini butparazlyga garşy bolany üçin, küşt mallary jandaryň keşbine meňzedilmändir.

Küşt oýny Merkezi Aziýadan araplara geçýär. Merkezi Aziýadan alnyp gidilen küşt mallary pyýada söweşijini, atlyny, pili, weziri we patyşany sypatlandyrýar. Araplar bolsa küşt oýnanlarynda göräýmäge jandara meňzemeýän ýönekeý şekillerden peýdalanýarlar.

Gadymy küştçüler göçümiň hereketini ýazga geçirmegi adat edinipdirler. Her bir küşt tagtasynyň öýüniň öz ady bar we ol jedwel (tablisa) kitabyň başynda görkezilipdir. Düzgün örän sada – küşt tagtasyny ortasyndan dik çyzyk bilen ikä bölmeli, şeýlelikde, her tarapyň özüniň sag tarapy we çep tarapy bolýar.

[1] Шахматы. Энциклопедический словарь. – Москва, 1990, стр. 9.

Ondan soň küşt tagtasyny ortasyndan keseligine ikä bölýäris, şeýlelikde, her oýunçynyň öz tarapy we garşydaşynyň tarapy kesgitlenilýär. Dikligine gidýän öýler aşakdan ýokary (oýunçydan garşydaşyna, gaýradan ilerik) birinji, ikinji, üçünji, dördünji sany eýeläp, tagtanyň çep ýa-da sag bölegine degişli bolýarlar. Ýazaryň şekillendiren jedwelinde öýleri kesgitlemek örän aňsat.

«Sadranç kitabynda», ýokarda hem belleýşimiz ýaly, esasan, iki adamyň — Adlynyň we Sulynyň atlary tutulýar. 1990-njy ýylda Moskwada çap edilen küşt ensiklopedik sözlüginde Adly barada: «Adly Rumy IX asyrda ýaşan, asly Rumdan bolan ilkinji küştçüleriň biri. Ol halypalar Wasykyň (842-847-nji milady ýyllar) we Mütewekkiliň (847-861-nji milady ýyllar) köşgünde oýnan oýunlary bilen meşhurlyk gazanýar. Ol küşt barada ylmy eser ýazypdyr, ýone ol biziň günlerimize gelip ýetmändir»[1] diýilýär. «Küşt menzilleri» atly kitapda getirilişine görä: «Soltan Abdylhamyt II kitaphanasynyň XX asyrda düzülen katalogynda Adlynyň doly ady Abulapbas Ahmet Adly görnüşinde getirilýär. Hajy Halypanyň (XVII asyr) nusgawy bibliografiýasyndaky küşt hakynda ýazylan kitaplar we ol kitaplaryň ýazarlary barada berilýän gysgaça maglumatlarda küşt baradaky traktatyň ýazary diýlip, meşhur tebip Abulapbas Ahmet ibn Muhammet Sarahsynyň ady getirilýär».[2] Eger-de getirilen iki at hem şol bir adama degişli bolsa, onda Adly Türkmenistanyň Sarahs şäherinde doglan, öz döwrüniň meşhur alymy we ady belli tebibi bolup, Sulydan ýüz ýyl öň ýaşap geçen meşhur şahsyýetdir.

Beýleki beýik küştçi Abu Bekr Muhammet ibn Ýahýa ibn Abdylla ibn Apbas ibn Muhammet ibn Sulydyr. Alymlaryň köpüsi Sulynyň türkmendigini tassyklaýar. W.N. Panow 1957-

---

[1] Шахматы. Энциклопедический словарь. – Москва, 1990, стр. 9.

[2] Ş. Myratgulyýew, A. Altyýew. Küşt menzilleri. – Aşgabat, 1988, 7 sah.

nji ýylda çap edilen «Kurs debýutow» atly kitabynda: «Araplaryň arasynda Adly (IX asyr), Mawerdi (XI asyr) ýaly ençeme küştçüler ýetişipdir. Bu döwürde dünýäniň ilkinji çempiony hasaplanylan iňňän meşhur küştçi türkmen Abu Bekr Suly Sadranjy bolupdyr, ol küşt hakynda arap dilinde ýazylan iki sany kitabyň ýazary bolmak bilen, küşt barada öňden bar bolan işleri toplap, düzedişler girizip, küşt meseleleri boýunça köp sanly derňewlerini geçiripdir» diýip ýazýar.[1] Grossmeýstr Ý.A. Awerbah Sula: «Suly ensiklopedik pähimli, ylymly, köp ugurdan bilimli şahsyýet bolupdyr»[2] diýip baha beripdir. Türkmen alymy A. Bekmyradow «Sadrançnama» atly eserinde Suly hakynda: «Mertebesi müň ýylyň synagyndan geçen Sulynyň ady, geçen asyryň (XIX asyr — H. A., Ş. B.) ortalaryndan başlap, Ýewropa ýurtlarynda mälim bolup ugrapdyr. Ony ilkibaşda ylym dünýäsine meşhur eden zat Apbasylar döwrüniň syýasy we edebi durmuşynyň özboluşly sene ýazgysy hasap edilýän eseri boldy» diýip belleýär[3].

«Abul-Alýa al-Maarri» atly kitapda Sulynyň belli filologdygy, bu ugurdan köp sanly ylmy işleri hem-de Abul-Alýanyň söýgüli şahyry Abu Tammamyň terjimehalyny ýazandygy beýan edilýär. Şol kitapda Sulynyň ady birnäçe ýerde agzalyp, onuň «Ajaýyp wakalar» atly kitabyň ýazarydygy hem ýatlanylyp geçilýär.[4]

Suly Apbasylaryň nesil taryhyny ýazan taryhçy alym, şahyr, arap şygrýetiniň taryhyna degişli birnäçe ylmy işleri ýazan edebiýatçy alym hökmünde hem meşhurdyr. Sulynyň ylmy işlerinden biziň döwrümize gelip ýetenleri Gündogaryň we Günbataryň kitaphanalarynda saklanylýar.

---

[1] Панов В.Н. Курс дебютов. – Москва, 1957, стр. 54.
[2] Шахматы – 64. – Москва, 1986, №3, стр. 66.
[3] A. Bekmyradow. Sadrançnama. – Aşgabat, 1983, 27 sah.
[4] Абуль-Аля ал-Маарри. Избранное. – Москва, 1990, стр. 416.

Abulferej Aly Yspyhanynyň ýigrimi bir jiltden ybarat «Aýdym hakda kitap» atly eseriniň IX jildinde (Kair, 1904) Sulynyň aslynyň türkmendigi görkezilýär.[1] Sulynyň ata-babalary Hazar deňziniň günorta-gündogarynda, Etrek derýasynyň kenarynda ýerleşen Sul diýen ýerde ýaşapdyrlar. Onuň atasynyň ady Sul Tegin, käbir çeşmelere görä Sul handyr.

Alymlar Sulynyň özi barada aýdanlaryndan netije çykaryp, onuň takmynan, 873-874-nji milady ýylynda doglandygy hakyndaky pikire gelýärler.[2] Suly halypalar Muktafynyň (902-908-nji milady ýyllar), Muktadyryň (908-932-nji milady ýyllar), Kahyryň (932-934-nji milady ýyllar), Razynyň (934-940-njy milady ýyllar), Muttakynyň (940-944-nji milady ýyllar) we Muktakfynyň (944-946-njy milady ýyllar) döwürlerinde köşkde uly abraýdan peýdalanypdyr.

Türkmenleriň arasynda irki döwürlerden bäri kimdir biri küşti gowy oýnasa, oňa: «Edil Suly ýaly oýnaýar» diýilýär. Suly, hakykatdan hem, küştüň beýik ussady. Ol özünden öň ýaşap geçen Adlynyň oýunlaryny derňände, oňa tankydy göz bilen garaýar, käbir oýun düzgünleriniň derňewine düzediş girizýär, täzeçe çözýär, köne çözüwleri kämilleşdirýär. Suly dünýäde ilkinji bolup, küşt oýnuny ylmy nukdaýnazardan öwrenmäge çemeleşen küştçüdir.

Suly Basrada hijri ýyl hasaby boýunça 335-nji (946-947-nji milady ýyllar) ýylda aradan çykypdyr.

Kitapda Lajlaj diýen at gabat gelýär. Abulferej Muzaffar ibn Seýit Lajlaj ilki Bagdatda, soň Şirazda Buweýhler nebere-siniň hökümdary Adudeddöwläniň (949-983-nji hijri ýyllar) köşgünde ýaşaýar. Golýazmadaky nesihatlar Lajlajyň göni Sulynyň dilinden eşiden nesihatlarydyr. Lajlaj küşte degişli başga-da birnäçe kitabyň ýazarydyr. Abulferej Lajlaj öz döwrüniň

---

[1] A. Bekmyradow. Sadranҫnama. – Aşgabat, 1983, 28 sah.
[2] Шахматы. Энциклопедический словарь. – Москва, 1990, стр. 390.

uly küştçüsi we Sulynyň şägirdi bolupdyr. Alymlaryň aýtmagyna görä, ol Eýranda doglupdyr. Lajlaj Bagdatda, Şirazda ýaşapdyr we 970-nji miladi ýylynda wepat bolupdyr.

Kitapda küştçi Razynyň hem ady gabat gelýär. Razy Reý şäherinden bolup, IX asyrda ýaşan meşhur küştçüdir. Ol Mütewekkil halypanyň (847-861-nji milady ýyllar) köşgünde Adly bilen küşt oýnap, ony utýar. Onuň küşt barada ylmy eseri bolupdyr, ýöne onuň eseri hakynda anyk maglumata gabat gelmedik.

Kitapda Aby Nagym Hadymyň ady hem köp gabat gelýär. Ol IX asyryň meşhur küştçüsidir. Merkezi Aziýada ýaşap geçen bu küştçi ýitip giden küşt hakdaky kitabyň ýazarydyr.

«Sadranç kitaby» hakynda jemläp aýdanymyzda, ol gadymda oýnalan küştüň okuw kitabydyr, ýagny küşt oýnuny öwrenmek maksady bilen ýazylandyr. Kitapda berlen küşt düzgünleri sadranjy gowy öwrenmäge we ony ussatlyk bilen oýnamaga ýardam edýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilen bu kitabyň halkymyzy küştüň taryhy, nazaryýeti barada täsin maglumatlar bilen tanyşdyrmakda uly ähmiýetiniň boljakdygyna ynanýarys.

**Hydyrguly Ataýew**
***fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty,***
***Türkmenistanyň ussat mugallymy***

**Şaman Baýrammyradow**
***Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky***
***Türkmenistanyň, Merkezi Aziýa we Gündogar halklarynyň***
***medeni mirasy Döwlet institutynyň ylmy işgäri***

**MAZMUNY**

# Sadranç kitaby

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory S. Abaýew**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 21.04.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 13,0.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21531

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.